TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

DANALARYŇ DAÝANJY

REŞIDEDDIN WATWAT

ARAP DILINDEN TERJIME EDEN WE ÇAPA TAÝÝARLAN KAKAJAN JANBEKOW

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

Reşideddin Watwat

DANALARYŇ DAÝANJY

Arap dilinden terjime eden we çapa taýýarlan
Kakajan Janbekow

AŞGABAT «Ylym» 2013

UOK

R

Reşideddin Watwat

R Danalaryň daýanjy. – A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013 – s.

REDAKTOR

XI-XII asyrlarda Köneürgenç türkmenleriniň hökümdarlary Atsyza, Il Arslana we Soltanşa Mahmyda wepaly hyzmat eden meşhur kätip, beýik söz ussady, zehinli şahyr Reşideddin Watwat türkmen halkynyň medeni mirasyna uly goşant goşan adamlaryň biridir. Onuň golýazma eserleri dünýäniň meşhur kitaphanalarynda saklanyp, görnükli orun eýeleýär.

Reşideddin Watwatyň bu eseri iki bölümden durup, birinji bölümi Köneürgenç türkmenleriniň hökümdarynyň resminamalaryndan we şahyryň şahsy hatlaryndan we ikinji bölümi bolsa dört çaryýarlaryň öwüt-ündewlerinden ybaratdyr.

Eser ilkinji gezek arap dilinden terjime edilip neşir edilýär we giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № KBK Tür

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013 ý.

Reşideddin Watwat, Danalaryň daýanjy.

Janbekow K., arap dilinden terjime, çapa taýýarlama, 2013 ý.

BEÝIK ALLANYŇ ADY BILEN !

Çäksiz nygmat eçilen, ynsany ýagşy kysmatly edip ýaradan Beýik Alla öwgüler, Onuň päk akylly, musulman ymmatly pygamberi Muhammede, onuň maşgalasyna we egindeşlerine asmandaky ýyldyzlaryň sanyna barabar salawatlar bolsun!

Şu setirleri ýazan Magryp we Maşryk aralygynda çäksiz meşhurlyk gazanan kätip Muhammet ibn Muhammet Reşideddindir. Goý, Beýik Alla oňa dini we dünýewi işlerinde ýardam bersin. Goý, ol Horezmiň hökümdary, älem patyşasy, diniň we dünýäniň buýsanjy, ynsanyň we musulmanlaryň howandary, hökümdarlaryň we soltanlaryň ýakyn ýardamçysy, milletiň synmaz sütüni, ymmatyň parlak ýyldyzy, halkyň başynyň täji, Maşrykdyr Magrybyň, Eýrandyr Turanyň hökümdary Abu Muzapbar Tekeş ibn Mälik Agzam Il Arslana ýakyndan ýardam berip, sadyk gul bolup hyzmat etsin!

Musulman ymmatynyň gorag galkany, abraýy dünýä meşhur bolan bu asylzadarlaryň işleri rowaç, abraýlary zyýada, ömür tanapy uzyn bolup, olaryň gollarynda diňe ýeňiş baýdagy parlasyn!

Men [Reşideddin Watwat] bu ýagşyzada ynsan üçin näçe kitap ýazyp, oňa näçe hyzmat etsem-de, bu ynsanyň raýatlaryna edýän ýekeje haýyr-yhsan işiniň ýarysyna-da deň bolmaz. Goý, bu ýagşyzada ynsanyň höküm sürjek mütdeti uzak, işi rowaç bolup, Beýik Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn!

Men bu «Danalaryň daýanjy» atly kitabymy iki bölüme böldüm. Onuň birinji bölümi arap dilinde ýazylan hatlar bolsa, onuň ikinji bölümi mukaddes topragy gorap, bu diýaryň gülläp ösmegi üçin tagalla baryny eden ýagşyzada ynsanlara bagyşlanyp ýazylan arap dilindäki kasydalardan ybaratdyr.

BIRINJI BÖLÜM

BIRINJI HAT[1]

Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň ýerdäki emini, gijedir gündiz Allany ýatlaýan, onuň iň soňky pygamberi, Allanyň iň gowy görýän päk ýürekli, sap göwünli, päkize ahlakly ynsany Muhammet alaýhyssalama, onuň asly nurdan bolan maşgalasyna, wepaly egindeşlerine salawatlar aýdýan halypa Muktafy Liemrillä Horezm diýaryndan Allanyň ýagşyzada bendesiniň dogaýy salamyny ýollaýarys.

Musulman ymmatynyň adyllyk çeşmesi, möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň iň ýakyn ynsanlarynyň biri, abraý-derejäniň käni, beýikligiň we keremliligiň gönezligi, diniň daýanjy, ymmatyň guwanjy, raýatlarynyň howandary, şerigatyň söýegi, adyllyk ojagy, ylmyň gözbaşy, adamkärçilik we ynsanperwerligiň çeşmesi bolan Muktafy Liemrilläniň Allanyň ýaradan asylzadalarynyň biridigine öň hem göz ýetiripdik. Bu ynsan raýatlaryny daşyna jemläp, olara dini işlerinde sogap we dünýewi işlerinde raýatlara bähbit getirjek ýollary salgy berdi. Allanyň buýran işlerini eda kylyp, gadagan eden işlerinden daşda durmagy emr etdi.

Allanyň ýagşyzada bendesi[2] hem bu dünýäsiniň we ahyretiniň aladasyny edip, aranyň daşlygyna seretmezden, mukaddes we keremli ýerleriň (goý, Alla ol ýerleri has-da mukaddes we keremli etsin we penasynda aman saklasyn!) alymlarydyr raýatlaryna ýakyndan ýardam berdi. Goý, Allatagala onuň gadamyny berk, pikirini aýdyň, niýetini päk, abraý-derejesini zyýada etsin! Mukaddes we keremli topraga

[1] Gündogarly kätipler hat ýazanda kabul edilen galyby we stili saklaýarlar. Reşideddin Watwatyň hatlary hem stil we galyp taýdan biri-birine meňzeş ýalydyr, emma many taýdan tapawutlydyr.

[2] Golýazmanyň ähli ýerinde Allanyň ýagşyzada bendesi diýlende Horezmşa göz öňünde tutulýar.

hyzmat edýäni üçin raýatlarynyň söýgüsine we hormatyna mynasyp bolup, onuň eden ýagşy we haýyr-yhsan işleri geljekki nesillere ýadygär galsyn!

Onuň abraý-derejesi başy asmana ýetip duran minara kimin, halkyna, raýatlaryna edýän wagyz-nesihaty enäniň balasyna aýdýan hüwdüsi kimin özüne maýyl edýändir. Ýurduna howp abananda dili we eli bilen, duşman ýüregine bet niýet düwüp, ýurduň çägine golaý gelende bolsa, gylyçdyr naýzasy bilen edermen esgerlerine serkerdelik edip, ilkinjileriň hatarynda döş gerip, söweş meýdanyna çykdy. Yslam döwletleriniň ahyrky çäginde ýerleşýän, onuň esasy we synmaz galalarynyň biri, şerigatyň we ylmyň merkezi bolan Horezm diýarynyň hökümdary hem her ýyl asylzada ogullaryny, edermen doganlaryny, wepaly egindeşlerini we gaýduwsyz, batyr esgerlerini alyp, möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň ýanyna ýardama gelmäge hyýallanýardy. Emma Allanyň ýagşyzada bendesiniň ýurdunyň araçäginde çirkdir şeriň mesgeni, şeýtanyň ýaranlary, türkleriň[3] watany ýerleşýär. Allanyň ýagşyzada bendesi olaryň ýurduna çozup, erkek göbeklisini gul, aýaldyr gyzlaryny gyrnak edip, edermen esgerlerini ýesir alyp, öýleridir kerwenlerini talap, öz ýurdunyň raýatlaryny we külli musulman ymmatyny olaryň şerdir alyndan goraýar. Eger araçäkde şeýle ýagdaýlar bolmadyk bolsa, onda Allanyň ýagşyzada bendesi ganat baglap, mukaddes we keremli topraga möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň gaşyna uçup barardy we oňa özüniň tabynlygyny bildirip, sadyk gul kimin hyzmat ederdi. Allanyň ýagşyzada bendesi, möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň iň soňky pygamberi Muhammet alaýhyssalamyň yztutary Muktafy Liemrilläden onuň ýanyna baryp bilmeýändigi üçin päk ýürekden ötünç soraýar. Goý, Allatagala bu ynsanyň abraý-derejesini zyýada, şan-şöhratyny belent we geçirimliligini çäksiz etsin! Elbetde, beýik ynsanlaryň beýikliginiň, abraý-derejesiniň, şan-şöhratynyň, ynsanperwerliginiň, geçirimliliginiň we rehimdarlygynyň çägi ýokdur. Bu ynsan raýatlarynyň daýanjy, olaryň umytlaryny hasyl edip, Muhammet alaýhyssalamyň, onuň maşgalasynyň eden haýyr-yhsan, sogap işlerini dowam edijidir. Allatagala beýle ynsanyň sarpasyny belent edip, oňa rehimdarlyk lybasyny we

[3] Golýazmanyň ähli ýerinde türk diýilende garahytaýlylar göz öňünde tutulýar.

ynsanperwerlik donuny geýdirendir. Goý, bu ynsan ata-babalarynyň düýbüni tutan synmaz döwleti bolan apbaslylar döwletiniň abraýyny, şöhratyny we derejesini has-da zyýada etsin. Allatagala bu döwletiň binýadyny gurup, onuň sütünlerini berk edip ýaradandyr. Bu döwletde höküm sürenler raýatlaryny bagtyýar durmuşda ýaşadyp, olaryň şatlygynda şatlanyp, gamly halatynda dertlerini deň paýlaşdylar. Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy hem ata-babalarynyň ýöreden ýoluny we galdyran adatyny dowam etdirdi. Ol ýurduň çägini giňeldip, dinsizlere yslam dinini kabul etdirip, yslam tuguny belentde parlatdy.

Häzir yslam ýurtlarynyň köpüsinde pitne ody tutaşyp, agzalalyk tupany möwç urýan wagty diňe şeýle ynsanyň güýçli goly ýurdy agzybir saklap biler. Eýrany özüne boýun egdiren Horasan döwleti Turana degişli bolan Mawerannahra ýöriş edip, ol ýeri hem gylyç bilen özüne boýun etdi. Olar bu ýerdäki namaz okap, sežde edip, ybadat bilen meşgul bolýan keremli, abraýly we ylymly ynsanlara azap berip, bigünä adamlaryň ganyny döküp, öýlerini taladylar. Adamlaryň arasyndan bereket göterilip, agzalalyk ornaşyp, şer işler rowaç aldy. Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Muktafy Liemrilläniň ara goşulmagy bu ýurda bereket inderip, agzybirligi gaýtaryp getirip biler. Ot tutaşyp köz bolmazdan öň öçürilse ýagşydyr. Pitne ody Yraga ýakyn bolmasa-da, ähli yslam ýurtlaryna ýaýramak howpy bar. Emma pygamber nesli, asly ýagşyzada ynsan bolan Muktafy Liemrilläniň danalyga ýugrulan pähimi ähli yslam ýurtlaryny we ähli musulmanlary daşyna jemläp, olara sözüni diňletmegi başarar. Ähli milletleriň şalarynyň şasy, külli möminleriň hökümdarlarynyň hökümdary, soltanlaryň soltany, diniň howandary, dünýädäki musulmanlaryň ýardamçysy we penakäri Abu Şujag Muhammet ibn Mahmyt ibn Muhammet Mälikşa hem bu ynsanyň sözüne gulak goýdy. Goý, bu ynsanyň ömri uzak, abraý-derejesi belent bolup, ähli işleri rowaç alsyn. Goý, Beýik Alla oňa hemişe-de häzirkisi ýaly sagdyn garaýyş, ylahy düşünje, pähim-paýhas, ylym zynatyny, beýikligiň kämilligini berip, raýatlarynyň müşgülligini görmäge görgür göz, olaryň mynajatlaryny eşitmäge eşitgir gulak bersin. Goý, onuň şan-şöhraty has-da zyýada, gadamy kuwwatly bolup, ähli apatlardan, bela-beterlerden ony Beýik Allanyň özi gorasyn.

Agzybirlik, bir adamyň daşyna jemlenmek, zulum-sütemi ýok etmek, musulman ymmatynyň ählisiniň kynçylygyny görmek we ýardam bermek ýeňil we aňsat iş däldir. Bu diňe musulmanlaryň ymamy, möminleriň emiri, Allanyň ýerdäki emini Muhammet alaýhyssalamyň yztutary Muktafy Liemrillä ýaly asly ýagşyzada ynsana başardar. Goý, Allatagala onuň hökmürowanlyk mütdetini has uzak, abraý-derejesini has-da zyýada etsin.

Günleriň birinde Allanyň ýagşyzada bendesine musulmanlaryň ymamy, möminleriň emiri Muktafy Liemrilläden habar gelip gowuşdy. Bu hat entek alynmasa-da, onuň daşyndaky ysyndan, hatyň görnüşinden ýagşy habaryň ýokdugy mese-mälimdi. Allanyň ýagşyzada bendesi bu bolup geçýän zatlaryň sebäbini bilmän haýran boldy. Allanyň ýagşyzada bendesini bu ahwalaty kimiň gurnandygy oýlandyrdy. Beýik Soltanyň[4] (goý, Alla onuň abraýyny belent edip, onuň ýeňişleri hakyndaky rowaýatlary müdimi etsin!) bu işi gurnamagy mümkin däldi. Sebäbi Allanyň ýagşyzada bendesi onuň tagatynda bolup, oňa päk ýürekden hyzmat etdi. Ol özüniň keremli asly bolan ata-babalarynyň (goý, Alla olara rehmet edip, jennetiň sapaly ýerinden jaý bersin!) haýyr işlerini dowam etdirdi. Onuň ata-babalary hem mukaddes ýerlere haýyr-yhsan edip, ol ýerlere hormat goýardylar we ylym ojaklaryna ýakyndan ýardam bererdiler. Eger bu ahwaly möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň ýakyn egindeşleri gurnan bolsa, onda olar ilki bilen möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň duşmanydyr, mukaddes ýerlere haýyr-yhsan edilmegini islemeýän ynsanlardyr. Emma möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy akyl-paýhasly, aň-düşünjeli, dana ynsan bolandygy üçin ol kezzaplaryň ýalan töhmetine gulak goýmazdan öň ähli zatlary ölçerip-döker. Goý, Allanyň ýerdäki emini, Muhammet alaýhyssalamyň yztutarynyň abraý-derejesi belent, işi rowaç bolup, onuň ata-babalarynyň (goý, Alla olara rehmet etsin!) guran synmaz döwletiniň ömri uzak, sütüni berk bolsun!

Beýik Soltan (goý, Alla oňa ýardam bersin) hem golunda baryny aýaman, mukaddes ýerlerdäki ylym ojaklaryna hemaýat berip, ol ýerleri pasykdyr haramylardan gorady. Emma häzirki wagtda, esasan hem pitneleriň güýjäp, ýurda

[4] Golýazmada soltan diýlende Horasanda höküm süren seljuk soltanlary göz öňünde tutulýar.

agzalalyk aralaşan wagtynda külli musulmanlar Beýik Soltandan pitne oduny öçürip, mätäçlere ýardam berip, ylym eýelerini pasyklardyr kapyrlardan goramagyna garaşýardylar. Goý, Beýik Soltanyň ömri uzak, işi rowaç bolup, Beýik Alla ony görüner-görünmez beladan, duşmanlaryň alyndan gorap saklasyn. Goý, onuň abraýly ýeňişleri asyrlardan asyra geçip, külli musulmanlaryň kalbynda ýaşasyn! Goý, ol külli musulmanyň umydyny wysal ediji çeşme bolup hyzmat etsin!

Ähli döwlet işine ýetişip, şerigatyň kanunlarynyň ýurtda ornaşdyrylyşyna seretmäge Beýik Soltanyň wagty ýokdy. Şonuň üçin hem musulmanlar möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň ýerdäki emini Muktafy Liemrilläniň ýardamyna mätäçdirler. Goý, onuň ömri uzak, abraýy zyýada, derejesi belent bolup, şan-şöhraty Maşrykdan Magryp aralygyna ýaýrasyn! Bu ynsan edil öňküleri ýaly adamlara haýyr-yhsan edip, Allanyň razylygyny gazansyn. Allanyň ýagşyzada bendesi hem onuň görgür gözi, eşitgir gulagy bolup, oňa päk ýürek, ýagşy niýet bilen hyzmat etsin. Goý, Allanyň ýagşyzada bendesi möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Muktafy Liemrilläniň nesihatlaryna gulak goýup, onuň wagyzlaryny raýatlaryna ündesin. Goý, Alla onuň ömrüni uzak, işini rowaç edip, abraý-derejesini zyýada etsin! Goý, Allanyň ýagşyzada bendesi onuň abraýyna abraý goşsun!

IKINJI HAT

Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň iň soňky resuly Muhammet alaýhyssalamyň yztutary, Allanyň ýerdäki emini Muktafy Liemrillä biziň dogaýy salamymyz bolsun! Ol gije-gündiz «Alladan başga Hudaý ýokdur, ähli janly jandaryň rysgalyny berýän Alladyr we päk niýetli, Allanyň iň eý gören ynsany Muhammet Onuň resuly we pygamberidir. Goý, Muhammede we onuň akylly nesline, ýagşyzada egindeşlerine salawatlar bolsun!» diýip, Beýik Alla şükür we sena aýdýar.

Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Beýik Allatagala ynanýan, yslam dininiň kada-kanunyny bilýän, mukaddes Gurhany okaýan adamdyr. Onuň ata-

babasynyň Allatagalanyň ýerdäki eminleri we onuň parzdyr sünnetini ornaşdyryjy, dogry ýoly görkeziji ynsanlar bolandyklaryna göz ýetirmek kyn däldir. Olar öz raýatlaryna dogry ýol görkezip, haýyr-yhsan edip, raýatlarynyň hormatyna mynasyp boldular we at-abraý gazandylar. Olar haýyr-yhsan, sogap işleri bilen meşgul bolup, Hakyň we halkyň razylygyna mynasyp boldular. Olaryň din üçin eden ýagşy işleri sanardan kändir. Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy hem şol asylly adamlaryň neslindendir.

Allanyň ýagşyzada bendesi hem ata-babalary kimin ýagşyzada ynsandyr. Ilki süýji miwe beren daragt soň hem süýji miwe berer. Çeşmäniň suwy gözbaşynda süýji bolsa, aýagynda hem süýjüdir. Ýagşy işler edip, adamlaryň hormatyna mynasyp bolan adamyň nesli hem ýagşy işleri edýändir. Goý, Allatagala onuň ýaşyny uzak, işini rowaç etsin we ony penasynda aman saklasyn! Onuň höküm sürýän döwründe Horezm diýary gülläp ösdi, ylym ojaklary bina edildi. Onuň höküm sürýän döwleti adyllyk ojagyna öwrüldi, beýik, kaşaň binalar guruldy. Bu ýerde ýaşaýan raýatlaryň şatlygynyň we bagtynyň çägi ýokdy. Sebäbi Allanyň ýagşyzada bendesi doglan gününden bäri haýyr bilen şeriň, nep bilen zyýanyň, şatlyk bilen gaýgynyň nämedigini ýagşy bilýärdi we şonuň üçin ýagşy işler edip, olaryň (raýatlaryň) müdimilik söýgüsini we hormatyny gazanmaga çalyşýardy. Ol adalat, haýyr-yhsan oduny ýakyp, bu oduň her bir közüni goraýardy. Onuň otursa-tursa gije-gündiz bar pikiri halkyň hal-ýagdaýy hakyndady. Horezm Allanyň penasyndaky baý diýardy. Kapyrlaryň esasy göz dikýän ýerleriniň biri Horezmdi. Bu ýere goşun çekip gelen esger gula öwrülýärdi. Bu ýeriň tebigaty hem duşmana garşy göreşýärdi. Gyşda çozuş eden duşman sowukdan, tomusda çozuş eden duşman yssydan heläk bolýardy. Galanlary bolsa Allanyň ýagşyzada bendesiniň ýa-da onuň edermen esgerleriniň gylyçdyr naýzasyndan heläk bolýardylar. Allatagala özüniň ýagşy görýän bendesini hiç haçan kynçylykda goýmaýar, ol ony hemişe penasynda gorap saklaýar. Goý, Allatagala onuň emrini, at-abraýyny ýokary etsin! Onuň at-abraýy diýarynyň daşyna, Maşrykdan Magryba çenli ýaýrasyn. Ähli işleri rowaç alyp, raýatlarynyň uly hormatyna we söýgüsine mynasyp bolsun!

Ynsan näçe güýçli bolsa-da, kyn güne düşmegi mümkin. Şeýle ýagdaýda ol ýagşy pikirdeş dosta, penakäre mätäçdir. Allanyň ýagşyzada bendesi hem möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň ýerdäki emini, Muhammet alaýhyssalamyň yztutaryna şeýle-de Muhammet alaýhyssalamyň mübärek gadamy düşen ýerler bolan mukaddes ýerlere hormatynyň çägi ýokdur. Mukaddes ýerleriň her bir çägesi, her bir daragtynyň ýaprajygy Muhammet alaýhyssalamy we onuň keramatyny ýatladyp dur. Allanyň ýagşyzada bendesiniň baş egmegi onuň tabyn bolmagy däl-de, mukaddes ýerlere we Muhammet alaýhyssalamyň asylly nesline goýýan çäksiz hormatydyr. Goý, Allatagala bu mukaddes ýerleri öz penasynda aman saklasyn. Goý, Muhammet alaýhyssalamyň aýak basan ýerleri külli musulmanyň mukaddes ýeri we zyýaratgähi bolsun! Goý, bu ýere gelip zyýarat edenler dogry ýoldan azaşmasyn.

Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Allanyň ýagşyzada bendesiniň beýle umumy sözlerini geçirsin. Sebäbi onuň tapawutly häsiýetleriniň biri geçirimlilik we ynsanperwerlikdir. Allanyň ýagşyzada bendesi mukaddes ýerlere we Allanyň söýgüli pygamberi Muhammediň yztutarlaryna hormat goýup, olara päk ýürek bilen sadyk gul kimin hyzmat etmäge taýýardyr. Ol möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň abraýyny Maşrykdan Magryp aralygynda ýaýyp, zyýada eder. Onuň emrleri Allanyň ýagşyzada bendesi üçin Muhammet alaýhyssalamyň sünnetini berjaý eden ýalydyr. Allanyň ýagşyzada bendesiniň möminleriň emirine, musulmanlaryň ymamyna hormatynyň we wepalylygynyň çägi ýokdur. Goý, möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamynyň abraýy belent, şan-şöhraty zyýada bolup, Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn!

ÜÇÜNJI HAT

Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allatagalanyň pygamberiniň yztutary halypa Muktafy Liemrillä biziň dogaýy salamymyz bolsun!

Ýaşy uludygyna ýa-da kiçidigine garamazdan, ähli adamlar, Muhammet alaýhyssalamyň aýak basan mukaddes ýerleri we beýleki musulman döwletleri

Allanyň ýagşyzada bendesiniň goragy astynda özlerini arkaýyn duýup bilerler. Bu ýerler sag-salamatlygyň, abadanlygyň, ýagşy arzuw-hyýallaryň we haýyr-yhsan işleriň mekanydyr. Allanyň ýagşyzada bendesiniň döwleti bilen araçäkleşýän niýeti ýagşy goňşy döwletler özlerini arkaýyn duýýardylar. Goý, onuň dini we dünýewi işleri rowaç alsyn! Onuň bu dünýäsi we ahyreti abat bolsun! Onuň Horezmiň we yslam döwletleriniň araçäklerini duşmandan goramakdaky işleri rowaç alsyn! Allatagala oňa diniň duşmanlaryny we şeýtanyň ýaranlaryny gyrmakda ýardam bersin! Boýunegmezek, zalym türkleri özüne boýun etsin. Goý, olaryň goşuny derbi-dagyn edilip, tagtlary başyna ýumrulsyn! Goý, olaryň şer işlerinden Allatagalanyň özi gorasyn! Goý, olaryň özleri möminleriň emiriniň ýanyna baş egip, tagatyna girmäge gelsinler. Möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň geçirimliliginiň çägi ýokdur. Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak edip, ýaman gözden we dilden aman saklasyn! Onuň ulamalara berýän kömegi we bina edýän kaşaň ylym ojaklarynyň ymaratlary üçin Allatagala oňa ýardam etsin! Onuň dindarlygyny we takwalygyny Muhammet alaýhyssalamyň döwrüniň iň dindar sahabalarynyňky bilen deňemek bolar. Onuň öwrenýän we peýdalanýan ylymlarynyň sany-sajagy ýokdur. Allanyň ýagşyzada bendesine yslam döwletiniň iň uly bölegi we ylym ojagy bolan Horezmi goramaga ýardam bersin! Bu ýer şerigatyň we ylmyň zynatly köşgüdir. Onuň özi, doganlary we ogullary her ýyl diniň duşmanlary, şeýtanyň ýaranlary bolan türk diýaryndaky, çirk ojagyndaky ýaşaýjylaryň üstüne çozuş edip, olaryň edermen batyr ýigitlerini, ogullaryny gul, aýal-gyzlaryny gyrnak edip alyp gaýdýarlar. Ol şeýdip, musulman ýurtlaryny olaryň şer işlerinden goraýar. Möminleriň mesgenini kapyrlaryň aralaşmagyndan aman saklaýar. Goý, Allatagala onuň edýän işlerine sogap ýazsyn, onuň geçirimliligine geçirimlilik goşsun! Goý, onuň başy dik, jany sag, at-abraýy zyýada, derejesi beýik bolup, päk kalbyndaky ýagşy niýetine ýetsin! Muhammet alaýhyssalamyň iň ýakyn egindeşleriniň hatarynda bolsun!

Ynha, şu gürrüňleriň arasynda Allanyň bu guly öň bolan ýagşy rowaýaty ýatlamakçy bolýar. Allanyň ýagşyzada bendesiniň ata-babasynyň (goý, Allatagala olara geçirimlilik donuny geýdirip, razylyk suwundan gandyrsyn!) synmaz

Apbaslylar döwletini gurmakda eden işleriniň örän köpdügi we uludygy hemme ylym eýelerine mälimdir. Goý, Allatagala olaryň neslini aman saklasyn, döwletiniň sütünini berk etsin! Olar uzak ýyllar ömür sürseler-de, olaryň ömrüniň ýekeje pursaty-da boş geçmedi. Allanyň ýagşyzada bendesi hem olaryň ýörelgeleri bilen gitdi we olaryň eden haýyr-sogap işlerini dowam etdirdi.

Onuň döwletiň çägini giňeltmäge we yslam tuguny belende galdyrmaga berlen wagty çäklidi. Ol şu çäkli wagtyň içinde Horasany, Eýrany, boýunegmezek Mawerannahry boýun egdirmegi başardy. Ol ýerlerde sejde edýänlere we ylym öwredýänlere ezýet berlip, nähak gan dökülýärdi. Ol bu ýerlerde zulum oduny öçürip, haýyr-sogap çyrasyny ýakdy. Ol bu ýeriň adamlaryny zulmat tününden ýagtylyga çykardy. Olary kyýamat azabyndan halas eýledi. Allanyň ýagşyzada bendesiniň ýeňşi ähli musulman ymmatynyň ýeňşidir, Sebäbi ol Allanyň iň ýagşy gören pygamberi Muhammet alaýhyssalamyň işini dowam etdiripdi. Onuň tugunyň astynda ähli musulman döwletleri jemlenipdi. Ol — şalaryň şasy, soltanlaryň soltanydyr. Onuň päk ýürekliligi, ynsanperwerligi, erjelligi, adyllygy raýatlaryny oňa sadyk gul kimin boýun edýärdi. Beýik soltanlaryň biri edermen Muhammet ibn Mahmyt ibn Muhammet ibn Mälik şa oňa wepaly bolmaklyga kasam etdi. Goý, onuň işi rowaç alsyn we Allatagala ony öz penasynda saklasyn! Ol soltanlaryň arasynda döwrüniň iň edermeni we adyl soltanydyr. Allanyň ýagşyzada bendesiniň akgöwünliligi, adyllygy, sabyrlylygy we hak ýoly tutanlygy sebäpli oňa garşy çykýan zalymlary ýok etmek üçin onuň töweregine adamlar jem bolýardylar. Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, älem-jahany bina eden Allatagalanyň iň soňky pygamberi Muhammet alaýhyssalamyň yztutary Muktafy Liemrilläniň ömri uzak, işleri rowaç bolsun! Goý, Allatagala onuň abraýyna egsilmez abraý goşup, ony penasynda aman saklasyn! Goý, Allatagala ony we onuň ýaranlaryny, raýatlaryny dogry ýoldan azdyrmasyn we ähli bela-beterlerden, howp-hatarlardan aman saklasyn!

Allatagala özüniň ýagşy gören bendesine döwletiniň araçägini giňeltmäge ýardam berdi, oňa duşmanlaryndan üstün çykmaga ýeňşi bagyş etdi. Goý, onuň ömri uzak, derejesi beýik bolsun! Allanyň iň soňky pygamberi Muhammediň aýak

basan mukaddes, keramatly ýerlerine hökümdar bolmak Allatagalanyň bendesine beren uly nygmatydyr. Onuň bu döwlete hyzmat etmegi uly dereje we at-abraýdyr. Onuň ata-babasy hem bu döwleti döretmek, gülläp ösdürmek üçin şirin janyny aýaman söweşdiler we uly işleri alyp bardylar. Goý, Allatagala olaryň sogap işleri üçin rehmet etsin, olaryň dolanyp barjak ýerleri jennet bolsun! Allanyň ýagşyzada bendesi pygamberimiz Muhammet alaýhyssalamyň ýaşan ýerlerini abadan, parahat mekana öwürdi. Goý, Allatagala onuň derejesini beýik etsin! Goý, Allatagala bu döwleti bela-beterlerden, bahyl duşmanyň alyndan gorasyn! Goý, bu döwletiň serhedi mundan beýläk hem giňelsin! Goý, Allatagala Soltanyň ogly Soltana mundan beýläk hem uly ýeňişleri bagyş etsin! Şu wagt mukaddes, keramatly ýerleriň serhedini giňeltmegiň wagty gelip ýetdi. Raýatlar Beýik Soltanyna ynanyp, ondan uly ýeňişlere garaşýardylar. Sebäbi Allatagala oňa duşmanyny ýeňmäge ýardam berip, ony duşman howpundan aman saklaýardy. Onuň ähli işlerinde üstünlik berip, ýüregine düwen ýagşy niýetine ýetirýärdi. Onuň raýatlaryna köp rysgal-döwlet bagyş etdi. Döwletiň köp ýerlerinde pitne ody tutaşanda, ol ody söndürmäge ýardam berdi. Pitneçileriň, pasyklaryň elinden ýagşyzadalary we ylym eýelerini halas etdi. Olaryň bet pygyllarynyň amala aşmagyna ýol bermän, olary derbi-dagyn etdi.

Häzir hem ol jennetiň ak guşy kimin günäsiz bolsa-da, Allatagalanyň parzy bolan hajy ýerine ýetirmäge Mekgä we ol ýerden hem Medinä gidip barýar. Onuň pygamberiň geçen ýerlerinde guran ylym ojaklary aýdymlarda wasp edilmäge mynasypdyr. Onuň din üçin eden bu hyzmatlaryny Allatagala kabul edip, onuň iki dünýäsini hem abat etsin! Goý, beýleki hökümdarlar hem onuň ähli haýyr-yhsan, sogap işlerine öýkünsinler. Goý, Maşrykdan Magryba çenli onuň at-abraýy artsyn! Goý, Allatagala ony penasynda aman saklasyn!

DÖRDÜNJI HAT

Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Allatagalanyň ýerdäki emini Muhammet alaýhyssalamyň yztutary Mustanjyt Billä köp dogaýy salam bolsun! Ol

gije-gündiz: «Alladan başga Hudaý ýokdur, Allatagala älem-jahanyň ýaradyjysy, diniň ýardamçysy, kapyr we onuň ýaranlaryny ýumrujy, älem-jahana emr ediji, Ol ebedidir, Muhammet Onuň resulydyr» diýýär. “Goý, Muhammediň, onuň maşgalasynyň we egindeşleriniň jaýy jennet bolsun!” diýip, sena aýdýar. Goý, onuň ömri uzak bolup, ýagşy niýeti rowaç alsyn! Goý, ol adyllygyň, sahylygyň we geçirimliligiň magdany bolsun!

Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Muktafy Liemrilläniň ýaradylanlaryň arasyndan Ýaradanyň ýanyna göç etmegi ähli ýagşy-ýamany saýgarýanlary, uludyr kiçini, akyl we ylym eýelerini gynandyrdy. Allatagala ondan razy bolsun we oňa rehmet etsin! Goý, onuň jaýy ata-babalarynyň ýanynda jennetde bolsun! Goý, olaryň yslam dini, ymmaty we döwleti üçin eden haýyr-yhsan işleriniň öwezine Allatagala olary ýalkasyn, jennetiň iň sapaly ýerinden jaý bersin! Möminleriň emiri musulmanlaryň ymamy Muktafy Liemrillä ýagşy-ýamany, agy-garany, haýyrdyr şeri saýgarýardy. Onuň höküm süren döwründe döwlet gülläp ösdi, döwletiň binýady berk boldy. Döwlet adyllygyň, haýyr-yhsanyň ojagyna öwrüldi. Şerigat we döwlet kanunlary pajarlap ösdi. Medreseler we ylym ojaklary bina edildi. Ýolagçylar we kerwenler heläkçilikden aman boldular. Döwletiň serheti giňäp, goşun çekip gelen duşman ýesir alyndy.

Döwletiň iň kiçijik obalarydyr galalary hem berk goraldy. Bu gün külli musulmanyň başyndan bela indi. Maşrykdan Magryba çenli ýas eşigini geýdi. Ähli musulmanlar ýürek-bagryny paralap, gan agladylar. Adamlaryň gözýaşy sil kimin akýardy. Halypanyň wepat boldy diýen habary ýaýranda, adamlaryň gulagy gapylyp, olar şol wagt hiç zat aňşaryp bilmediler. Gündiziň güni zemine tümlük aralaşdy. Musulman ymmaty uçin asman bilen ýer çaknyşyp, ahyrzaman gopana döndi. Goý, Allatagala ondan razy bolsun we oňa rehmet etsin! Köp adamlar halypanyň wepat bolmagy bilen din we döwlet pese gaçar diýip gorkdular, howpa düşdiler. Olaryň gorkusy ýerliklidi. Emma musulmanlaryň bagtyna we duşmanyň betbagtlygyna tagta möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Mustanjyt Billä geldi. Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak, işini rowaç etsin! Goý, ol bu döwleti ömrüniň iň soňky gününe çenli dolandyrsyn! Onuň tagta gelmegi bilen adamlaryň

gaýgy-gamy şatlyga, ýasy toýa öwrüldi. Ýürekleri köşeşip, ýene-de ýaşaýyşa höwes döredi. Adamlar öňki halypanyň wepat bolanyna gynansalar-da, täze halypa örän şatlandylar. Sebäbi raýatlar möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allatagalanyň pygamberi Muhammediň yztutary Mustanjyt Billäniň öňki halypanyň haýyr işlerini dowam etdirjekdigine we döwleti abadanlaşdyryp, gülläp ösdürjekdigine ynanýardylar. Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak, mertebesini belent etsin! Goý, Allatagala ony penasynda aman saklasyn! Goý, ol uzak wagtlap tagtyň bezegi bolsun, raýatlary howp-hatardan aman saklasyn! Ähli haýyr işleriň çeşmesi bolsun! Allanyň bendelerine bolsa serhedini gorap, halypa wepaly bolmak galýar. Horezm diýary çirk mesgeni ─türk watany bilen araçäkleşýär. Allanyň bendesi sähel bir ýere sapara çyksa, olar Horezme çozup, raýatlary talaýardylar. Emma Allanyň bendesi olary derbi-dagyn edip, küpür işleriniň soňuna çykdy, mukaddes we keramatly ýerleriň serhedini gorap saklady. Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Mustanjyt Billä geçirimli we paýhaslydyr. Goý, Allatagala onuň döwlet sütünini berk, ömrüni uzak etsin! Goý, ol ömrüniň ahyrky mütdetine çenli höküm sürsün! Mustanjyt Billäniň halypa bolandygy hakyndaky habar Horezm diýaryna gelip gowşanda, Allanyň ýagşyzada bendesi ähli abraýly adamlaryny jemläp, olar bilen mejlis geçirdi. Soňra bu habara şatlanyp, üç gije-gündiz raýatlaryna saçak ýazyp, toý tutdy. Adamlar bu habara şat bolup, biri-birine buşladylar. Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak, tuguny belent etsin! Oňa öçmejek şan-şöhrat we atabraý bersin! Goý, Allatagala Maşrykdan Magryba çenli onuň emri ýörär ýaly etsin we ony penasynda aman saklasyn!

BÄŞINJI HAT

Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, älem-jahany ýaradan, ähli zatlaryň başlangyjyny goýan ýeke-täk Allanyň ýerdäki eminine dogaýy salamlar bolsun!

Daň atandan gün ýaşýança gije-gündiz: “Alladan başga Hudaý ýokdur, ähli ynsdyr jyny, ýaradan Alla öwgüler we külli adamzada dogry ýol görkezmek üçin goýberen pygamberi Muhammet alaýhyssalama, asly keremden bolan maşgala-syna, asylzada kimin egindeşlerine salawatlar bolsun!” diýip dileg-dogalar edýäris.

Mukaddes ýerleriň ýaşaýjylaryna, keremli ylym eýelerine Allanyň ýagşyzada bendesiniň bu mukaddeslige uly sarpa goýup, howandarlyk edýändigi aýandyr. Allanyň ýagşyzada bendesiniň ata-babalary (goý, Alla olara rehmet edip, jennetiň iň sapaly ýerinden jaý bersin!) dine hyzmat edip, gije-gündiz raýatlarynyň aladasyny edip, höküm sürdüler. Olar bu dünýeden ötenden soň hem olar hakynda halkyň arasynda ýagşy ýatlamalar galdy. Apbaslylar döwleti süýji miwe berýän daragt kimin ýagşy hökümdarlar berdi. Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy hem ata-babalarynyň ýagşy ýoluny dowam etdirip, raýatlarynyň halyndan habar alyp, gije-gündiz olaryň röwşen geljeginiň aladasyny etdi. Onuň päk ýürekden ed-ýän aladalary ýerine düşüp, raýatlary oňa söýgi bilen jogap berdiler. Yhlas bilen edilýän işler ýagşy netije berýändir.

Allanyň ýagşyzada bendesi hem möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamyna ýakyndan ýardam berip, ony goldamaga hemişe taýýardyr. Emma yslam ýurtlarynyň iň çetki çäkleriniň biri bolan Horezm diýarynyň we ol ýerdäki ylym ojaklarynyň goragynda bolandygy üçin Allanyň ýagşyzada bendesi möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň hyzmatyna gelip bilmedi. Allanyň goragy astyndaky bu hormatly diýar şeýtanlaryň ýaranlary, çirkiň mesgeni türkleriň watany bilen araçäkleşýär. Allanyň ýagşyzada bendesi, möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň ýerdäki emini, Muhammet alaýhyssalamyň yztutaryndan (goý, Alla onuň bu dünýäsini we ahyretini abat eýlesin!) geçirimlilik soraýar. Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy geçirimli ynsandyr. Şeýle-de Allanyň ýagşyzada bendesi özüniň ötünjiniň ýany bilen wezirleriň wezirine (goý,

Alla ony dürli apatlardan we görüner-görünmez bela-beterden, duşmanlaryň hiledir alyndan gorap saklasyn!) hat ýollady. Bu hatda Horasanda we Mazendaranda bolup geçýän hal-ahwal babatynda jikme-jik aýdylýar. Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy (goý, Alla ony öz penasynda aman saklap, abraýyny mundan hem zyýada etsin!) bu haty okap, ol ýerdäki hal-ahwaly doly göz öňüne getirip, belli netijä geler we öz pikirini Allanyň ýagşyzada bendesine aýan eder. Onuň gelen islendik netijesi Allanyň ýagşyzada bendesi üçin kanundyr. Adyl kanunlaryň magdany bolan möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň ýerdäki emini, sap niýetli, päk göwünli Muhammediň yztutarynyň abraý-derejesi belent, işi rowaç bolup, goý, Beýik Alla ony öz penasynda aman saklasyn!

ALTYNJY HAT

Bu hat uly we ýeňilmezek, sütünleri berk we synmaz, adyllykdyr ylmyň, nygmatdyr rysgalyň ojagy bolan döwletiň wezirine ýazyldy. Goý, onuň abraýy zyýada, işi rowaç bolsun. Biz oňa Horezm diýaryndan (goý, Alla bu keramatly topragy öz penasynda aman saklasyn!) köp dogaýy salam ýollaýarys. Bu diýar hemişe adyllygyň, abraýyň, rysgal-derejäniň ojagy, ylymdyr alymlaryň merkezi, beýik-beýik ulamalardyr ymamlaryň kemala gelen keramatly topragydyr. Bu toprakdan çykan adamlar at münüp, gylyç oýnatmaga werziş bolandyrlar. Horezmiň atlary we edermen serkerdeleridir gaýduwsyz esgerleri hakynda sansyz rowaýatlar aýdylýar. Olaryň öçmejek ýeňişleri hakynda şygyrlar ýazylyp, aýdymlar aýdyldy.

Bu toprakda doglan çagalar gadamy ýer tutandan edermen serkerdeler hakyndaky buýsançly rowaýatlary diňläp, olara öýkünmäge başlaýarlar. Ylym eýelerine Horezm topragy we onuň raýatlary tanyşdyr we kalbyna ýakyndyr.

Ulamalara we din üçin jan çekýän ymamlara halypalygyň Ýokary geňeşiniň[5] döwlet işini dolandyrmakdan, raýatlaryň halyndan habar alyp, olaryň müşgil işini

[5] Ýokary geňeş – Reşideddin Watwatyň «Resmi hatlar» atly kitabynda ol Ýokary mejlis diýip berilýär. Ýokary geňeşe baş wezir ýolbaşçylyk edip, ýurtda kada-kanunyň ýerine ýetirlişine gözegçilik edipdir. Diwanyň işini hem Ýokary geňeş alyp barypdyr.

ýeňletmekden ybaratdygy bellidir. Goý, weziriň ýolbaşçylyk edýän Ýokary geňeşiniň abraýy, şan-şöhraty belent, işi rowaç bolsun! Ýurtda ylmyň ösmegi, ylymly adamlaryň kemala gelmegi we möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň ýerdäki emini, Muhammet alaýhyssalamyň yztutarynyň (goý, Alla onuň ömrüni uzak, işini rowaç, bu dünýäsini we ahyretini abat edip, öz penasynda aman saklasyn!) danalygyna danalyk goşup, döwleti daşky duşmanyň hiledir alyndan, mekirliginden goramak Ýokary geňeşiň esasy wezipeleriniň biridir. Ýokary geňeş halypalygyň diwanyna akylly-başly, dana pikirli, paýhasly adamlary jemläp, ýurtda raýatlaryň ýaşaýşyna, haýyrdyr şer işlere gözegçilik edip, abraýly we ylymly adamlaryň halyndan habar almalydyr. Şeýle-de Ýokary geňeş ýurtdaky we onuň daşyndaky hal-ýagdaýdan möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamyny habardar edip, degişli çäreleri görmelidir.

Horasanda we Mazendaranda pitne ody tutaşyp, işleriň bulaşmagy bilen ol ýerdäki raýatlaryň hal-ýagdaýy erbetleşip, rahatlyk göterildi. Bu ýeriň raýatlarynyň biziň döwletimizde höküm sürýän asudalyga gözi gidip, bizi gorajakdyklary hakynda habar etdiler. Ol ýerleriň hökümdarlary kelebiň ujuny ýitirip, ederini-goýaryny bilmediler. Ýurtda zulum, şer işler, talaňçylyk köpeldi. Horasan we Mazendaran hökümdarlary zulumy, talaňçylygy, pitnäni, gozgalaňy basyp ýatyr-makdan ejiz gelip, bize hat ýazyp, tizden-tiz ýardama gelmegi emr etdiler. Emma biz bu çakylyga baryp bilmejekdigimizi habar etdik. Sebäbi gyş ýowuz gelip, özüniň sowuk gylyçdyr naýzasy bilen hüjüm etdi. Raýatlaryň dowarlarydyr iri şahly mallary heläk bolup, olaryň haly teňleşdi. Bu halda biz esgerlerimizi alyp gidip, ýurdy goragsyz galdyrsak, Horezm diýarynyň goňşusy, şeýtanyň ýaranlary, şer işleriň mesgeni, türkleriň watanyndan goşun gelip, bu keramatly topragy harlap, raýatlaryna ezýet bererler. Biz gyşyň sowulyp, howa aram hala gelip, raýatlaryň haly gowulaşýança sabyr etdik. Ynha, indi bolsa, çölüň çägesi kimin sansyz we edermen horezmli ýigitlere baş bolup, Horasana we Mazenderana tarap ýola düşdük. Allanyň ýardamy bilen biziň özümize bolan ynamymyz güýçli, howsalamyz we ruhumyz belent, keýpimiz çagdy. Öň biz Dehistandan şanly ýeňiş bilen dolanan bolsak, onda ýakyn günlerde ol ýeriň iki galasy biziň golastymyza

geçip, bu iki galada metjitdir medreseler gurlup, möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň ýerdäki emininiň adyna ýagşy hutbalar aýdylar. Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak, işini rowaç, abraý-derejesini belent etsin! Ol ýerdäki şäherler gülläp ösüp, ylmyň, medeniýetiň ojagyna öwrüler. Biziň maksadymyz bu ýerleri eýelemek däl-de, pitne oduny öçürip, raýatlara asuda, rahat durmuşy bagyş etmekdir. Biziň bu haty ýazmagymyzyň esasy maksady, pursatdan peýdalanyp, Ýokary geňeşi (goý, Alla onuň işini rowaç, abraýyny belent etsin!) bu ýerdäki ýagdaýlar bilen tanyşdyrmak we onuň hem öz gezeginde möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Allanyň iň söýgüli pygamberi Muhammet alaýhyssalamyň yztutaryny bolýan wakalardan habardar etmegidir. Goý, Alla onuň abraýyna abraý goşup, derejesini zyýada etsin! Şeýle-de özümiziň yhlasymyzy, päk niýetimizi, Apbaslylar döwletine, mukaddes ýerlere hormatymyzy bildirýäris. Goý, Allatagala Allanyň ýerdäki emini, Muhammet Mustapanyň yztutarynyň danalygyna danalyk, parasatyna parasat goşýan Ýokary geňeşiň işi rowaç, abrraý-derejesi belent, şan-şöhraty zyýada bolsun! Goý, Beýik Alla olary öz penasynda aman saklasyn!

ÝEDINJI HAT

Bu hat diniň buýsanjy, kanunyň penakäri, döwletiň synmaz sütüni, adyl we howandar ynsan, möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň ýardamçysy bolan wezirleriň wezirine ýazyldy. Bu asylzada we ýagşyzada ynsana Horezm diýaryndan köp dogaýy salam bolsun!

Ol ýeňilmezek, ylmyň gözbaşy, Apbaslylar döwletiniň halypasy, möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamynyň (goý, Alla onuň ömrüni uzak, tuguny belent, başyny dik, işini rowaç edip, ony öz penasynda aman saklasyn!) ýakyn ýardamçysy we maslahatçysydyr. Goý, Alla weziriň işini rowaç, ömrüni uzak etsin! Goý, ol halypanyň ýakyn ýardamçysy we nesihatçysy bolup, adyllygyň çeşmesi, alymlaryň ýarany we zalymlaryň duşmany bolsun!

Adyl wezir hökümdaryň ýarany bolup, ony haýyr-yhsan işlere gönükdirmelidir. Hökümdar hemişe mesele ýüze çykanda ilkinji nobatda wezir bilen

maslahatlaşýandyr. Halypanyň weziri adyllygyň çeşmesi, haýyr-yhsan işleriň magdanydyr. Şeýle ajaýyp ynsanlary ýaradan Beýik Allatagala öwgüler bolsun! Bu asylzada ynsan halypanyň ýanynda ösüp, keremli adamlardan terbiýe aldy. Süýji miwe berýän daragt soň hem süýji miwe berer. Weziriň aslynyň keremli ynsanlar bolşy kimin nesli hem keremlidir. Eger bu ynsanyň eden haýyr-yhsan işleriniň sogaby minara meňzedilse, megerem bu minaranyň ujy asmandaky bulutlaryň arasyna girip durardy.

Ol lagly jöwherdir ýokdur bahasy,
Haýyr işden geler bägülüň ysy.

Goý, Allatagala onuň şeksiz abraýyny zyýada, mizemez şan-şöhratyny we mertebesini belent etsin! Goý, Alla onuň asylly gözbaşyna rehmet edip, päk neslini dürli apatlardan gorasyn!

Bu asylzada ynsan diniň daýanjy, döwletiň synmaz sütüni, raýatlaryň umyt çeşmesi, möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň (goý, Alla onuň ömrüni uzak, işini rowaç etsin!) ýardamçysy we nesihatçysydyr. Her bir döwlet ýolbaşçysy weziriň ýiti akylynyň we paýhasynyň synagyndan geçmelidir. Bu ynsan ähli raýatlara deň göz bilen seredip, wezipesini öz bähbidine görä ulanýan däldir.

Pylany (goý, Alla onuň ömrüni uzak etsin!) özüniň asylly gelip çykyşy, päk nesli, ýagşy häsiýetleri, artykmaç adamkärçiligi, egsilmez abraýy, öwgä mynasyp ahlagy bilen tapawutlanýandyr. Ol wadasyna wepaly, lebzi halal, haram, şer işlerden daşda durup bilýän adamdyr. Şeýle ajaýyp we arassa ahlagynyň üstesine bu asylzada ynsan (goý, Alla onuň ömrüni uzak etsin!) ýakyn günlerde Allanyň parz eden işleriniň biri bolan haj parzyny ýerine ýetirmek üçin mukaddes ýerlere Mekgä we Medinä (goý, Allatagala bu ýerleri has-da mukaddes edip, abraýyny mundan-da zyýada etsin!) tarap ýol şaýyny tutdy. Keremli, asylly, ylymly, abraýly, adyl we dindar wezirden bu ynsan bilen duşuşyp, onuň akylyna we paýhasyna baha bermegini towakga edýäris. Goý, bu ynsan mübärek saparyndan dolanyp gelende adyl, akylly we dana weziriň (goý, Alla bu asylzada ynsanyň iki dünýäsini hem abat edip, ähli tutumly işlerini rowaç eýlesin!) penakärligindäki adam bolsun!

Goý, ol weziriň adyl ganatynyň astynda üstünlik gazanyp, ýeňiş pyýalasyndaky şerapdan gansyn! Biziň şeýle adamlary wezire hödürlemegimiziň esasy sebäbi, möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň ýardamçysyna we maslahatçysyna asly keremli, ylymly we adamkärçilikli adamlaryň hyzmat edip, weziriň işini ýeňletmekdir. Weziriň işiniň ýeňlemegi bolsa, öz gezeginde möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň işiniň ýeňlemegidir. Goý, Allatagala olaryň ömrüni uzak, işini rowaç edip, olary öz penasynda aman saklasyn! Goý, Muhammet alaýhyssalamyň nesliniň guran döwleti bolan Apbaslylar döwletiniň tugy belentde parlasyn!

SEKIZINJI HAT

Bu hat ägirt uly, ýeňilmezek, sütüni berk yslam döwletiniň wezirine ýazylandyr. Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak etsin! Goý, ol iň soňky demine çenli bu ägirt uly döwlete, möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Muktafy Liemrillä (goý, Allatagala onuň abraýyny mundan beýläk hem beýgeltsin!) päk ýürek bilen hyzmat etsin! Bu ýeňilmezek döwletiň wezirine mukaddes we bereketli Horezm diýaryndan köp dogaýy salam bolsun. Men Allatagaladan weziriň ömrüniň uzak bolmagyny, Allatagalanyň ony penasynda gorap, aman saklamagyny dileg edýärin. Goý, ol ata-babalaryndan gelen keremli häsiýetleri, okan ylymlary, danalygy bilen bu asylzada ynsana hyzmat edip, uly abraý gazansyn! Goý, ol ýagşy nesihatlary, parasatly pikirleri bilen asylzada ynsanyň danalygyna danalyk, parasadyna parasat goşsun! Goý, ol halypanyň ýakyn ýardamçysy, maslahatçysy, diniň goragçysy, zulum-sütemiň duşmany we raýatlaryň dosty bolsun!

Men oňa päk ýürekden arassa niýet bilen yzly-yzyna birnäçe hat ýazdym. Onuň özi we ýolbaşçylyk edýän Ýokary geňeşi bilen ýakyn aragatnaşyk sakladym. Egerde ýollarda pitne ody tutaşmadyk bolsa men günde birnäçe hat ýollardym. Onuň wezirlige gelmegi bilen yslam döwletine parahatlyk aralaşdy. Raýatlar özüni arkaýyn duýdular. Onuň parasatlylygy, danalygy, adyllygy meni diýseň guwandyrdy. Şeýle adamlaryň Allatagalanyň pygamberi Muhammet

alaýhyssalamyň aýak basan mukaddes topragynda Allatagalanyň ýagşyzada bendesine hyzmat etmegi meni guwandyrýan zatlaryň biridir. Mübärek apbaslylar döwletine päk ýürek bilen janyny pida edip, möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň aladasyny ýeňledýän adama Allatagaladan uzak ömür, beýik mertebe we at-abraýynyň zyýada bolmagyny dileg edýärin. Goý, Allatagala ony penasynda aman saklasyn!

DOKUZYNJY HAT

Ägirt uly, ýeňilmezek, ylymyň gözbaşy, Apbasylylar döwletiniň halypasy, möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Allatagalanyň pygamberi Muhammediň yztutary Muktafy Liemrilläniň (goý, onuň ömri uzak, tugy belent, başy aman bolsun!) wezirine Horezm diýaryndan köp dogaýy salam bolsun. Goý, Allatagala weziriň ömrüni uzak, abraýyny belent etsin! Goý, onuň şan-şöhraty ähli musulman ýurtlarynda zyýada bolsun! Goý, ol halypanyň ýakyn ýardamçysy we nesihatçysy, adyllygyň çeşmesi, zalymlaryň duşmany, ylym eýeleriniň ýarany bolsun! Goý, Allatagala weziriň her bir eden işine bihasap sogap berip, oňa razylyk donuny geýdirsin!

Weziriň (goý, Alla onuň ömrüni uzak edip, betpälleriň erbet niýetinden aman saklasyn!) her bir musulman ýurdunda abraýy uludyr. Onuň adyl işler etmegi, Muhammet Mustapanyň sünnetini gyşarnyksyz ýerine ýetirmegi, haýyr-yhsan işler bilen meşgul bolmagy, halallygyň tarapyny tutup, haram işlerden daşda durmagy, zulumy basyp ýatyrmagy oňa egsilmez abraý getirdi. Hatda onuň raýatlardan jemleýän salgydy hem oňa abraý-dereje we şan-şöhrat berdi. Sebäbi bu salgytlar halka tölemäge elýeterlidi. Raýatlar gije-gündiz Allatagaladan weziriň başynyň aman, janynyň sag bolmagyny, ähli işleriniň rowaç alyp, möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň kyn işini ýeňletmegini, ony duşmanlarynyň alyndan aman saklamagyny dileg edýärler. Olaryň Allatagala şeýle adam we hormata mynasyp ynsany ýaradandygy üçin şükür we öwgi aýdýarlar. Biz hem weziriň haýyr-yhsan işlerini öwüp, arşa çykarmaga söz tapamzok. Weziriň edýän haýyr-

yhsan işi bir bedew, biziň öwgümiz hem başga bedew bolup, bu iki bedewi ýaryşdyrsak, weziriň haýyr-yhsan bedewi biziň öwgi bedewimizden has öňe saýlanar we basym gözden ýiter. Şekerçiňrigiň içinden süýji şerbetiň çykyşy ýaly, biziň kalbymyzdaky niýetimiz hem päkdir. Halypalygyň işini ýola goýan, kada-kanunyň ýerine ýetirlişine gözegçilik edýän, alymdyr ulamalara, dindardyr ymamlara ýardam berýän, döwletiň sütüni, diniň daýanjy, möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň ýardamçysy we nesihatçysy bolan bu ynsany neneň öwmejek, neneň mahabatlandyrmajak?! Biz onuň edýän ähli sogap işlerini sanap geçmekçi bolsak, syýadanymyzdaky syýa, golumyzyň astyndaky kagyz gutarardy. Bu ynsan wezirlik kürsüsine oturan gününiň ilkinji gününden başlap, döwletiň abraýyny başy asmana ýetip duran minara kimin zyýada edip, ýurtda asudalyk we rahatlyk jemalyny ösdürdi. Zulum-sütem onuň mübärek adyny eşidenden gaçmak bilen boldy. Raýatlar salgyt tölände-de, şatlyk bilen tölemelidir. Weziriň (goý, Alla ony öz penasynda aman saklasyn!) kanagatlygy, sabyrlylygy, raýatlaryň müşgil işlerini aradan aýyrmagy oňa halkyň çäksiz söýgüsini getirdi. Bu keremli ynsan maňa hat alyşmagy teklip edende, meniň şatlygymyň çägi bolmady. Sebäbi mukaddes toprakda ýaşap, möminleriň emirine, musulmanlaryň ymamyna hyzmat edýän adama ýardam bermek biziň üçin uly bagtdyr. Halypany we onuň wezirini görüner-görünmez belalardan, duşmanyň alyndan, ýaranlarynyň mekirligidir hyýanatyndan gorap saklamak üçin, biz olaryň görgür gözi we eşitgir gulagy bolup hyzmat ederis.

Apbaslylar döwletiniň daýanjy, diniň synmaz sütüni, ulamalardyr ymamlaryň ýakyn ýarany, Muhammet alaýhyssalamyň yztutarynyň nesihatçysy bolan weziriň ömri uzak, işi rowaç bolup, goý, Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn!

ONUNJY HAT

Bu hat mukaddes we bereket magdany bolan Horezmden ägirt uly, ýeňilmezek ylym we adyllygyň ojagy bolan döwletiň we ondaky weziriň Ýokary geňeşine ýazyldy. Goý, Allatagala bu döwletiň we onuň parasatly weziriniň rysgal-döwletini

zyýada, derejesini beýik etsin! Goý, bu döwletiň we akyldar weziriň şan-şöhraty Maşrykdan Magryba çenli aralyga dolsun!

Geçen ýyl men Ýokary geňeşden we onuň ýolbaşçysy adyllygyň penakäri, ylymyň gözbaşy, döwletiň ýardamçysy bolan weziriň öz mübärek elleri bilen ýazan hatyny aldym. Goý, onuň at-abraýy ýokary bolsun, Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn! Goý, onuň meşhurlygy yslam döwletleriniň-de daşyna ýaýrasyn!

Onuň ýazan hatynyň her bir sözünde umman ýaly many bardy. Bu haty okadygyňça, danalygyňa danalyk, akylyňa akyl goşulýar. Onuň ýazan hatlaryndan men bu ynsanyň päk göwünli, ýagşy ahlakly adamdygyna we onuň her bir nesihatynyň ýerlikli, tapylgysyz maslahatdygyna göz ýetirdim. Onuň berýän nesihatdyr maslahatlary hatda-da öz beýikligini ýitirenokdy. Weziriň ýolbaşçylyk edýän Ýokary geňeşi döwletiň beýik bolmagyny, onuň şan-şöhratynyň, at-abraýynyň zyýada bolmagyny gazanýar. Meniň we meniň diýarymyň raýatlarynyň möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy Muktafy Liemrilläniň ähdini kabul etmegim bilen bu diýarda ýaşaýan ähli musulmanlar özlerini arkaýyn duýdular. Goý, onuň ömri uzak, mertebesi belent bolsun! Goý, onuň döwletidir şäherleri, galalarydyr obalary gülläp össün! Möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy tagta çykan güni meniň üçin we diýarymyň raýatlary üçin iň bagtly gün boldy. Onuň bize tabyn bolmagymyzy talap edip, ýazan hatyny alanymyzda, biziň şatlygymyzyň çägi bolmady. Men möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň ady ýazylan kagyzy altyn we gymmatbaha daşlar bilen bezemegi emr etdim. Goý, onuň ömri uzak, mertebesi belent bolsun! Goý, onuň tagtda oturjak mütdeti ömrüniň ahyryna çenli dowam etsin! Oňa tabyn bolmak — raýatlara dogry ýol görkezip, olary ýagşy, haýyr-yhsan işlere gönükdirmekdir. Ol tabyn bolmagymyzy talap edip ýazan hatynyň gijä galmagynyň sebäbini ýurtda bolup geçen pitne odunyň tutaşmagydygy bilen düşündirýär. Bu hat meniň şatlyk oduny tutaşdyrýan we gaýgy-gam oduny öçürýän çeşmäm boldy. Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak, işini rowaç etsin! Goý, onuň ägirt uly döwleti Allatagalanyň penasynda aman bolsun! Goý, Ýokary geňeş halypa dana, parasatly nesihatlar berip, onuň danalygyna

danalyk, parasatyna parasat goşsun! Goý, Ýokary geňeşiň we onuň ýolbaşçysynyň işi rowaç alsyn! Haçanda ol Horezm diýaryna mübärek gadamyny basanda, raýatlaryň şatlygynyň çägi bolmady. Onuň nurly ýüzi adamlara gülüp bakanda aý kimin şöhle saçdy. Onuň her bir sözlän sözi adamlaryň gulagynda aýdym bolup ýaňlandy. Ol Horezmde bolan wagtynyň ýekeje sagadyny hem boş geçirmän, döwlet işlerine meşgul boldy. Men onuň kyn işini ýeňletmek üçin öz ýakyn adamym, hajyplarymyň emiri Kemaleddini onuň hyzmatyna gönderdim. Ol meniň saýamda önüp-ösen, kemala gelen we terbiýe alan ýigitdir. Goý, ol Allanyň ýardam bermegi bilen size uzak wagtlar hyzmat etsin! Onuň size sadyklyk bilen gulluk etjekdigine we siziň ynamyňyzy ödejekdigine ynanýaryn. Onuň üme düşünýän we bir diýeniňi iki gaýtalatmaýan ýiti akyly, düşünjesi bardyr. Onuň bu ägirt uly we ýeňilmezek döwlete hyzmat edip, mynasyp ýerini tapmagyny Allatagaladan dileg edýärin. Goý, bu döwletiň we onuň halypasy, möminleriň emi-riniň, musulmanlaryň ymamynyň ömri uzak, işi rowaç bolsun, Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn!

ON BIRINJI HAT

Ýüregimde bardyr umman deý söýgi,
Seniň at-abraýyň ýokdur hiç çägi.

Deňiz kimin öwgä mynasyp bolduň,
Halka haýyr edip sogabyň aldyň.

Bu hat hormata mynasyp, beýik derejeli, at-abraýly (goý, Alla onuň ömrüni uzak, işini rowaç, abraýyny zyýada we şan-şöhratyny mundan-da belent etsin!) adamlaryň birine ýazyldy.

Asmandaky on dördünji gijäniň aýy kimin nur saçýan, Allanyň adamzadyň bagtyýarlygy üçin inderen Gurhandaky aýdylýan haýyr işleri amal edip, şer işlerden daşda durýan bu asylzada ynsan, musulman ymmatyna görelde bolup ýaşady. Ähli nygmatyň bereketdir döwletiň açary, abraý çeşmesi, haýyrdyr yhsanyň magdany bu ýagşyzada adamyň elinde ýalydy. Kimdir biri bu ynsanyň yzyna düşse ýa-da oňa öýkünse, ol adam bihasap sogap gazanyp, abraý atyna

atlanar we Allanyň razylyk donuna mynasyp bolar. Emma onuň garşysyna gidýänler günä gazanyp, abraýdan düşüp, masgara bolarlar we Allanyň gazabyna duçar bolarlar. Bu ynsana we onuň yzyna eýerýänlere Allanyň nygmat gapysy hemişe açykdyr.

Allanyň ýagşyzada bendesi bu asylzada babatynda şeýle diýýär:

Biz ýönekeý ynsan, ol hem perişde,
Göreldedir musulmana her işde.

Kazylaryň kazysy Nasyreddin (goý, Alla ony öz penasynda aman saklap, onuň panydaky durmuşyny bagtyýar we lezzetli edip, gündelik ýaşaýşyny buýsançdyr, şatlykdan doldursyn!) nygmat we adyllyk donuny geýip, şükranalyk lybasyna beslendi. Bu wagt bu ynsan gaýgy-gam jülgesine düşüp, gussa derýasyndan ganýandyr. Onuň sabyrlylygy we kanagaty umman kimindir. Ol pitneçilerden daşda durup, pitne oduny öçürmäge we ýurda asudalyk aralaşdyrmaga çalyşdy. Emma käbir kezzaplar ýalan töhmet bilen bu asylzada ynsany wezipesinden daşlaşdyryp, onuň nurly kalbyny gaýgy-gamdan doldurdylar. Goý, Allatagala möminleriň emiri, musulmanlaryň ymamy, Allanyň ýerdäki emini, Muhammet alaýhyssalamyň yztutarynyň mübärek kalbyna salyp, bu asylzada ynsanyň öňki wezipesini gaýdyp bersin! Goý, Allatagala öňki düşünişmezligi aradan aýryp, ýalan töhmetden aman saklasyn we kalbyndaky gaýgy-gamy dep edip, şatlykdyr guwançdan doldursyn! Ähli zatlar diňe Beýik Allanyň eradasy bilen bolýandyr. Hakykaty aýan edip, töhmetden halas etmek Allatagalanyň ýanynda iň ýeňil işdir.

ON IKINJI HAT

Möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň Ýokary geňeşine ylym we nygmat eýesi, yslamyň we külli musulmanlaryň şyhy, ymamlaryň ymamy, Maşrykdan Magryba çenli aralykdaky hatyplaryň hatyby[6], gury ýerdir deňizde ýaşaýan alymlaryň şasy (goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraý-derejesini, rysgalyny

[6] Hatyp – öwüt-ündewçi.

mundan hem zyýada etsin!) bolan bu ynsan hakynda uzak gürrüň bermegiň hajaty ýokdur. Onuň eden haýyr-yhsan işleri we musulman ymmatynyň bähbitleri üçin eden amallary daragtlaryň pyntyklap, gülläp, ondan miwe berşi kimin, bu asylzada ynsanyň asyl görnüşini göz öňüne getirmäge ýardam berýär. Bu ynsany haýyr-yhsansyz, adyl we keremli amallary etmeýän hökmünde göz öňüne getirmek, onda ony lybassyz, ýalaňaç göz öňüne getirmekdir. Haýyr-yhsan işler, ýagşy amallar onuň lybasy bolsa, onuň dony Allanyň we ynsanyň razylygydyr. Onuň bilen bir dem söhbetdeş bolan ýa-da onuň bilen bir ädim ýoldaş bolan ynsan ony doly tanar we bu ýagşyzadanyň kalbynyň päk, niýetiniň arassa, Allany tanaýan, onuň amallaryny doly ýerine ýetirip, haram işlerden daşda durýan adamdygyna göz ýetirer. Bu ynsanyň yzyna eýerenleriň dini päkizeleşip, işi rowaç alar.

Allatagala özüniň ýagşy niýetli, dindar, ybadathon adamlarynyň müşgil işlerini ýeňledip, kyn günde goýýan däldir. Bu ýagşyzada ynsana golaýlaşan adamlaryň niýetleri päkize, rysgallary zyýada bolup, kalplaryny şatlyk duýgusy gaplap alýandyr. Ol we onuň ýanyndakylar Allanyň penasyndadyrlar. Eger bu asylzadany azgyn obalaryň birine eltip goýsaň, ol obanyň işi kadalaşyp, rowaç alyp, rysgal-döwleti zyýada bolup, gaýgydyr gamdan saplanýarlar we Allanyň päk, dogry şerigatyna, onuň söýgüli pygamberi Muhammediň (s.a.w) sünnetine boýun bolýan raýatlara öwrülýärler. Ol adamlar üçin gijäniň tümlüginde dogry ýoly salgy berýän ýagty we parlak ýyldyz kimindir. Onuň yzyna eýermedikler ýa-da garşysyna gidenler dogry ýoldan azaşyp, rysgaldyr nygmatdan jyda düşüp, Allanyň gazabyna duçar bolýandyr.

Allanyň ýagşyzada bendesiniň bu asylzadany sypatlandyrmagynyň esasy sebäbi, ol ömrüniň kyrk bir ýylyny Allanyň ýagşyzada bendesiniň hyzmatynda geçirip, oňa sadyk gul kimin hyzmat etdi. Ynsan Allanyň beren ömrüni ýaşaýandyr. Şol berlen ömri dogry we Alla ybadat edip ýaşamak her kime başardýan däldir. Bu ýagşyzadanyň bize hyzmat eden kyrk bir ýyly onuň ömrüniň bir bölegidir. Onuň biziň ýanymyzda bolan şu mütdetinde kazylykda, hökümet agzalarynyň arasynda ýekeje düşünişmezlik bolmady. Ýurtda zulum-sütem göterilip, rysgal-döwlet zyýada boldy. Ol hatda hökümdarlaryň maşgala

agzalalygyny aradan aýryp, ýurtda asudalygy we durgunlygy saklamagy başardy. Adyllygyň sütüni, zulum işleriň duşmany, ulamalardyr dindarlaryň ýarany, ymamlardyr hatyplaryň penakäri we Allanyň ýagşyzada bendesiniň kalbyna ýakyn adamlaryň biri bolan bu ynsan kazylaryň kazysy, yslam dininiň täji Asgat ibn Ýakupdyr. Bu adam Allanyň ýagşyzada bendesiniň hiç hili garyndaşy ýa-da egindeşi hem däldir. Allanyň ýagşyzada bendesi ony päk ahlagy, dini we raýatlaryň arasynda alyp barýan işleri üçin halady. Bu adam bilen Allanyň ýagşyzada bendesiniň arasynda hiç hili duşmançylyk ýa-da düşünişmezlik ýokdy. Eger-de oňa möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň guran synmaz döwletiniň Ýokary geňeşinde hyzmat etmek miýesser etse, onda möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň (goý, Alla onuň ömrüni uzak etsin!) döwletiniň müddeti uzak, sütünleri berk, rysgaly zyýada bolup, bu döwlete asudalyk aralaşar. Möminleriň emiri (goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraýyny zyýada etsin!) nähili karara gelse, şeýle hem bolar. Oňa emr etmäge hiç kimiň haky ýokdur. Biziň bu zatlary ýazýanymyzyň sebäbi, musulmanlaryň emiri, möminleriň ymamy, Allanyň ýerdäki emini, Muhammet alaýhyssalamyň yztutarynyň Ýokary geňeşinde şeýle asylzada ynsana mynasyp orun tapylar diýip umyt edýäris. Biziň maksadymyz ýagşy işleri we ajaýyp pikirleri möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň raýyna ýetirmekdir. Adyllygyň daýanjy, döwletiň synmaz sütüni, raýatlaryň penakäri we howandary, möminleriň emiriniň, musulmanlaryň ymamynyň ömri uzak, işi rowaç bolup, abraý-derejesi zyýada, şan-şöhraty belent bolsun! Goý, Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn!

ON ÜÇÜNJI HAT

Bize hormatlaýan adamlarymyzyň biriniň (goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraýyny zyýada etsin!) haty gelip gowuşdy. Ol hatynda ykbalynyň kyn, durmuşynyň zulum-sütemden doludygyna, zamananyň bulaşyp, pyssy-pyjurlygyň köpelendiginden arz-şikaýat edýär. Onuň hatynyň her bir setiri bu adamyň düşen halyndan, keç ykbalyndan habar berýärdi. Hat göýä syýa bilen däl-de, ajy gözýaş

bilen ýazylan ýalydy. Her bir gününi haýyr-yhsan işler bilen zynatlap, sogap köşgüni bina eden bu adamyň ýagty saçýan güni batyp, asuda asmany bulaşyp, köňül köşgi harap eýlenipdi.

Öwgä mynasypdyr keremli ynsan,
Tutan amallary haýyrdyr yhsan.

Kişiniň emlägi alynsa miras,
Göteriler ýurtdan bereket, yhlas.

Gaýyp zatlar aýan bolup, günäden päk, şekdir şübheden, aýypdan arassa bu ynsanyň hatyny okap, ýürek-bagrym para-para bolup, gözümden ganly ýaş akdyryp agladym. Meniň bu agym ýurdundan aýrylyp, keseki bir ýerde ýaşap, öz ýurdunyň zaryny çekýäniň ýa-da ýeke balasyndan jyda düşen enäniň ahy-nalasynyň agysyndan-da zyýadady. Bu ynsan ýurtda asudalygyň höküm sürüp, raýatlaryň eşretli durmuşda ýaşap, özlerini rahat duýmaklary üçin elinden gelenini etdi. Süýdüň ýüzüne gaýmagyň çykyşy ýaly, men bu adamyň beýleki raýatlardan tapawutlanýandygyna göz ýetirdim. Ol Müsürde ýaşap, asyrda öçmejek yz galdyrdy. Onuň ýumşak häsiýeti we adamkärçiligi meni haýran etdi. Bu asylzada diňe bir öz kowmunyň aksakgaly bolman, öz döwrüniň iň keremli adamy boldy. Ol bir işiň başyny tutanda öz bähbidini araman, eýsem ähli raýatlaryň bähbidi üçin jan çekdi. Şeýle ýagşyzadany kyn güne salan adam Allanyň gazabyndan gorkup, toba etsin we onuň ýene-de öňki şatlykly ýaşaýşyny gaýtaryp bersin. Älem-jahany ýaradan Beýik Alla: «Elbetde her bir agyrlyk-muşakgat bilen bile bir ýeňillik hem gelýändir»[7] diýmänmidi. Uzak gurakçylykdan soň ýagyş ýagýandyr. Entek hem oýlanmaga, yza gaýtmaga pille bar. Men bu sözleri ony kyn güne salan ynsanyň kalbyna wehim salmak ýa-da gorkuzmak üçin ýazman, nesihat üçin ýazdym. Akylly-başly, paýhasly ynsanlar nesihaty tutýandyrlar. Men bu ynsana çäksiz hormat goýup, päk kalbym bilen sylanym üçin şu sözleri ýazýaryn. Hak zatlary ýaşyryp, töhmete boýun bolýanlar şeýtanyň ýaranlarydyr. Beýle ynsanlar öz aýybyny gizläp, ýüregine gara niýet düwüp, haýasyzlyga baş urarlar. Akylsyz,

[7] Gurhanyň «Şarh» süresiniň altynjy aýaty.

nadan, utançsyz, namyssyz, ine, meniň ýagşy görýän adamymy kyn güne salan adamlary, şeýle atlandyrmany gowy görýärin. Şeýle adamlary näçe paýyş sözler bilen sypatlandyrsaň hem azdyr. Meniň bu nesihatlarym nähili gödek bolsa-da, hakykatdyr. Men möminleriň emirine, musulmanlaryň ymamyna päk niýet bilen hyzmat edip, mukaddes ýerlere, Muhammet alaýhyssalamyň nesline baş egýärin. Men ol hakynda ýaman pikirde bolasym gelenok. Men onuň akylyna we paýhasyna bil baglap, nesihatlara dogry düşüner diýip umyt edýärin. Men onuň aýagyna ýykylyp, kürsüsine ýapyşyp ýatamok. Seniň ýaşaýşyň päk şerabyndan ganyp, sap, arassa niýeti ýaran tutunmagyňy arzuw edýärin. Hoş sag bol!

ON DÖRDÜNJI HAT

Haçanda biz pylanynyň (goý, Alla onuň ömrüni uzak edip, her bir gününi şatlyk bilen zynatlasyn!) dogry ýoly tutup, diniň zynatly lybasyny geýip, adamlaryň razyçylygyny gazanyp, uly abraýa we hormata eýe bolandygyna göz ýetirenimizde, onuň bu edýän asylly işlerini gözden salmazlygy kalbymyza berk düwdük. Ýagşy häsiýet, ahlak şeýle miwe berse, ýaman gylyk-häsiýet ynsanyň ömrüne öçmejek tagma basar. Biz bu asylzadanyň gije-gündiz haýyr-yhsan işler edip, haram işlerden daşda durýandygyndan habarymyz bar. Halal, aýan ýoly we ýagşy adamlary özüne ýaran tutunyp, haram işden we haramzadalardan daş adamlar biziň gözümizden düşmez we özleriniň mynasyp ýerlerini eýelärler.

Biz salgyt ýygnaýanlara öz wezipelerine päk niýet, halallyk we arassa çemeleşmegi emr edipdik. Salgyt almalysyndan zyýada alynsa, ol salgyt däl-de, eýýäm talaňçylyk bolýar. Talaňçylyk ýüze çykan ýerinde bolsa, agzalalyk döreýär. Agzala döwletiň dargamaz, synmaz diýip pikir edilen sütünleri synmak bilen bolýar. Bir dänäniň müň bolup çykýan bu mukaddes topragynda salgyt alynmasa-da, baýlyk ýeterlikdir. Salgyt goşuna we ýurdy daşky duşmandan aman saklamak üçin harç edilýändir. Watanyny söýýän her bir raýat salgytdan boýun gaçyrmaly däldir.

Biz pylanynyň (goý, Alla onuň ömrüni uzak, işini rowaç etsin!) ýagşy häsiýetlerine, päk ahlagyna, işjeňligine daýanyp, oňa bu wezipäni ynandyk. Ol özüniň adyllygyna, adamkärçiligine we ynsanperwerligine daýanyp işlesin, Salgydy ýygnamazdan öň ekin ýerlere aýlanyp, hasylyň, raýatyň ýagdaýyny doly bilip, Allanyň buýran emrinden daşlaşman salgyt alsyn. Hökmürowanlygyna, wezipesine daýanyp, haram işe baş goşmasyn. Ol ýerdäki nazyryň[8] alyna we mekirligine gitmesin, ýoluny urdurmasyn. Her bir işde Allanyň razylygyny we raýatlaryň söýgüsini gazanmaga çalyşsyn. Allanyň ýurda beren bereketi halal baýlykdadyr. Allanyň ýoluny tutanlaryň işi hemişe rowaçdyr. Hoş sag bol!

ON BÄŞINJI HAT

Biz pylanyny (goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraý-derejesini zyýada edip, razylyk donuny geýdirsin!) işjeň, adyl we Allanyň emrini, pygamberiň sünnetini berjaý edýän hökmünde tanap, oňa islendik wezipäni ynananyňda-da, baş alyp çykjakdygyna göz ýetirdik. Ol kämil ylma eýe bolup, ähli gujur-gaýratyny işe, adamlaryň razylygyny gazanmaga gönükdirdi. Adyl hökümdaryň raýatlaryny gözden salmaýşy kimin biz hem ony gözden salmadyk. Biz oňa pylan ýeriň we onuň töwereklerinin kazylygyny ynandyk. Onuň aslyna, ahlagyna we päk niýetine daýanyp, halallygy özüniň şygary edinmegini emr etdik. Şeýle-de raýatlara deň göz bilen seredip, adyl höküm çykaryp, maly-dünýäden özüni gorap, takwalygy ýaran tutunyp, haram işlere meýil etmezligi buýurdyk. Kazy ýurtda adyl höküm çykaryp, raýatlaryň asudalygyny goramalydyr. Kazy adyl höküm sürende raýatlar hökümdardan razy bolup, Alla şükür edip ýaşaýarlar. Emma adalatsyzlyk ýüze çykanda, ýurtda tolgunma emele gelip, ilkinji nobatda hökümdardan nägile bolarlar. Şonuň üçin hem kazy hökümdaryň, hökümdar bolsa ýurduň, döwletiň sütünidir.

Biz bu ynsany wezipä belläniminizde adyllygyň ojagy bolup, raýatlaryň hak-hukugyny gorap, ýetimiň hakyny iýmezligi berk tabşyrdyk. Hak Allanyň ýoluny

[8] Nazyr –Hökümdar tarapyndan gözegçilik etmek üçin bellenen adam.

tutup, Muhammet alaýhyssalamyň sünnetini berjaý etmegi emr etdik. Allatagala ynsanyň şatlygy we dogry ýola düşmegi üçin inderen Gurhan kitabynda: «Zulum edip ýetimiň hakyny iýýänler, garynlaryna ýanyp duran köz salýanlar kimindir. Olaryň jaýlary dowzahdyr»[9] diýýär. Şonuň üçin hem bu wezipe örän takyklygy, päkligi we ýagşy ahlaklylygy talap edýär. Biziň bu wezipäni ynanan adamymyz (goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraýyny zyýada etsin!) gije-gündiz içinden we daşyndan Allany ýatlap, onuň haram eden işlerinden daşda durup, diňe halal amallary edýändir. Goý, Alla onuň işini rowaç, abraýyny zyýada etsin! Oňa ýene bir gezek halal işläp, raýatlara deň göz bilen seredip, adyl höküm çykaryp, ýetimiň hakyny iýmezligi emr etdik.

Tanymal adamlaryň, ýagşyzadalaryň, hökümdardyr wezipeli adamlaryň, ulamalaryň we raýatlaryň geçen ýoly, häzirki döwri we barjak ýeri aýandyr. Ýaşaýan belli bir wagtymyz biri-birimiziň ýolumyzy daraltman, ýamanlyk etmän, asuda, halal ýaşamalydyrys. Ýurtdaky iki adamyň jedeldir dawasy uly urşa ýazyp, döwletiň dargamagyna getirip biler. Biziň bellän bu adamymyz adyl höküm sürüp, raýatlary öz daşyna jemläp, ýurtda asudalygy saklamagy başarar diýip umyt edýäris. Ol ýerdäki raýatlarymyza dini we şerigat meseleleri ýa-da durmuşynda kynçylyk ýüze çykanda oňa ýüz tutup, maslahatlaşmagy buýurýarys. Bu ynsan biziň ol ýerdäki görgür gözümiz we eşitgir gulagymyzdyr. Onuň sizden razylygy, biziň sizden razylygymyzdyr. Oňa öýkünmek Allanyň we biziň ýolumyzy tutmakdyr. Onuň daşyna jem bolup, çykaran adyl hökümine boýun bolmagyňyza bil baglaýarys. Hoş sag bol!

ON ALTYNJY HAT

Pylanynyň ýeten derejesini görüp, biz ylmyň hak ýolunyň uly abraýa we hormatly wezipä ýetirip biljekdigine göz ýetirdik we bu ýagdaýy özümize parasat edindik.

[9] Gurhanyň «Nisa» süresiniň onunjy aýaty.

Ynsan ýolbaşçy wezipede işlemek üçin ilki bilen tertip-düzgünli, ýagşy ahlakly, dine boýun bolýan, adamlaryň kynçylygyny görüp, ony düýbünden aýryp taşlamany başarýan, musulmanlaryň bähbidini arap, halal işler edip, haram işlerden daşda durýan bolmalydyr. Wezipä gelen adam asylly, keremli ata-babalarymyzyň, ýagşyzadalaryň tutan hak işini dowam etdirip, pyssy-pyjurlyklary terk edip, raýatlara görelde bolup, edepli, ybadatly, şerigaty bilýän, pespäl, Alladan gorkýan adam bolmalydyr.

Biziň wezipe beren adamlarymyz ýokardaky sypatda bolmalydyr. Olar haram işden, pyssy-pyjurlykdan diňe bir daşda durman, eýsem erbet gümana getirjek şek-şübheden hem daşda durmalydyrlar. Olar dogry ýoly tutup, asly halal, özi we nesli, dogan-garyndaşy ähli adamlara görelde bolmalydyrlar. Ynha, şyhlaryň şyhy, ymamlaryň ymamy pylany (goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraýyny zyýada etsin!) şu aýdylan häsiýetleriň eýesidir. Biz onuň keremli aslyna, päk ahlagyna, raýatlaryň arasyndaky abraýyna, işjeňligine, dinine salgylanyp bu wezipäni ynandyk. Biz oňa hak ýoluny tutup, adamlaryň arasynda adyl höküm çykarmagy, olary günä, şer işlerden gorap, haýyr-sogap işlere gönükdirmegi, ýetimiň hakyny iýýänlere, zulum-sütem edýänlere ýowuz jeza bermegi, nebsine haý diýip, mal-dünýä kowalaşmazlygyny talap etdik. Zulum-sütem edýänler, ýetimiň hakyny iýip, haram mal-dünýä kowalaşýanlar Allatagalanyň gazabyna duçar bolýandyr. Oňa zahytlygyny şygar, takwalygy ýaran, ylmy mugallym, dini daýanç tutup, nähaky dogry ýola çagyrmagy, kada-kanunyň çäginden çykman, şerigaty, sünneti täç et-megi buýurdyk.

Adyllykdan köşk bina eden ynsana raýatlar halasgärine, howandaryna sereden kimin seredip, onuň her bir agzyndan çykan sözi şirin owazly aýdym diňlän ýaly gulak goýarlar. Biz bu asylzada haram işleri köki-damary bilen goparyp taşlap, şer işleriň gapysyna gulp urmagy, musulmanlaryň bähbidini arap, mal-mülküni, aýal-gyzlaryny duşman gözünden gorap saklamagy emr etdik. Ol ýurtda utanç-haýany saklap, aýaldyr çagalaryň owratyny ýapdyryp, bazarlarda terezinin çekilişine, diniň, şerigatyň tutulşyna üns bermegi sargadyk. Eger kimdir biriniň tereziden iýýändigini bilse, haýal etmän terezini çalyşsyn, adyllygyna daýanyp, haky

iýlenlere hakyny gaýdyp berip, tereziniň eýesine şerigata laýyklykda we beýlekilere göz bolar ýaly berk temmi bersin. Onuň her bir işi hyýanatkärlerdir, haramlara urgy bolsun. Goý, pasykdyr haramylar onuň höküm sürýän döwründe özlerine ýol berilmejekdigine doly göz ýetirsinler. Bir gün ähli zatlaryň soňy gelip, her kimiň günädir sogaby ölçener. Ol gün ne mal-mülküň, ne-de bala-çagaň saňa nepi deger. Diňe Alladan gorkup, haýyr-yhsan iş edenler, ulamalardyr dindarlaryň, asylzadadyr ýagşyzadalaryň sözüni diňläp, dogry ýoly tutanlar utuş gazanarlar. Wezipä gelen adam wezipäniň amanatdygyna göz ýetirip, Allany ýatdan çykarman, oňa ybadat etmelidir. Raýatlaryň arasynda bolup, olaryň halyndan habar almalydyr. Ähli zat diňe Allanyň elindedir. Ynsan öz mütdeti dolandan soň, ýene-de onuň ýanyna dolanyp barmalydyr.

ON ÝEDINJI HAT

Maňa bu ynsanyň (goý, onuň ömri uzak, nygmaty zyýada bolup, Alla ony öz penasynda aman saklasyn!) ýazan haty gelip gowuşdy. Ol bu hatynda pylanynyň maňa paýyş sözler aýdyp, meniň abraýymy peseltmäge çalyşýandygyny habar berdi. Emma onuň ýalan töhmeti, kezzap sözleri meni gynandyrmady. Sebäbi men onuň bu diýýän töhmetlerinden päk, kalbym arassadyr. Ol meniň aslyma töhmet atýardy. Emma meniň aslymda-da, neslimde-de haram, şer işlere baş goşan, ýagşy niýetli, arassa kalply adamlara töhmet atan ýok. Men bilen bu adamyň arasynda hiç hili duşmançylyk bolmandy. Onuň beýle sözleri maňa aýtmagyna kalbynda orun tutan içigaralyk iteren bolsa gerek. Onuň kalbyndaky içigaralyk damar tutup, köpelip, bu gün şahalap agzyndan çykdy. Kalbynda bahylçylykdyr içigaralyk ornaşan ynsan näme iýip, näme içendigini bilmän, özüniň duşmany hasaplaýan adamsyna zyýan ýetirmek üçin ýaşar. Ol aýalydyr çagalaryndan, öý-öwzaryndan habar alman, mekirlikdir al gurap gününi geçirer.

Içigaralyk zulumdyr, oňa endik etmek bolsa duşmançylykdyr. Ol kimiň kalbynda ornaşsa, bu adam gaýgy-gama batyp, içigaralyk odunyň uçgunlary ýanyp duran uly oda öwrülip, ony ýaşaýşyň lezzetinden mahrum eder. Allanyň ýardamy

bolmasa, bu keselden şypa ýokdur. Ol gaýgy-gamda, göwnüçökgünlikde ýaşap, gözgyny halda dünýäden öter. Içigaralyk onuň ganyny içip, etini iýer. Onuň ýüreginde ornaşan görüplik gara ýylandyr içýanyň awusyndan ajy hem zäherlidir. Içigaralyk ýürege oklanan ýigrenç tohumydyr. Eger ýolbars bilen içigaralygy deňeşdirsek, olaryň ikisi hem örän wagşy we gorkunçdyr. Ýolbarsyň daşky görnüşi gorkunç bolsa, içigaralygyň içki görnüşi gorkunçdyr. Ýolbars ynsanyň daşky görnüşine zeper ýetirse, içigaralyk ynsanyň içki dünýäsini berbat edýär. Ýolbarsdan gorkup birnäçe parsah ylgasaň, ondan gaçyp halas bolmagyň mümkin. Emma içki dünýäňde orun tutan içigaralykdan Maşrykdyr Magryp aralygynda ylgasaň hem halas bolup bilmersiň.

Durmuş päkizedir, lezzetdir sapa,
Bahyllyk kalbyňy etmese hapa,

Niýeti päkleriň jennetdir jaýy,
Bahyldan daşda dur, ýatla Hudaýy.

Ýunan pelsepeçileri we danalary hem içigaralyk hakynda köp rowaýatlar galdyrypdyrlar. Men olardan diňe biziň dinimize, adatymyza we ahlagymyza gabat gelýän rowaýatlaryny kabul edýärin. Meni geň galdyrýan zat içigaralyk we bahylçylyk ähli milletlere mahsus eken. Şol danalaryň biri şeýle diýýär: «Içigaralygy we bahylçylygy jandaryň sypatynda göz öňüne getirsek, onda ony ýylanyň we içýanyň sypatynda göz öňüne getirip bileris. Ýylanyň we içýanyň diline diňe pygamberler we güýçli tebipler düşünipdirler. Bu dünýäden ýaman işler edip öten adamlary gabyrda ýylandyr içýanlar çakyp, azap beripdir. Ýylanyň we içýanyň zäheri başga birine geçende örän agyryly bolýar. Ol tutuş bedene ýaýrap, hatda ony öldürýär. Diýmek, içigaralyk we bahylçylyk hem adamyň kalbyna ornaşanda ony heläk edip bilýär. Ýylandyr içýanyň zäheriniň awusy geçer, emma içigaranyň we bahylyň ýetiren awusy hiç haçan gitmez. Allatagala bu jandarlary ýaradanda olaryň zäherinde peýda-da, zyýan-da goýupdyr. Içigaralyk we bahylçylykdan daşda duranlar sogap, oňa ýüreginden orun berip, sadyk guluna öwrülenler bolsa günä gazanýarlar. Ähli zatlar diňe Alla aýandyr».

Men ol şyltak, töhmet atýan ynsanyň ýalan, kezzap sözlerini eşidenimde näçe gaharym gelse-de, sabyrlylyk etdim, çydadym. Sabyrly bende Alla ýakyndyr. Men onuň sözlerini eşidip gynandym. Sebäbi maňa bahylçylyk ediler ýaly men maly-dünýä, şan-şöhrata, at-abraýa kowalaşyp, baýlyk jemlemedim. Ýaşan ömrümi kanagatly, sabyr-takatly Allanyň parzyny ýerine ýetirip, Muhammet alaýhyssalamyň sünnetine eýerip ýaşadym. Onuň beýle diýmegi kalbyndaky içigaralygyň zäheriniň ganyna geçip, beýnisine baryp, akyl-huşuna zeper ýetirendi-giniň alamatydyr. Ol bedeni zäherlenip, lagar düşüp, diňe kimdir birine içigaralyk edende herekete gelýän bolupdyr. Meniň kalbymyň arassa, niýetimiň päkdigi Allatagala aýandyr. Allatagalany tanap, Oňa päk ýürek bilen ybadat edýänler bu keselden amandyr. Ol päli azan, niýeti gara ynsany Allatagala dogry ýola salyp, akylyny, kalbyny we niýetini içigaralygyň zäherinden päklesin! Hoş sag bol!

ON SEKIZINJI HAT

Beýik Alla seni ýagşy işlere gönükdirip, ýaman işlerden gorap saklasyn!

Men saňa hat ýazyp, seniň söýgüňe ýa-da hormatyňa mätäç bolmadym, senden çörek ýa-da wezipe islemedim. Seniň käriňe, zehiniňe we abraýyňa hormat goýdum. Meniň abraý-derejäm, mal-mülküm seniňkiden has köpdir. Edebiýat äleminde meni şahyrlaryň soltany, kätipleriň şasy diýip tanaýarlar. Meniň öz ýolum bolup, sen meniň bilen gürrüňdeş bolanyňa buýsanyp, söhbetdeş bolanyňa şatlanyp ýaşaýansyň öýtdüm. Meniň bilen oturşyp ylymda peýda, şygyrýet äleminde nep gazanardyň. Emma soňky döwür seniň bilen söhbetdeş bolanymda we seniň hatyňy okanymda, men seniň meni mal-mülküňden tamakindir öýdýäniňe düşündim. Men saňa ýaran bolmaga, seniň üstüň bilen abraýymy galdyrmaga ymtylýandyr diýip pikir etdiň.

Eltmez gapyňdan hiç garyplyk zary,
Baýlyk wagty çäkli geçýändir bary.

Garyplyk tanyşdyr ezýetsiz maňa,
Ylymda keramat dilärin saňa.

Senden tamakin, saňa mätäç bolandan asmana seredip, elimi göge galdyryp, Alladan dilänim gowudyr. Alladan ýagyş dilände Ol gök asmany gürledip, älem-jahany lerzana getirip, sil getirip bilýär. Emma sen ýeke damjada ýagdyryp bilmersiň. Sen meniň egindeşlerimden, tutýan ýolumdan meniň kimdigime göz ýetirmediňmi? Men pespäl bolup bilerin, emma peselip bilmerin. Ot bassalar çydaryn, emma masgaraçylyga çydamaryn. Zäher içip bilerin, emma utanç donumy sypyryp taşlap bilmerin. Söweş meýdanynda iň soňky demime çenli söweşip, duşmana garşy durup bilerin, emma pyssy-pyjurlykdan gaçaryn. Meniň üçin iliň içinde masgara bolandan, diriligime çişe düzüp, bişirenleri gönüme jaýdyr. Töhmet atyp, wezipä, at-abraýa ýetenimden, açlygyma, garyp halda gözümi ýumup ölenim ýagşydyr. Paýyş söz eşidip ýaşanymdan, şol dem demim üzülip, pany bilen hoşlaşanym ýagşydyr. Ahlagymdan daşlaşyp şat ýaşanymdan, buýsanjym bilen gaýgy-gamda ýaşanym gowudyr. Men dostlarymy gylyjyň gyny kimin gorap bilerin, emma müňkürlik giren gyna sygmaryn. Utançsyz gözden, Alladan gorkmaýan kalpdan, ýaman gümandan, imansyz adamdan, müşrik dostdan, munapyk ýarandan Allanyň özi saklasyn. Ýere taşlanan bugdaý bir dänesiniň ýedi däne bolup çykyşy kimin, maňa edilen bir ýagşylyga çäksiz ýagşylyk bilen jogap berýärin. Meniň utanç-haýam, dini ygrarlygym, Allanyň inderen kitaby bolan Gurhany Kerimde aýdylýan sözlerde terbiýelenen aň-düşünjäm, Muhammet alaýhyssalamyň sünnetinde ýugrulan imanym meni müňkürlikden, ýaman gümandan, tamakinçilikden we haram, şer işlerden aman saklaýar. Akyl-paýhas dogry ýolumyň şamçyragy bolsa, ar-namysym peselmekden goragymdyr.

Seniň men hakda erbet pikirde bolmazlygyň üçin seniň bilen dostlukdan ýüz öwürýän. Şeýle etsem meniň gönüm rahat, seniň köňlüň müňkürlikden halas bolar. Goý, Allatagala seniň kalbyňy, aň-düşünjäňi ýaman pikirden päklesin!

Arzuw atym bardyr ýetdirmez ýele,
Nadan atym bardyr sygmaz ol ile.

Meni dost tutanyň, byradary men,
Duşman bolsa, söweş hyrydary men.

Eý, Allam her bir ynsanyň ýagşy niýet ýarany, halallyk halany bolup, ýaman niýetden kalby päklensin.

ON DOKUZYNJY HAT

Görk-görmekdir Jemaleddin abraýy,
Alla nazar salyp, sogap serpaýy.

Eden amallary deňizdir umman,
Ony görmedikler çekerler arman.

Jemaleddin on dördi gijäniň aýy,
Haýyr-yhsan etdi, jennetdir paýy.

Diniň şerigatyň sensiň esasy,
Sensiň ulamalaň daýanç hasasy.

Utançdyr haýanyň çeşmesi sensiň,
Sogabyňy Alla bihasap bersin.

Nygmatyň egsilmez, nanyň gytalmaz,
Sogap gylyjyň seň asla kütelmez.

Yslam tugy parlar seniň eliňde,
Seniň barlygyň toý ulus iliňde.

Sogap köşgün gurduň, synmaz hiç haçan,
Ylmyňa maýyldyr gapyňy açan.

Abraýyň zyýada, hormatyň belent,
Ýagşyzadaň işin, Allam rowaç et.

Her bir sözüň raýatlara nesihat,
Hassa kalplardan sen dep edýäň hasrat.

Saňa aýdýan öwgim sende bar sypat,
Ýalan sözüm ýokdur, bary hakykat.

Ymmatyň buýsanjy, synmaz örküsiň,
Yslamyň daýanjy, nurly görküsiň.

Raýatlara medet berdiň penakär,
Nurly keşbiň görse, doň ýürek erär.

Haýyr-yhsan etdiň, çekmegin arman,
Adamlara berdiň eşretli döwran.

Ýanyňa gelenler bolar bagtyýar,
At-abraý, dereje bary sende bar.

Raýatlara mydam gujagyň açyk,
Myhmandyr, dost-ýara saçagyň açyk.

Sensiň bu ymmatyň takwa ymamy,
Baky buýsandyrýaň sen musulmany.

Yzyňa eýeren tapar bereket,
Ahyretde jaýyň Firdöwsi jennet.

Ylymyň çäksizdir, kenarsyz deňiz,
Sen deý asylzada, görmedim heniz.

Waspyňy aýtmaga kelamym ýetmez,
Galdyran yzlaryň asyrlar öçmez.

Abraýdyr hormatyň çaksyz zyýada,
Allanyň halany sen, asylzada.

Seniň şygaryňdyr kanagat-ynsap,
Allanyň zikrinde bolduň bihasap.

Ajaýyp sypatlaryň eýesi, älem-jahap şasy, janly-jandary ýaradan danalaryň danasy, soltandyr hökümdarlaryň soltany, nygmat eýesi, beýikleriň beýigi bolan Allatagala öwgüler bolsun!

Çirk öýüni ýumrup, hak ýoly salgy beren, adamlary tümlükden nura çykaran, butparazlaryň tuguny ýatyryp, päk yslam dininiň tuguny parladan, iman çyragyny ýakan Allanyň söýgüli we iň soňky resuly Muhammet alaýhyssalama, onuň päk asylzada maşgalasyna, haýyr işleriň başyny tutan egindeşlerine salawatlar bolsun!

Allanyň ýagşyzada bendesi, Beýik hökümdar Horezmşanyň şan-şöhradyny Maşrykdan Magryba ýaýan, abraý-derejesini zyýada, tuguny belent eden, onuň ýurduny ylym ojagy, nygmat çeşmesi medeniýetiň, diniň merkezi, raýatlara bagtyýar, lezzetli durmuşy peşgeş beren Allatagala ýene bir kerem öwgüler bolsun! Allanyň nazar salan bu diýary ylymdyr diniň, medeniýetdir asudalygyň merkezi

boldy. Bu mukaddes toprakdan niçe-niçe ulamalardyr ymamlar çykyp, öçmejek yz galdyrdylar. Bu ýeriň raýatlary ýa-da bu mukaddes topraga gadam basanlar duşman gylyjyndan, talaňçydyr ogrulardan amandyr. Allanyň ýagşyzada bendesiniň tagallasy bilen bu diýaryň raýatlary keseki ýurtlylara doganyna hormat goýşy kimin hormat goýýarlar. Şonuň üçin köp alymlardyr ymamlar, söwdagärlerdir senetkärler bu topragy özlerine Watan tutunyp, bu ýeriň pajarlap ösmegi üçin elinde baryny etdiler. Mukaddes diýara gelenler ýüreginde besläp ýetip bilmän ýören maksat-myradyna ýetdiler. Olaryň gum diýip garbany gyzyl boldy. Bu diýaryň abraýy artyp, serhedi giňedi. Onuň daş-töweregindäki obadyr şäherler Allanyň ýagşyzada bendesiniň tagatyna girmäge isleg bildirýärdiler. Allanyň ýagşyzada bendesiniň egindeşleri üçin üçünji gezek Alla hamdy-senalar bolsun! Olar bu jöwher ýaly döwletiň daýanjy, göwher ýaly ýurduň diregi, päk diniň sütüni bolup hyzmat etdiler. Ýagşyzada ynsanlaryň dileg-dogalary, eden ybadatlary döwletiň nygmatynyň köpelip, ýurduň mal-mülküniň egsilmez derejelere barmagyna ýardam berdi. Ýaşan asyrynda meşhurlyk gazanan, döwründe öçmejek yz galdyran, uly at-abraý we çäksiz hormat eýesi Jemaleddin hem Allanyň ýagşyzada bendesiniň ýakyn egindeşleriniň biridi. Bu ynsan (goý, Alla onuň ömrüni uzak, işini rowaç, abraý-derejesini zyýada etsin!) ylym çeşmesi, abraý-dereje magdany we arapdyr ajamyň maslahatçysy boldy. Häzirki wagtda ähli abraýly ymamlar oňa öýkünmäge, uly şäherlerdir ýurtlaryň alymlary onuň ýoluny yzarlamaga çalyşýarlar. Utanç-haýany ýaran, adyllygy dost, adamkärçiligi dogan, tekepbirligi duşman tutunan bu asylzada diniň daýanjy, döwletiň buýsanjy we ýurduň synmaz sütünidir. Döwletiň raýatlary oňa guwanyp, ata-babalarymyzyň ruhlary rahatlyk tapdylar. Onuň haýyr-yhsanlary, ýagşy häsiýetleri Allanyň ýagşyzada bendesi, Beýik hökümdar Horezmşanyň keremli nazaryndan sypmady. Goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraýyny zyýada edip, döwletiniň tuguny belentde parlatsyn! Goý, Allatagala onuň ýurdunyň çägini mundan hem giňeldip, raýatlarynyň her bir sagadyny şatlyk bilen zynatlasyn! Bu asylzada ynsanyň Allanyň ýagşyzada bendesiniň hyzmatyna gelmegi bilen ýurduň abraýy artyp, döwletiň rysgaly has zyýada boldy. Allatagala şeýle adamlaryň eden we edýän

haýyr-yhsan işleridir sogaby üçin bu döwlete penakärlik etdi. Bu asylzada ynsan diňe bir haýyr-yhsan we sogap işler bilen meşgul bolman, eýsem, şygyr ýazmak bilen hem meşgul bolýardy. Onuň şygyrlaryny okanyňda, baharyň mylaýym şemalyndan dem alyp, belent daglaryň üstündäki bulutlarda syýahat edýärdiň. Şygyrlaryň her bir sözi jennetiň miwesi kimin datly we lezzetlidi. Bu asylzada ynsanyň at-abraý, şan-şöhraty asyrlardan asyrlara geçip, geljekgi nesillere nesihat, ýol-ýörelge bolup galar. Ol dile çeperligiň ussady, belagatyň[10] mugallymydy. Eger Sahban[11] şu pille direlip gelen bolsa, bu asylzada bilen gürleşmäge söz tapmazdy. Megerem, ol utanjyna ýene-de gabra gaçyp girerdi. Araplaryň özleri hem bu asylzadadan arap dilinden we dile çeperligiň çylşyrymly tilsimlerinden sapak alýardylar. Men hem şeýle asylzada (goý, Alla ony penasynda aman saklasyn!) bilen gatnaşykda bolup, hat alyşýanyma buýsanýaryn we şatlygymyň çägi ýokdur. Men bu dünýäde şeýle asylzadanyň barlygy üçin gije-gündiz Alla şükür edip, Oňa bihasap hamdy-sena aýdýaryn. Goý, Alla onuň ömrüni uzak, işini rowaç, abraý-derejesini belent edip, penasynda aman saklasyn! Hoş sag bol!

ÝIGRIMINJI HAT

Bu hat Yspyhan emirine ýazyldy, goý, onuň ömri uzak we mertebesi belent bolsun! Goý, Allatagala ony görüner-görünmez belalardan we agzalalyk pitnesinden aman saklasyn!

Bize gelýän ýagşy adamlardan, uzak ýol söküp gelen kerwenlerden, jahankeşde derwüşdir galandarlardan bu ynsanyň çäksiz adyllygy, päk ýürekliligi, danalygy, parasatlylygy, diniň daýanjydygy, keremlidigi we haýyr-yhsan işleri edýändigi hakyndaky habarlar çar tarapdan gelip dur. Goý, Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn we oňa ýardam bersin!

Yspyhan diniň we döwletiň merkezi, milletiň we ymmatyň daýanjy, dogry ýoluň we ylmyň ojagy bolan şäherdir. Bu şäher abadanlygyň we asudalygyň,

[10] Belagat – dilewarlyk sungaty.
[11] Araplarda iň dile çeper saýylan adam. Ol gündogar dilewarlyk sungatynda dilewarlaryň soltany hasaplanýar.

owadan kaşaň jaýlaryň we adyllygyň, haýyr-yhsanyň we ynsanperwerligiň mekanydyr. Allatagala bu şähere we onuň golaýyndaky etraplaryna asudalyk we rysgal-döwlet bagyş etdi. Bu şäher älemde iň bir öwgüli şäherleriň biridir. Oňa haýran galyp goşgy ýazmadyk şahyr, waspyny ýetirmedik aýdymçy ýokdur. Bu ajaýyp şäheri taryp edip ýazylan goşgular onuň raýatlarynyň sanyna barabardyr.

Ajaýyp günleriň birinde bu şäheriň emirinden bize hat gelip gowuşdy. Bu hatyň üsti bilen ony ýazanyň beýik ahlakly, atly-abraýly, şan-şöhratly, asylzada adamlaryň neslinden gelip çykandygyna göz ýetirmek bolýar. Goý, Allatagala onuň kyn işlerini ýeňil etsin, üstünlik onuň hemrasy bolsun, myrat-maksadyna ýetsin, onuň at-abraýynyň we şan-şöhratynyň çägi bolmasyn! Biz hem onuň hatyna jogap ýazyp, özümiziň bu hak ýolda ýolumyzyň birdigini we onuň bilen aýrylmaz ýoldaşdygymyzy aýtdyk. Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak, işini rowaç etsin! Yspyhan we onuň etraplary ylmyň we medeniýetiň, asudalygyň we abadanlygyň, ýagşy syýasatyň we adyllygyň merkezidir. Bu şäherde zulum ody haýyr-yhsan çeşmesiniň suwy bilen söndürilýär. Küpürlik we pasyklyk agajy diniň ýiti gylyjy bilen çapylyp taşlanylýar. Bu şäheriň adamlaryny agzybirlik gurşap alýar. Goý, Allatagala Yspyhany we onuň raýatlaryny öz penasynda aman saklasyn! Goý, bu ýere duşmançylyk bilen gelenler öz alyna çolaşsynlar! Goý, onuň ömri uzak, işi rowaç bolsun! Bu hat ýagşy we jaýdar manyly aýdylan sözlerden doludy. Bu hatdaky her bir sözi gyzyla gaplaýmalydy. Goý, Allatagala bu hak ýolumyzdaky kynçylyklary ýok etsin we hak ýoluny tutýanlary öz penasynda saklasyn! Goý, Allatagala onuň ömrüni uzak etsin we ony öz penasynda aman saklasyn! Ol hatynda biziň bilen ýakyn aragatnaşyk saklamak we özüniň her bir etjek işini maslahatlaşmak isleýändigini ýazypdyr. Biz hem uzak wagtdan bäri onuň bilen ýakyn aragatnaşykda bolmak we her bir döwlet işinde onuň bilen maslahatlaşmak isleýärdik. Emma biziň hökümdarymyzyň edýän döwlet işlerine günüň dowamyndaky wagt azlyk edýärdi we şol sebäpli biziň ýazmaly hatymyz biraz gijä galdy. Biz onuň tutýan ýolunyň, alyp barýan parasatly syýasatynyň dogrudygyny makulladyk. Onuň islendik meselede biz bilen maslahatlaşmaga ýüz tutup biljekdigini aýtdyk. Ýagşy işleri ileri tutýan, haýyr-yhsan iş edýän adamlar hemişe

biziň ýaranlarymyzdyr. Goý, Allatagala biziň ýaranlarymyzyň ömrüni uzak we işlerini rowaç etsin! Goý, Allatagala olara penakär bolsun!

ÝIGRIMI BIRINJI HAT

Bu hat abraýly alym Mejidilmülk Eziz Togra ýazyldy. Men bu haty ýazmak bilen onuň ömrüniň uzak, abraýynyň belent bolmagyny Beýik Alladan dileg edýärin. Onuň bu panyda ýaşan mütdeti ylmyň we medeniýetiň ösüşi onuň abraýy we derejesi kimin össün. Ol bu älem-jahanyň we ylmyň örki, ylmy mejlisleriň görküdir. Onuň gatnaşan mejlisinde adamlaryň ýüzündäki nuruna nur, ýüregindäki ylmyna ylym goşulýar. Onuň ylmy, edebi, medeniýeti meni dogry ýola gönükdirýär we meniň ruhuma ruh, şatlygyma şatlyk goşýan çeşme bolup durýar. Onuň ýerlikli we dogry nesihatlary şeýtanyň meniň ýüregimde ýakan bet niýetli oduna sepilen suw kimindir. Ol iň abraýly we batyr, edermen ynsanlaryň biridir. Goý, Allatagala ony öz penasynda gorasyn we duşmanyň bet niýetlerinden aman saklasyn! Goý, Allatagala oňa uzak ömür bagyş etsin! Ol öz üstüne ýagşy ýoly we utanç-haýany ýük edip aldy. Oňa pany dünýäniň lezzetleri haramdyr we ol aýşy-eşretlerden mahrumdyr. Ol diniň goragçysy, ýagşy adamlaryň ýardamçysy we daýanjydyr. Ol özüniň akylynyň sadyk guludyr. Men onuň din we ylym üçin eden hyzmatlaryny göz öňünde tutup, oňa uly hormat goýýaryn. Oňa hamdy-sena aýdyp, ömrüniň uzak, işiniň rowaç bolmagyny Beýik Alladan dileg edýärin. Goý, Horezm diýarynda onuň abraýy mundan beýläk hem beýik bolsun! Onda bar bolan ýagşy asylzadalyk, keremlilik, ahlaklylyk, wadasyna wepalylyk häsiýetleri we ylmy ony has uly abraýa eýe edýär we mertebesini beýgeldýär. Köp adamlaryň ondan görelde alyp, oňa öýkünmäge haky bardyr. Onuň ýagşy häsiýetlerini sanap aňyrsyna çykar ýaly däldir. Häzirki zamanda zalymlaryň zulum işler bilen, ylymsyzlaryň nadanlyk bilen meşgul bolýan wagtynda onuň ýagşy-sogap işleri tümlüge ýagty saçýan parlak ýyldyz kimindir. Men bu haty ýazmak bilen oňa özümiň hormatymy we çäksiz söýgümi beýan etdim hem-de islendik işinde ýardam gerek halatynda onuň maňa çekinmezden ýüz tutup biljekdigini duýdurdym. Alla ýol

berse, çäksiz söýgüden we hormatdan doly bolan bu hat iň soňky hat däldir. Şeýle asylzada, abraýly ynsan meniň hatyma jogap ýazsa, meniň garyp köňlümi şat eýlärdi we meniň mertebämi beýgelderdi.

ÝIGRIMI IKINJI HAT

Bu hat synmaz döwletiň sütüni, bu döwletiň daýanjy bolan keremli ýagşyzada ynsana (goý, onuň ömri uzak, işi rowaç bolsun!) ýazyldy. Allatagala bu nygmaty we bereketi üçin öwgüler we şükür aýdýarys. Bu ýagşyzada ynsan (goý, onuň ömri uzak, işi rowaç bolsun! Beýik Alla ony öz penasynda aman saklasyn!) özüniň mübärek hatynda esasy iki zada üns bermegimizi, ýagny onuň ogluna hormat-sylag etmegi we raýatlaryň halyndan habar almagy we olara rehim-şepagatly bolmagy ündeýär. Men onuň bu iki emrine geň galdym. Birinji emrini geň görmegimiň sebäbi, men onuň bilen ýakyn dostlukda we söhbetdeşlikde bolandygym üçin bu ýagşyzada ynsanyň mertebesi, ýolbars balasy, asylzadalaryň dowamy bolan onuň ogly meniň üçin iň sylanýan adamlaryň biri bolup, kalbymyň künjeginde we gözümiň üstünde ýer aldy. Ikinji emrini geň görmegim bolsa, bu ýagşyzada ynsan bilen hat alşyp ugranym bäri, ol maňa her gezek bu sargydyny sargaýar. Alla şaýatdyr, raýatlaryň müşgilligi meniň müşgilligimdir. Olaryň ýagşy güni meniň hem ýagşy günümdir. Olaryň halynyň teň bolan ýerinde meniň hem halym teňdir. Bu ýagşyzada ynsan (goý, onuň ömri uzak, işi rowaç bolsun!) maňa raýatlary söýüp, olaryň söýgüsini gazanmagy öwreden adamdyr. Eger-de men ýalňyşan bolsam, onda täzeden olaryň söýgüsini gazanmaga çalşaryn.

Ymamlara hak ýoluny görkezip, ýagşyzadalaryň buýsanjy, alymlaryň daýanjy bolan bu ynsanyň ömri uzak, işi rowaç bolup, goý, Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn!

ÝIGRIMI ÜÇÜNJI HAT

Bu hat alym, ymam Mahmyt ibn Omar Zamahşara[12] ýazyldy

[12] Abulkasym Mahmyt ibn Zamahşary 1075-1144-nji ýyllar aralygynda ýaşan beýik türkmen alymy.

Allanyň goňşusy[13] diliň şypaly,
Dile çeperlikde tapdyň kemaly.

Hormatdyr abraýyň minara misli,
Nygmat eýesidir, keremden asly.

Sensiň bu diýaryň buýsanjy, şany,
Künýäň maýyl edýär külli ynsany.

Şu diýarda doglup kemala gelen ynsanyň Allanyň goňşusy adyny götermegi bizi diýseň buýsandyrýar. Allanyň goňşusy ada mynasyp bolan adama Horezmiň buýsanjy diýsek artyk bolmaz. Men abraý köşgüni bina eden, ylymda kämillik gazanan we ulus-ile görelde bolup ýaşan şeýle beýik adamyň watanynda ýaşaýandygyma örän begenýärin. Bu adam din we ylym üçin eden işleri bilen Allatagala ýakyn adamlaryň biri boldy. Goý, onuň ömri uzak, işi rowaç, mertebesi belent bolsun! Ol adamyň elinden hasasy gaçanda hasasyny ýerden galdyryp bereniň iki dünýäsi hem abat bolar we kalbyna düwen maksadyna ýeter. Eger meniň sähelçe boş wagtym bolsa, onda men bu Allatagala ýakyn adamyň hyzmatynda bolardym, onuň köwşüni çykaryp, münjek malyny otlaga goýberip, suwa ýakyp gelerdim. Emma ykbal maňa beýle bagty miýesser etdirmedi. Onuň hyzmatynda bolup, kyn işini ýeňilleşdirmek her bir ynsan üçin uly abraý, buýsanç we mertebedir. Men häzir uzak gijeler oturyp oýlanyp, oňa hyzmat edip bilmedigime ökünip aňyrsyna çykyp bilemok. Ykbal maňa täzeden şeýle pursat bersedi, onda men onuň bosagasyna ýassanyp ýatyp, täret suwuny gyzdyryp getirip bererdim Onuň abraýy onuň ömründen has uzak ýaşar. Bu Allatagala ýakyn ynsanyň eden haýyr işleriniň we ýazan kitaplarynyň sany-sajagy ýokdur. Onuň gepleýän dili döwletiň dili hasaplandy. Eger ol ata watanyna, —bu mukaddes topraga gelse, men onuň mejlislerine gatnaşyp, her bir öwüt-ündewini diňläp, Allanyň parzy kimin eda ederdim. Eger ol bu diýara mübärek gadamyny goýsa, onda ol gün mukaddes topragyň her bir künjegi toýa beslener we bize ykbalyň gülüp bakdygy bolar. Megerem, Allatagala bu ynsanyň eden haýyr-yhsan işleri we

[13] Jarulla – Allanyň goňşusy. Abulkasym Mahmyt ibn Zamahşarynyň künýesi.

kämil ylmy üçin bu diýara çäksiz nygmat inderendir. Goý, onuň ýagşy işleri üçin Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn we ähli işlerinde ýardam bersin! Şeýle ynsanlara hormat goýup, olara mynasyp hyzmat etmek biziň üçin parzdyr. Hoş sag bol!

ÝIGRIMI DÖRDÜNJI HAT

Bu hat ymam Abu Sagyt Harawa[14] ýazyldy

Abu Sagyt sensiň şöhratym şanym,
Ylymda hanym sen hem-de soltanym.

Ylym bossanyna girizdiň meni,
Ýyldyzlardyr aý hem togaplar seni.

Ylym göwher täjin geýdiň sen başa,
Ylymyň paýlaşdyň bakmadyň ýaşa.

Bu edebiýatçy alym yslam ymmatynyň göwher daşy we yslam dininiň buýsanjydyr. Allatagala bu ynsany älem-jahana getirmegi adamlara çäksiz nygmat eçildigidir we ykbalyň gülüp bakmagydyr. Ol aramyzda bolan her bir gününi akylynyň ündän ýoly bilen ýaşap, ynsanlaryň kalbyny ylym zynaty bilen zynatlady. Beýle adamyň biziň döwürdeşimiz bolmagy biziň üçin iň uly nygmatlaryň biridir. Ol yslam dininiň daýanjy we goragçysydyr. Onuň her bir sözi misli lagly-merjendir. Onuň aýdýan manyly sözleriniň bahasy ýokdur. Bu adamyň Balh we Nyzamyýe medreseleri üçin eden işleri örän uludyr. Onuň mejlisine gatnaşmagyň özi uly mertebedir.

Abu Sagydyň mejlisi,
Buýsandyrar geljek nesli.

Ol geçmişiň buýsanjy,
Geljek nesliň daýanjy.

Abu Sagyt özüniň wagyz-nesihaty we haýyr-sogap işleri bilen yslam ymmatyny dogry ýola gönükdürmekde örän uly işleri etdi. Ol dile çeperligiň — belagat ylmy-

[14] Abu Sagyt Harawy – Reşideddin Watwatyň Balhdaky Nyzamyýye medresesindäki ilkinji mugallymy.

nyň serkerdesi, danalygyň, edebiýat ylmynyň şasy we uly at-abraý eýesidir. Ol Allatagalanyň ynsan bedeninde ýaradan dürüdir.

Barça ylymlaryň enesi—edep,
Ajama, araba gerekli mekdep.

Men ömrümiň her bir gününi hem sagadyny oňa öýkünmäge çalyşýaryn. Ol adamyň maňa eden haýyr işleriniň hetdi-hasaby ýokdur. Men neneň oňa hamdy-sena aýtmaýyn we neneň oňa doga etmäýin?! Ol edebiýat ylmyna meniň gözümi açdy, ylym şerbetinden gandyrdy we meni abraý donuna büredi.

Abraý-derejämi göteren sensiň,
Maksatly ak ýola ataran sensiň.
Maňa bilim berip, ylym öwredip,
Şeýtanyň alyndan gutaran sensiň.

Meniň doganym Omar (goý, Allatagala ony öz penasynda aman saklap, işini rowaç eýlesin!) hem şu wagt bu keremli ynsanyň elinde ylym öwrenip, şan-şöhrat ýoluna abraý atyny eýerleýär. Horasan diýarynda bolup, onuň mejlisine gatnaşan adamlar bu asylzadanyň manyly dürdäne sözlerini gaýtalap, gürrüň berip ýadanoklar. Goý, bu adamyň işi rowaç alsyn we Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn!

ÝIGRIMI BÄŞINJI HAT

Alym adam nirä gitse-de, özüniň ylmy bilen abraý-dereje gazanyp, hormat-sylag donuny geýýändir. Ol ylmy, dana pikirleri bilen mertebesini beýgeldip, şan-şöhrat suwundan ganyp, hasapsyz baýlyk, genji-hazyna toplap bilýändir. Onuň bilimi, dana pikirleri sandykda duran göwher daşydyr, oňa garyplyk, açlyk howp salýan däldir. Emma nadan adam hemişe gaýgy-gamlydyr. Olar mydama kimdir birinden nägiledir, kimdir biriniň hyzmatyndadyr. Eger beýle adamyň eline nähilidir bir ýol bilen baýlyk düşäýse, ol özüni hökümdar saýar, häsiýetinde gopbamsylyk peýda bolar. Emma tiz wagtda ol bu baýlygyň soňuna çykar we

ömrüniň ahyryna çenli baýlygy ýitirendigini kimdir birinden görüp, ökünip gezer. Geň zat, akyl-paýhasyň zyýada ýa-da nakys bolmagy kimdir birini abraýa, şan-şöhrata, wezipä we baýlyga ýetirse, kimdir birini abraýdan düşürip masgara edýär we ony garyplyga getirýär.

ÝIGRIMI ALTYNJY HAT

Sensiň ulamalaň goragy, dony,
Aýdan her bir sözüň uly bir many.

Abraýdyr derejäň süýji çeşmedir,
Kämil ylymyňa barça teşnedir.

Hormatyň-mertebäň uly bir umman,
Şan-şöhrat gazandyň, bolmasyn arman.

Amallaryň ulus-ile görelde,
Sözleriň şypadyr şypasyz derde.

Howlyňda jemlener ulama—ymam,
Sensiň şer işlerden gaçybatalgam.

Ylymyň gözbaşy abraý magdany,
Şerden halas etdiň sen musulmany.

Utanç-haýa boldy ýakyn ýaranyň,
Alla ýalkap seni, sag bolsun janyň.

Seni görenleriň päklener kalby,
Ylmyň haýran etdi Ajam Araby.

Seniň keramatyň barçaga aýan,
Bagtyýar duýarlar ýanyňa barýan.

Seniň bilen ýurda gelýändir nygmat,
Gije-gündiz işiň boldy ybadat.

Hormatyň uludyr gökde hem ýerde,
Haýyr-yhsan edip bolduň görelde.

Alla nazar salan asylzada sen,
Takwalykda taýsyz ýagşyzada sen.

Mahabata mynasyp sen her daýym,
Öz penaňda gora, ony Hudaýym.

Sen beýiksiň, seniň söýgüň beýikdir,
Her bir sözüň gamly köňle seýikdir.

Gamly köňlüm seniň sözüň mätäji,
Ybadatda geýdiň göwherden täji.

Meniň üçin sen edermen serkerde,
Gije-gündiz sensiň bu gamly serde.

Päk kalbyňda bahyllyga ýok orun,
Mätäje paýladyň baýlygyň baryn.

Sogap işleň bary aýandyr Alla,
Sen ynsan keşpdäki perişde, ylla.

Bu hat ymamlaryň ymamy Zyýadeddine ýazyldy. Zyýadeddiniň yslam dininiň we musulmanlaryň iň abraýly adamlarynyň, ähli älem-jahanyň alymlarynyň şasy, Maşryk we Magrypdaky hatyplaryň hatyby, gury ýerdäki we deňizdäki ymamlaryň ymamydygy hökümdarymyza aýandyr. Goý, onuň ömri uzak, işi rowaç, abraý-derejesi zyýada bolsun! Goý, Beýik Allatagala onuň rysgal-döwletini mundan hem zyýada etsin!

Dilsiz daglar we lal baglar bu ýagşyzada ynsanyň yslam dini we musulmanlar üçin bitiren hyzmatlaryny görende bu ynsanyň waspyny ýetirmek üçin dil açmaga çalyşýar. Üstünde gar ýatan beýik daglar bu ýagşyzada ynsany görende gyş pasyl hem bolsa gök ota bürenýär, baglar gülläp başlaýar. Şeýle ýagdaýda bu ýagşyzada ynsanyň Allanyň nazar salan ynsanlarynyň biridigi nadana-da aýan bolýar. Bu ýagşyzada ynsan yslam dininiň parlak ýyldyzy, tümlige ýagty saçýan aýydyr. Ol hak ýoluny görkeziji we musulmanlaryň buýsanjydyr. Onuň ýolundan ýöränler şergünä işlerden we dowzah odundan amandyr. Ol diniň ýardamçysy, kazylaryň kazysydyr. Goý, Beýik Allatagala ony öz penasynda aman saklasyn! Emma onuň keremli haýyr-yhsan işleri wezipeli adamlaryň gözüne ilmedi we degerli baha berilmedi. Olaryň bu ýagşyzada ynsanyň haýyr-işlerine üns bermezlikleri onuň kalbyny gaýgy-gamdan doldurdy. Häzirki wagtda hökümdarymyzyň (goý,

Allatagala onuň ömrüni uzak etsin we ony öz penasynda aman saklasyn!) ony öz penakärligine almagy bilen bu ýagşyzada ynsan özüniň mertebesine laýyk abraý-derejä eýe boldy. Onuň geçen günlerdäki ähli gaýgy-gamlary dep bolup, onuň ýerini şatlyk, durmuşa bolan söýgi duýgusy eýeledi. Ol özüniň ähli güýç-kuwwatyny ylma bagyşlady.

Biz ol obadan daşdygymyz we aranyň uzaklygy sebäpli ol ýerde ýaşaýan raýatlaryň halyndan habar alyp bilemizok. Biz ýakyn wagtda ol ýere adam ibermekçi, eger olar bu obanyň adamlarynyň ýüzlerinde şatlyk, sözlerinde hamdy-sena tapsalar, onda bu olaryň ýagşy ýaşaýyşda ýaşap, durmuşdan göwnihoş-duklarynyň alamatydyr. Eger bu diýýänlerimiň tersine bolsa, onda olaryň durmuşy hem şeýledir. Biz bu obanyň işlerini bu sadyk gulumyza ynananymyza kyrk bir ýyl boldy. Emma şu aralykda bu ýerdäkileriň halyndan habar almaga ne hökümdaryň ne-de soltanyň adamlary geldi. Emma adamlaryň halyndan habar alyp, olaryň müşgil işlerini çözmek olaryň esasy wezipeleriniň biridir. Şeýle ýagdaýda raýatlaryň halyny dogry we doly bilmek üçin ol ýeriň hökümdary bilen raýatlaryň halyny soramaga barýanyň arasynda hiç hili dogan-garyndaşlyk ýa-da dostluk bolmaly däldir. Şu maksat bilen iň abraýly kazylaryň biri, ymam, kazyýet täji Ahmet ibn Ýakup Sawugrandyny (goý, Allatagala onuň ömrüni uzak, abraý-derejesini zyýada etsin!) ol ýere iberýäris. Onuň ol ýeriň hökümdary bilen hiç hili garyndaşlygam, dostlugam, duşmançylygam ýok. Biz onuň ol ýeriň raýatlary hakynda diňe hakykaty aýtjakdygyna berk ynanýarys. Ynanylan wezipä hyýanat etmek dinde-de, adamkärçilik gatnaşyklarynda-da ýazgarylýandyr. Raýatlaryň müşgillerini aýryp, olaryň ýaşaýşyny gowulandyrmak her bir hökümdar üçin parzydyr. Hoş sag bol!

IKINJI BÖLÜM

KÖNEÜRGENÇ TÜRKMEN HÖKÜMDARLARYNA BAGYŞLANYP ÝAZYLAN KASYDALAR

BIRINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniň we diniň buýsanjy, yslam dininiň we musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi Abu Muzapbar Tekeş ibn Mälik Agzam Il Arslana (goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraý-derejesini beýik edip, tuguny belentde parlatsyn!) bagyşlandy.

Mukaddes topraga bolduň sen soltan,
Ulama, ymama etdiň sen engam.

Gün deý çoýup, hormat etdiň sen halka,
Haýyr-yhsan diläp, ýalbardyň Haka.

Dini beýik etdiň beýikdir aslyň,
Işiň dowam eder päkize nesliň.

Ýaşaýyşy öwürdiň sen lezzete,
Myhman gelse, taýýar hormat—hezzete.

Röwşen daň atardyň ýok indi zulum,
Penaňda asuda ymamdyr alym.

Öwüsendir asuda — daň şemaly,
Seniň tutan ýoluň Taňrynyň ýoly.

Tekepbirlik seniň ganym duşmanyň,
Adyl işler etdiň - kämil imanyň.

Yslam dini üçin köp ýurtlar geçdiň,
Daň ýyldyzy kimin ýagtylyk saçdyň.

Sen bolduň musulman ýurduna pena,

Adyňa aýdylýar köp hamdy-sena.

Duşman bary göz gyzdyrsa ýurduňa,
Jeňgähden gaçarlar, bakman yzyna.

Ynanmadyň iki ýüzliň alyna,
Adyl seretdiň sen halkyň halyna.

Musulman ylmyna bolduň howandar,
Ýurda ýow gelende, bolduň sen serdar.

Külli musulmanyň sensiň buýsanjy,
Döwletiň sütüni-synmaz daýanjy.

Mukaddes topragyň ýugruldy ylma,
Diýarda ýol ýokdur sütemdir zulma.

Alla sygynýarlar gijedir gündiz,
Ybadatly sogap tapýandyr hergiz.

Röwşen geljegimiz seniň eliňde,
Halkyň bar keşigi syrdam egniňde.

Dawadyr jenjelden päkdir bu diýar,
Halka wepa berdiň, ähdiňe ygrar.

Buýsanja ýetendir sen bilen din hem,
Raýatlara ýardam etdiň sen her dem.

Alla saňa bagyş etdi ýeňişi,
Halka sala saldyň, etseň her işi.

Jeňgähe çykanda, kalpda gorky ýok,
Ýeňişleriň wasplamaga sözüm ýok.

Başa iş düşende gylyç biliňde,
Ýeňiş güni toýdur baýram iliňde.

Şan-şöhratyň günbe-günden zyýada,
Hyzmatyňa taýýar, bar ýagşyzada.

Külli musulmanyň sensiň umydy,
Bu toprakda ýanmaz zulmatyň ody.

Kalplarda hiç öçmez mukaddes adyň,

Alla ýardam bersin gaýtmasyn badyň.

Dünýä dursa, durar adyň-abraýyň,
Sogabyň zyýada — jennetdir jaýyň.

Orazaň kabuldyr hem-de namazyň,
Alla medet berip, sowmasyn ýazyň.

Döwlet sütüni berk, misli bir çynar,
Ýurduň ajaýyp köşk, sensiň binagär.

IKINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniň we diniň buýsanjy, yslam dininiň we musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji Abulfath Il Arslan ibn Horezmşa (goý, Alla onuň ömrüni uzak, abraý-derejesini beýik edip, tuguny belentde parlatsyn!) bagyşlandy.

Ähli soltanlara bolduň görelde,
Halkyň kynçylygyn çekip gerdende.

Abraýyň uludyr dag kimin-misli,
Sensiň pälwanlaryň asylly nesli.

Sen getirdiň ýurda asuda döwran,
Haýyr-yhsan işleriň edýändir haýran.

Her bir eden işiň müşk ysyn berer,
Her bir sözüň dürdür jöwherden erer.

Akyl-paýhasyňa ýokdur deňi-taý,
Sogaplaň tüm gijä ýagty saçýan aý.

Dawadyr jenjelden bu toprak aman,
Onuň her bir sözi dertlere derman.

Ybadat edip sen ýörelge goýduň,
Halka baryn berip, az zatdan doýduň.

Halka şatlyk paýlap, etdiň bagtyýar,
Gylyja sebäpsiz bermez ygtyýar.

Adyl gylyjyndan giňeýär serhet,

Mukaddes topraga ýagýar bereket.

Beýikligi aýan, abraýy zyýat,
Duşmanlary görse ederler perýat.

Hemmeleri tabyn etdi özüne,
Duşmanlaryn çökerdi ol dyzyna.

Gurhan karylarnyň sensiň buýsanjy,
Sensiň adyllygyň synmaz daýanjy.

Ýyldyzlar ol hakda etdi rowaýat,
Hemme raýatyna kyldy hemaýat.

Duşman mekirligin ol bilýär öňden,
Söweş meýdanynda gaçmady jeňden.

Allanyň dinine ol direg boldy,
Muhammet sünnetin ol berjaý kyldy.

Allanyň dinine boldy göwher täç,
Halka ýardam berdi galmady mätäç.

Sogap işlerinden kyldy ymarat,
Boş wagty bolmady etdi ybadat.

Alla nazar saldy onuň ýurduna,
Müşgil işde melek[15] ýeter dadyna.

Haýyr-yhsan onuň kalbyna zynat,
Baýlykdan çekilip, etdi kanagat.

Bu diýarda bolýar arzuwlar hasyl,
Pälinden tapýandyr ýaman bedasyl.

Ýoluny ýitiren, ýoluny tapýar,
Jeňe gitseň halkyň saňa intizar.

Diniň bäş sütünin sen kyldyň berjaý,
Alla bu diýary berendir serpaý.

Takwa bolup, tutduň Alla ýoluny,
Ýeňseň-de, almadyň garyp malyny.

[15] Melek – perişde.

Ýeňişleriň ýagty şamçyrag misli,
Hut şeýle bolýandyr serkerde nesli.

Gylyjyňy syryp köp ýurtlar açdyň,
Yslam dini diýip, menziller geçdiň.

Ýolbars deý topuldyň, gerip döşüňi,
Jeň meýdana serdiň duşman läşini.

Duşman goşunyny etdiň sen berbat,
Mukaddes diýary sakladyň abat.

Maşrykdan Magryba doldy abraýyň,
Allam ýalkap etsin jenneti jaýyň.

Halka ýardam etdiň doýurdyň ajy,
Sen alymdyr, ymamlaryň guwanjy.

Çaryýarlar ýolun sypdyrman tutduň,
Külli musulmany sen razy etdiň.

Ylymyň merkezi indi bu diýar,
Metjitde adyňa hutba aýdylýar.

Barça ýurtlar saňa edýändir tagat,
Tutan ýoluň boldy diňe hakykat.

Alymlary diňläp, aldyň nesihat,
Bu ýol-ýörelgäni etdiň sen adat.

Ähli raýatlaryň sensiň dilinde,
Hormata mynasyp ulus-iliňde.

Syýasatyň adyl, halkyňy söýýäň,
Bu söýgüsiz özüň näsagat duýýaň.

Halkyň kalbynda sen müdimi galdyň,
Bahyldyr, zalyma sen duşman bolduň.

Raýat hassa bolsa, geldiň ýanyna,
Her bir sözüň şypa berer janyna.

Asly keremliler bolýandyr şeýle,
Halkynyň içine çykar ol seýle.

Namazyňy okap, oraza tutduň,
Alla tagat kylyp, ybadat etdiň.

Guran sogap köşgüň ebedi galar,
Mydam raýatlara görelde bolar.

ÜÇÜNJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniň we diniň buýsanjy, yslam dininiň we musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji Abulfath Il Arslan ibn Horezmşa (goý, Alla onuň ruhuny mukaddes edip, oňa rehmet donuny geýdirsin!) bagyşlanýar.

Gara bulut gelip örtüldi asman,
Agydyr naladan turdy gaý-tupan.

Miweli agaçlar miwesin dökdi,
Halkyň gözlerinden ganly ýaş akdy.

Ähli raýatlaryň geýdi ýas donun,
Dünýäde artypdy şöhratyň, şanyň.

Göwher täjidiň sen diniň, dünýäniň,
Synmaz sütünidiň asman-zeminiň.

Horezmşa adyň tutulsa eger,
Duşmanlaryň gorkup tilki deý erer.

Zeminde-asmanda bardyr abraýyň,
Uly sogaplardan aldyň sen paýyň.

Ýyldyzlar şanyňa aýdýarlar sena,
Raýatlara mydam bolduň sen pena.

Sen diniň görküdiň, dünýäniň nury,
Ýas tutdy ulama, ymamlar bary.

Daglar başyn egip, etdiler tagzym,
Öz döwrüňde bolduň hökümdar azym[16].

[16] Hökümdar azym – beýik hökümdar.

Sen genji-hazyna etmediň höwes,
Ýigreneniň boldy ogrudyr näkes.

Aýyň nury öçüp, agşamlar tukat,
Kalbym lerzanadyr, ýok onda takat.

Ýyldyzdyr şanyňa mersiýe aýdar,
Ymamlar kyýamat gopandyr öýder.

Ýurda nygmat ýagsa, sen üçin ýagdy,
Sebäp ol hakyky beýik ynsandy.

Hökümdarlar hak aşykdyr bu ýurda,
Sen mydam medetkär ýakyna-ýada.

Abraýyň-derejäň misli beýik dag,
Hormatyň-şöhratyň köp şahaly bag.

Her bir raýat saňa edýändir tagat,
Her bir sözüň halka öwüt-nesihat.

Ýurduň maly-mülki hemişe aman,
Ýurtda yslam tugy parlar her zaman.

Jeňgähde duşmanyň gelmez saňa taý,
Ýeňişleriň mydam Alladan serpaý.

Atyň algyr guşdur, kowsaň duşmany,
Gabawda galsaň, ol gutarar jany.

Hamdy-sena saňa bolandyr zynat,
Sözüm gury bolmaz, bary hakykat.

Allanyň emrine egip sen boýun,
Duşmanyň başyna saldyň sen oýun.

Humara-lezzete etmediň höwes,
Keremlik donuny atynmaz her kes.

Takwalyk, ybadat seniň söýeniň,
Allanyň dinidir seniň uýanyň.

Gözüň gyzmaz kaşaň köşge, mal-mülke,
Gije-gündiz ýardam etdiň sen halka.

Hemme ýurtlar senden ýardama mätäç,
Adyllyk etdiň-de, geýdiň dürden täç.

Utanç-haýa boldy ýüzüň tuwagy,
Haýyr-yhsan işler janyň goragy.

Nije asyr geçer niçe zamana,
Rowaýatlar galar, bolar rowana.

DÖRDÜNJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniň we diniň buýsanjy, yslam dininiň we musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji Abulfath Il Arslan ibn Horezmşa (goý, Alla onuň ruhuny mukaddes edip, oňa rehmet donuny geýdirsin!) bagyşlanýar.

Ykbal synag donun geýdirdi bu gün,
Gara bulut gelip, tutuldy aý-gün.

Zamanyň müşgülin salyp başyma,
Kynçylyklar halka gurdy daşyma.

Şatlykdan nam-nyşan galmady mende,
Güýç-kuwwatym gitdi, mejal ýok tende.

Burç garylan kimin ajady aşym,
Kalbym tukat bolup, lerzana başym.

Ýürek-bagrym girýan işlerim hebes,
Ýaşaýyş-lezzete galmady höwes.

Dünýäm dar göründi, çar tarap gysdy,
Öň dost bolanlar hem yzyna tesdi.

Asmana seredip etdim ahy-zar,
Dileg gapyňy aç maňa, Biribar.

Eý, Allam, gaýgymy şatlyga çalyş,
Kalpda orun almyş umman deý nalyş.

Tukatlyk jülgesi mesgenim indi,
Bu gün ne synaglar başyma indi.

Bu jülgäniň ýokdur ahyry-başy,
Bu jülgä gireniň awudyr aşy.

Kalbymdaky gussam gözümden çykdy,
Keç ykbalym ajy ýylgyryp bakdy.

Şatlykly günleri ýatlasam eger,
Gözüm ýaşdan dolup, aglasym geler.

Ol günlerim berilipdir amanat,
Emma men etmedim oňa hyýanat.

Ol günleri ýatlanymda her säher,
Iýenim zakgundyr, awudyr zäher.

Ol günler gidendir dolanmaz hergiz,
Kalbyma lezzetdi, janyma eziz.

Bagda guşlar saýrap edýärdi owaz,
Sen gidip, sowuldy bagda bahar-ýaz.

Geçerdim janymdan bolmasa hebes,
Gözümde nur öçdi, kalbymda höwes.

Öleniň yzynda ölüp-de bolmaz,
Meniň bu hyýalym dinime sygmaz.

Gije-gündiz edýän Alla mynajat,
Köňlüme şatlyk ber, kalbyma takat.

Erkek adam etse ähdine wepa,
Kalby rahat bolup, çekmez ol jepa.

Jeň meýdana çyksa bolar serkerde,
Halkyň aladasy geçse her ýerde.

Ol bu ýurtda tutdy adyllyk ýolun,
Sorap durdy halkyň müşgilin, halyn.

Alla ýalka bende etse ybadat,
Ili abat bolar, kalby sagadat[17].

[17] Sagadat – şat.

Soltanyň raýaty – Allaň raýaty,
Sen adyldyň, men ol işleň şaýady.

Sen takwadyň ulus-ile howandar,
Tutumly işiňde Alla penakär.

Söweş meýdanyna çyksaň her daýym,
Ýeňiş tugy parlap, gorar Hudaýym.

Bedewleriň ýüwrük, gylyjyň kesgir,
Bet niýetli duşman bolýardy ýesir.

Seniň bilen ýetdim abraý-derejä,
Haýyr-yhsan işi goýmadyň gijä.

Heý barmyka seniň deýin hökümdar,
Döwletiň zynatdyr misli lälezar.

Adyllyk ýoluny etdiň sen şygar,
Sende näme bolsa şol hem halkda bar.

Pyssy-pujurlygy halamazdyň sen,
Muhammet ýaranyň jennete barsaň.

Azaşana salgy berdiň ýoluny,
Alla aýan etdi duşman alyny.

Horezmşa bolduň ýetdiň abraýa,
Beýik işler etdiň, şükür Hudaýa.

Akylyň, paýhasyň kenarsyz umman,
Köp sogap iş etdiň ýadaman-arman.

Haýbatyna dagdyr zemin sandyrar,
Ol hemişe halkyň bähbidin arar.

Dünýä aýan boldy şöhratyň-şanyň,
Gylyç syryp, dökdüň duşmanyň ganyn.

Buýsanç donun geýdiň syrdam egniňe,
Esgerleriň alyp çykardyň jeňe.

Alla bagyş etdi abraý donuny,
Syladyň raýatyň begdir hanyny.

Seniň bilen abraý aldy dinimiz,
Seniň penaňdadyr ulus-ilimiz.

Raýatlaryň kalbyn çirkden päkledіň,
Şeýdip, atalaryň duzun hakladyň.

Ýok etdiň şer işi zulum-sütemi,
Gözden salmadyň hiç haýyr edeni.

Esgerleriň batyr ýolbarsdyr misli,
Edermen, gaýduwsyz şir ýürek asly.

Geýip ýagşyzadaň haýyr eşigin,
Çekdiň gerdeniňde halkyň keşigin.

Sabyr-takat bilen ederdiň perman,
Hutbalaryň[18] halka däridir derman.

Seniň her bir sözüň ullakan many,
Buýsandyran sensiň bar musulmany.

Sözleriň süýjüdi, keşbiň nurana,
Dogry ýol görkezdiň ähli ynsana.

Ähli zadyň bardyr ahyry-başy,
Hormatlap diňlärdiň gojany-ýaşy.

Ýaşan ömrüň deňdir umman deý mana,
Zar etmediň halky aşadyr nana.

Seniň ömür ýüpüň üzüldi indi,
Halkyň perýat edip, kalplary syndy.

Ýaşanda mert kimin ýaşadyň-gitdiň,
Muhammediň ýolun sen dowam etdiň.

BÄŞINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy,

[18] Hutba-wagyz, nesihat. Köplenç metjitlerde anna güni juma namazyndan öň hutba edilýär.

soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň eden haýyr işlerini kabul edip, jaýyny jennet etsin!) bagyşlandy.

Her bir ynsan senden ýardama mätäç,
Halkyň halany sen, başlaryna täç.

Abraýly adamlar seniň daşyňda,
Ulama ymymlar seniň gaşyňda.

Tagatyňa külli ynsan hyrydar,
Ýurduňda bolçulyk, ýokdur zada zar.

Ýörän ýoluň ulus-iliňe adat,
Gije-gündiz işiň diňe ybadat.

Mejlisiň mekdepdi ymam-alyma,
Berk temmi bererdiň näkes zalyma.

Ähli kynçylygy çekdiň täk özüň,
Köňle şypalydyr dürdäne sözüň.

Raýatlaryň senden boldy göwnühoş,
Alymdyr ymamy tutundyň syrdaş.

Ýurda aýlanyp sen, içgin tanyşdyň,
Raýatlaryň bilen her gün danyşdyň.

Pitne ody gelmez seniň ýurduňa,
Halkyň sena aýdýar seniň adyňa.

Sen yslamyň nury, synmaz daýanjy,
Halka yhsan etdiň, doýurdyň ajy.

Yslam seniň bilen kuwwata geldi,
Muhammediň dini berkarar boldy.

Ajap zaman geldi bu gün diýara,
Mukaddes ýerlere etdiň zyýarat.

Bar işiňde Alla ýardamçy boldy,
Raýatlaryň kalby şatlykdan doldy.

Halkyň gamly güni sen bolduň tukat,

Tutan ýoluň rowaç, sözüň hakykat.

Öwüt-nesihatyň lagly-merjendir,
Ahlagyň barçany maýyl edendir.

Ýow goşuny gorkar eşitse adyň,
Gaçarlar ýurduna, saklaman badyn.

Bitiren sogaplaň etdiň sen pynhan,
Alymdyr ulama ýapdyň sen engam.

Çirke uýanlary musulman etdiň,
Ýurtda ylym ojaklaryn döretdiň.

Eden işleriň misli dogan aý,
Jomartlykda ýokdur saňa deňi-taý.

Ata-babalaryň ýagşyzadady,
Adyl we rehimdar hem-de sadady.

Gylyç, naýza ok-ýaý ýakyn ýaranyň,
Gadryn bildiň watanyny goranyň.

Esgerleriň batyr söweşiň şiri,
Gylyç oýnar olar, hem naýzaň piri.

Pyýada goşunyň gaplaňdyr misli,
Maksada okgunly atalaň nesli.

Atly goşunlaryň duşmandan gorkmaz,
Olaryň elinden duşmanlar sypmaz.

Bu diýara gadam goýaýsa duşman,
Zürýatlary ýetim, etjegi puşman.

Jeň meýdanda maslyklardan dag bolar,
At-ýarag, sowudy olja alynar.

Gylyç bilen namysymyz goradyň,
Gelen duşmanlary gurt deý daradyň.

Watan üçin döken her katra ganyň,
Abraý dony bolup gorady janyň.

Dökülen gan nesillere görelde,

Duşmanlara mekdep bolar her ýerde.

Söweşden geleňde başyň dik, aman,
Yslam tugy parlar bu ajap zaman.

Ýurda eýe bolmak islese duşman,
Alla lagnat eder, çekdirer arman.

Ýyldyzlar ýagtyldar söweş meýdanyn,
Goşunyň söweşer aýaman janyn.

Ýüz duşmana deger esgeriň biri,
Bu ýerli esgerler ýaragyň piri.

Gylyç uranyňda ýyldyrym çakar,
Ýeňiş gazanaňda aý gülüp bakar.

Her ýerden hökümdar geler gaşyňa,
Baş egerler halka bolup daşyňa.

Men bu wakalaryň diri şaýady,
Şeýdip, bu diýaryň abraýy galdy.

Günbe-günden boldy abraýyň zyýat,
Duşmanlaryň senden edýärdi perýat.

Musulman goşuny sorasa ýardam,
Dessine ol ýere goýardyň gadam.

Keç ykbaldan nalamadyň hiç haçan,
Sebäp bagtyýardyr her saňa duşan.

Sogap işleriňe araplar haýran,
Saňa doga eder barça musulman.

ALTYNJY KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň eden haýyr işlerini kabul, jaýyny jennet edip onuň gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Eý, Allanyň dininiň täji, beýikleň nesli,
Seniň arkaňdan yslam ýokary galdy esli.

Sen yslamy — päklik, yhsan dinini,
Öňküsinden päklediň, oňa büräp donuňy.

Sen bir Allanyň düri, sogap işleriň zyýat,
Allanyň huzurynda şübhesiz bolarsyň şat.

Abraýyňy tagtyňdan belent tutduň aslynda,
Köp ýurt basyp alyndy, seniň tuguň astynda.

Seniň egindeşleriň elmydama şadyýan,
Duşmanlaryň çekýärler herne ah ile pygan.

Bahyllyk pitne odun öçürdiň öz ýurduňda,
Utanç-haýa mydama adamlaryň ýadynda.

Ýigrenerdiň ýürekden ganymlary söýeni,
Temmi bererdiň haram beýle däldir diýene.

Lezzet bilen eşretden mydam açykdy araň,
Işsizlik saňa ýatdy, bolmazdy boş dabaraň.

Salgydy ynsap bilen ýygnadyň öz iliňden,
Ylmy ösdürip, gitdiň ata-babaň ýolundan.

Hasaplap çykyp bolmaz – bu ýurt nygmatdan doly,
Bu toprakda tutulýar ata-babalaň ýoly.

Seniň haýyrly işleň ýurduň altyny-zeri,
Saňa öwgi sözleri sähraň müşki-anbary.

Alla tarapyn dörän beýik ärleriň biri,
Ýerde-de, asmanda-da doga edýärler bary.

Bir oky öwäýmeseň, öwmäge kim bar başga?!
Onsuz durmuş lezzetsiz, duz ýok nan bilen aşda.

Sogap işleri — umman, deňze deň bir damjasy,
Haýyr-yhsany — şöhle, pes ondan Gün şöhlesi.

Ýyldyzlardan zyýada sogap işiniň sany,

Bulutlardan ýokarda eden haýyr-yhsany.

Ulamadyr ymama oldur çyn hemaýatkär,
Garyp-gasarlar üçin şepagatly medetkär.

Her gelen seýran eder adyllyk bossanyny,
Çykarmaz ol egninden öz sahylyk donuny.

Ýöne ýalançy pany goýmady öz halyna,
Ykbaly ýola saldy ötenleriň ýanyna.

Eli kesgir gylyçly mert durup ederdi jeň,
Ýyldyzlar oň şanyna asmanda edýärler heň.

Eger seniň düýşüňe giräýse ýagşyzada,
Oldur diýip çak etgin, ýaýdanmazdan şobada.

Ölümine gynandy hatda öz duşmany hem,
Mert ärler gowy görýär mert bilen etmegi jeň.

Ähdine wepalydy, hiç dänmezdi sözünden,
Olam bir edermenlik ýalançynyň ýüzünde.

Sen gözel ahlaklydyň, gezdiň utanç-haýaly,
Gije çyksaň, nuruňdan bordy daň atan ýaly.

Jeňde gylyjyň kesgir, atyň baýrakbaşydy,
Sen bir Allanyň nazar salan algyr guşudyň.

Yzyna boş gitmezdi seniň gapyňdan gelen,
Köpleri haýran etdiň sogap işleriň bilen.

Hutbadyr nesihatyň dertli ýürege şypa,
Duşmanlaryň eşitse, dynman çekerler jepa.

Raýatlaň aladasyn edip gezdiň hemişe,
Duşmanlaň bir ölmezdi bu sahawatly işe.

Olar ýakmak islediler bu ýurtda pitne oduny,
Haýyr-yhsan suwy bilen ol oduň aldyň badyny.

Saňa garşy nadanlygy ýarag edindiler olar,
Ýöne nadanlyk bilen paýhasy neneň ýeňip bolar?

Allanyň säher hem agşam bereket paýlaşy ýaly,

Şalygyň başy hem soňy haýyr işden boldy doly.

Şerigatyň ýolundan sowmady hiç bir apat,
Seniň aklyň bu ýoly hergiz edindi adat.

Seniň bilen baýram güni iki baýram ýalydy,
Kalbymyz Ýaradana şükür bilen doludyr.

Munça haýyr iş edip, galarsyň öýtdük baky,
Ýöne bar zadyň soňy bar eken jahandaky.

Seniň hemaýatyňdan yslam dini galkyndy,
Goý, Alla saňa çäksiz sogaplar bersin indi.

ÝEDINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň ruhuny mukaddes, jaýyny jennet etsin!) bagyşlandy.

Guran gözden akdy ganly ýaş birden,
Kalbym hassa bolup, galmadym ýerden.

Kyýamat gopan deý boldy başyma,
Gan-hasrat, tukatlyk üýşdi daşyma.

Dünýäm garaňkyrap, gözüm gapyldy,
Meniň üçin bar gapylar ýapyldy.

Dünýäde galmaga ýok indi hajat,
Men Alla ýalbaryp, etdim mynajat.

Gam-gussam goşguda aňlanmaz doly,
Gamdan saplanmaga gözlemen ýoly.

Barça ýagşyzada aldy daşyny,
Asan ederdi ol ulamalaň işini.

Maslahatçy tutduň egindeş, dosty,
Seniň eden işiň bolmazdy kösti.

Sen ýaly ahlakly duşmandy maňa,
Arman atyň ozup, galdym men soňa.

Ykbal aýry saldy bize geňeşmän,
Gözlerim öwrüldi bir ajy çeşmä.

Saňa gitdi meniň bilen oňuşman,
Syrym aňman, maňa boldular duşman.

Ýöne ykbal hijran oduny basyp,
Daglansoň, duýmadym olaň ýarasyn.

Şan goşan är döwletiniň şanyna,
Bu gün galdy Ýaradanyň ýanyna.

Onuň düşen güni bellidir Alla,
Goýmaz asla onuň aryny alman.

Perişdeler münüp gazap atyny,
Ýakarlar zalymlaň per-ganatyny.

Ol mydam mazluma çykardy hossar,
Mätäje bolardy kyn gününde ýar.

Aýdyma mynasyp her eden işi,
Şerbet ýaly sözi köňülleň joşy.

Ol Zemine sepip haýyr tohumyn,
Soň ýygnady sogabyň bol hasylyn.

Jenaýatdyr zulmuň gyrdy ol kökün,
Penakäri boldy dünýäde köpüň.

Dogry ýola saldy biri azaşsa,
Şer işlerden mydam durdy ol daşda.

Raýatlaň pikirin edip hemişe,
Ybadatdan soňra başlardy işe.

Mekgedir Medinä zordy yhlasy,
Duýlýardy her işde Allaň penasy.

Eý, öwgüdir sena mynasyp ynsan!
Sogap etdiň, asla çekmediň arman.

Jeň edeňde dünýä garaňky wagty,
Ýyldyzlar ýoluňa salardy ýagty.

Uly-kiçä bolduň medetkär, söýe,
Şeýdip at-abraýa bolduň sen eýe.

Yklymlara doldy şandyr şöhratyň,
Uly hormat bilen tutuldy adyň.

Sen şöhratly soltanlaryň soltany,
Durkuň şerigatdyr, bilmen hataňy.

Köp ili zulumdan etdiň sen azat,
Haýyr işler üçin etdiň kän azap.

Sogabyň bimöçber, jennetdir jaýyň,
Köşk durandyr onda seň üçin taýyn.

Halkyň aladasyn edindiň adat,
Arman-irmän, etdiň köp-köp ybadat.

Sagyň haýyr-yhsan, soluň keramat,
Raýatlaň bagtyýar, olar mydam şat.

Ömür sürdüň halkyň halyny sorap,
Goý, Ýaradan saňa bersin kän sogap!

SEKIZINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň eden haýyr işlerini kabul edip, jaýyny jennet etsin!) bagyşlandy.

Belent derejä ýetip, Günden ýokary galdy,
Onuň nury Gündenem has güýçli ýagty saldy.

Raýatyn hoş ýaşatmak edýän arzuw-hyýaly,
Onuň üçin lezzet ýok iliň şatlygy ýaly.

Sabyr-kanagat bilen kalby doludy ylla,
Sabyrly gullaryna bereket berýär Alla.

Onuň ýagşy işleri gelende göz öňüme,
Gözlerimden ýaş akyp, şatlyk dolýar köňlüme.

Bile bolan günlerim ýada düşen çaglary,
Köňül guşum pel-pelläp seýran edýär daglary.

Ol hakda bir eşiden ýa gözi bilen gören,
Onda diňe ajaýyp, gowy sypaty görer.

Raýatyna eçilen sansyz nygmaty hakda,
Näçe aýtsaň, az bolar, söz tapylmaz gursakda.

Ol gideli başymdan sowlup gidenok ýasym,
Oňa doga etmäge sarp bolýar bar yhlasym.

Allanyň parzyn tutup, haram işi terk etdi,
Şol sebäplem gümansyz jennete sary gitdi.

Ykbal menden ýüz öwrüp, çykardy ýowuz perman,
Bile ölen bolsamam asla çekmezdim arman.

Jigerim para-para, hasrat kalbymy ýakar,
Ol göç edeli bäri ýaşym sil bolup akýar.

Gaýdyp geljegin bilsem, näme bolsa ederdim,
Rahman oňa jan berse, giderdi ähli derdim.

Şatlygymdyr dogamyň şonda bolmazdy çägi,
Aýakýalaň gezerdim çöli, düzleri, dagy.

Hasratym egsilmedi, gezdim agy — elemde,
Hiç dynasym gelmedi meniň bu gaýgy-gamdan.

Sebäbi ol hakdady pikir-oýumyň bary,
Ol günleri saýýaryn öz ömrümiň bahary.

Jana derek jan bermek düzgün bolsady munda,
Diri galmagy üçin bererdim öz janymda.

Döwletiň keşigini çekdi ol öz egninde,
Sylag-hormat, abraý hemra boldy ömründe.

Aladasyn eçilip ýakynyna — ýadyna,
Mynasyp bolup gezdi Horezmşa adyna.

Adalatly kişiniň bolupdy hökümdary,
Bu gün bolsa rowana boldy jennete sary.

Ýerde, gökde adyny aýdylýar öwgi – sena,
Raýatyna hemişe boldy ol gorag – pena.

Ol tümlük içre tapyp bu yzgytsyz jahany,
Kalbynyň nury bilen ýagty eýledi ony.

Husny-jemalynyň hem asla tapylmaz taby,
Ony görüp halaýyk unudar ahdyr waýy.

Adyllyk gurşaýardy şahymyzy ähli ýandan,
Raýatlarnyň kyn güni hökman bererdi ýardam.

Eger raýatyna biri berse ezýeti,
Arka durup, çekerdi gylyjyndan minneti.

Geçirimlilik ganyndady — ýokdy oňa taý,
Ýöne halkyn kemsiden alardy ölümden paý.

Edepli, ekramlydy, muňa ýokdy hiç güman,
Ýöne ondan almytyn alardy betpäl duşman.

Ol ýurdumyza adyl kanunlary ornatdy,
Döwletiň baýdagyny belentlerde parlatdy.

Gurduran binalary kaşaň-kaşaň hem gözel,
Uzaklardan hellewläp olar ilýärler göze.

Alym bary üýşdüler ondan isläp hemaýat,
Olara howandarlyk edip, saldy ol saýa.

Bu ýerlerde eglenmez adyn eşiden duşman,
Eglenen jandan dynar – edip ýetişmez puşman.

Synlap bolýan bolsady bu ýerlerden jenneti,
Onuň uly köşgünde görerdik ol hezreti.

Duşmanlary gutulmaz onuň öňünden gaçyp,
Keremli ynsanlara mydam gapysy açyk.

Ol bu mäkäm döwletiň tarpdan tutup binasyn,
Şanyn äleme ýaýdy, gaýgyrmady yhlasyn.

Şerigatyň donuny geýdi munda ähli ýer,
Bu diýarda mydama adyllyk höküm sürer.

Şerap içip, haramdan beslän näkes donuny,
Şeraba derek ýere dökdi gyzyl ganyny.

Yslam döwleti ondan beslendi şöhrat-şana,
Hökümdarlar meňzemek isledi bu ynsana.

Ýöriş edip, jeň edip, diňe ýeňip ynjaldy,
Diňe panydan baka göçen çagy dynç aldy.

Onuň esgerleriniň suwlyjady ýüregi,
Ol arslan deý ýumrardy duşmanynyň sürenin.

Bu diýara gelenler gyzyp baýlyga, pula,
Azat bolup gelse-de, soňra dönerdi gula.

Alla birine baky ömür berse eger-de,
Şondan başga mynasyp kişi tapylmaz Ýerde.

Röwşen ýyldyz kibidir asly keremli şalar,
Onuň eden her işi taryhda baky galar.

Onuň görküni görüp, haýranda galar peri,
Ýüzündäki nurlary ýagtyldar gijeleri.

Nije gazal düzüldi, nije şahyr etdi jan,
Ýöne gazal ejizdir ony ederden beýan.

Edýän haýyr işleri adat boldy, ýitmedi,
Halkyn alada edip, gijelerine ýatmady.

Diniň hem dünýäniň bolduň sen täji,
Külli musulmanyň sensiň guwanjy.

Haýyr suwun berdiň dünýä bagyna,
Eýe çykdyň Muhammediň dinine.

Baýlygyň nygmatyň asla egsilmez,
Saçagyňda çörek hiç gatap galmaz.

Raýatlary boldan eçildiň nygmat,
Adyl bolup, halka kän etdiň hyzmat.

Eliňi çekmediň her haýyr işden,
Ony ýazyp gutaranok hem perişde.

Baka göç edäýseň, soňlanyp ömrüň,
Jennetiň iň salkyn künjüdir ornuň.

Raýatyň geläýse bir haýyş bilen,
Möhümi bitýänçä ynjalmadyň sen.

Perişdeler göze ilsedi munda,
Seni görerdiler olaň ýanynda.

Seni görse, deňiz towsar hem oýun,
Edip, derrew bolar hökmüňe boýun.

Daň ýyldyzy ýaly keşbiň nur saçar,
Ýöne daş çykaýsaň, ol ýyldyz öçer.

Halkyň bolmaz asla hiç zada mätäç,
Keremli başyňda bolsa lagyl täç.

Her bir täç geýýänler däldir hökümdar,
Edýän işleriňde bolsun Alla ýar.

Alla razy bolsun, gelsin şat sesiň,
Sen bir Allaň nazar salan bendesi.

ONUNJY KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň gabryny nurlandyryp, haýyr-yhsanlaryny kabul edip, jaýyny jennet eýlesin!) bagyşlandy.

Sen bir daň ýyldyzymy, ýa meniň göwnümemi?
Sözüň dür düzümimi, ýa meniň göwnümemi?

Bular ýagşy ahlagyňmy ýa-da müşkmi ajaýyp?
Bular haýyr işleriňmi ýa-da anbaryň taýy?

Din hem dünýä işinde sen ýeke-täk hökümdar,
Ýel hem seniň ýanyňda öňküden pes öwüsýär.

Belent minaralary dynman bina etdiň sen,
Ýöne abraý minaraň geçdi olaň deňinden.

Ýagşy işler etmekde bolduň halkyňa nusga,
Alla ondan razydyr, kim halkyn razy etse.

Ähli edýän işleriň adyllygyň özeni,
Zeminde ýitirmediň Muhammediň yzyny.

Ýüregiň arassadyr daga ýagan gar kimin,
Saňa hamd-u-senasyn gysganmaz asman, zemin.

Agyr-agyr jeňlerde tuguňy alsaň ele,
Görerler – ol kybapdyr yslamyň tugy bilen.

Sen adylsyň, zeminde ýokdur sen deý hökümdar,
Ädimiň müşk ýaýradar, aýdan kelamyň jaýdar.

Duşman tugun alyp, peýda bolaýsa munda,
Kellesin äkiderler ýiti naýzaň ujunda.

Gazanan abraýyňy zada deňär ýaly däl,
Şonda-da buýsanmadyň, özüňi tutduň pespäl.

Jeň üçin ýola çyksaň, olja däldi niýetiň,
Külli musulmanlaryň gezdiň dadyna ýetip.

Hormata mynasypdyň, şol ýeterlikdi saňa,
Bar baýlygyň-abraýyň, hiç zat taý gelmez oňa.

Abraýly adamlara ýapdyň gymmatly halat,
Işi şowlar, kim mydama alyma goýsa hormat.

Hyýanatkär kişilere mydama bolduň duşman,
Ýagşyzada kişilere haýyr etdiň sen durman.

Ýaşan ömrüň mynasypdyr sansyz öwgüdir sena,
Ol öwgüni gazandyň halkyňa bolup sen pena.

Seniň bu ýaşan ömrüň ýörelgedir bilene,
Naýza ujy çeneler bet niýetli gelene.

Eden haýyrly işleň ýadygär bolar saňa,
Kalbyň päkdi, şoň üçin saňa ýatdyr howsala.

ON BIRINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň eden haýyr işlerini kabul edip, rehmet etsin!) bagyşlandy.

Diniň ýoly uzakdyr, kyndyr päk bolup galmak,
Juda kyn zat hökümdar bolmak hem adyl bolmak.

Hak işler ýagşylary maksadyna ýetirýär,
Emma pasyh adamlar derrew ýolun ýitirýär.

Beýiklige ýeten är ýagşy işleri bilen,
Bu derejä ýetmegiň gadyr-gymmatyn biler.

Ýagşy hökümdar halkyn söýer ene mysaly,
Alada eder ýelde, tupanda galmaz ýaly.

Alla kalbyňa guýdy bu haýyr hem yhsany,
Musulman hökümdarlar seni saýar soltany.

Atsyz ibn Muhammet waspyn edýänim meniň,
Berjaý etdi parzlaryň, sünnetiň goýman kemin.

Onuň kalby mydama aladadan doludy,
Baýlyk däldi gaýgysy, halkyna wepalydy.

Haýyr-yhsan ojagyn ýada saldy bu diýar,
Amaly zynatydy, anbar deý ahlagy bar.

Ähli ýurtlar tagat edip, oňa çyndan hyrydardyr,

Ähdine wepaly kişä mydama üstünlik ýardyr.

Onuň ýurdy asudadyr, bolýan mesgeni rahat,
Rahatlygyň bar ýerinde iller gezýär parahat.

Bu mukaddes toprak oňa, başda berildi amanat,
Ol ony göreji saýdy, asla etmedi hyýanat.

Gylyjy ýurduny gorar, sürünse çapar näkesi,
Azaşany ýola salmak onuň halaýan pişesi.

Derrew şol ýadyňa düşýär Aý bilen Güni göreňde,
Raýatlary ähli işde ondan alýarlar görelde.

Atdyr abraýy, hormaty özgeleňkiden zyýada,
Sogabyn mizana goýmak gerek bolmaz o dünýäde.

Beýikligiň bu dünýeden ötenleri buýsandyrar,
Seniň edýän işleriňden olar özün rahat duýar.

Ägirt işleri etmekde saňa asla tapylmaz taý,
Köp-köp sogaplar gazandyň, mydama diliňde Hudaý.

Päliňi mydam pes tutýaň zor bolsa-da ygtyýaryň,
Öz halkyňy bolan söýgüň ereder daglaryň garyn.

Ýaşan döwrüň hemmeleriň gözüne görünýär yssy,
Daýhan tüçjar baýa döndi, oýandy-da ýatan yrsgy.

Azaşan ýoluny tapdy, çeşmä duşdy suwa teşne,
Seniň hemaýatyň bilen haraba öwrüldi köşge.

Haýyrly işleriň üçin islemediň şöhratdyr şan,
Emma olar subut etdi: sen çyndanam beýik ynsan.

Yslam dini bir mülküňdi, ol gün-günden rowaç aldy,
Bu jahana geleniňe ykbalam örän şat boldy.

Halkyňy goraglap gezdiň, duşmanlar gaýtdy pälinden,
At-owazaň aşyp gitdi yslam iliniň çäginden.

Adyň äleme doldukça, şöhratyň zyýada bolup,
Duşmanyň ýüzi garaldy, göýäki bir gara bulut.

Olar göripçilik edip, barysy boldular hassa,

Ýakan odunda gowruldy kim garşyňa bir ot ýaksa.

Abaý-syýasatyň uly, batyrlygyň bilmez nogsan,
Tutuş yslam äleminde etdiň kän-kän haýyr-yhsan.

Ylym eýeleri mydam oturardy seň gaşyňda,
Raýatlaryň aladasy mydam bolardy başyňda.

Bir işe baş goşjak bolsaň, diňlediň il-günüň sözün,
Seniň döwletiňi synlap, duşmanlaryň gitdi gözi.

Ýüregiň päk, ynsanperwer, gezdiň ýere nazar salyp,
Sogap işleriň duşmana gezeldi bir naýza bolup.

Eşretli durmuşa ýetdi seň saýaňda bu uly il,
Olar üçin bu dünýäde ýekeje-de ýokdy müşgil.

Zulum odun ýakdyrmazdan, beýik ömrüňi geçirdiň,
Halkyň söýgüsin gazanyp, ol ody başda öçürdiň.

Bu döwletde külli raýat özüni duýýar bagtyýar,
Ýardamyň bilen olaryň bar arzuwy hasyl bolýar.

Oraza baýramy geldi, gutly bolsun, Gün nur saçsyn,
Şan-şöhratyň asyrlardan soňky asyrlara geçsin.

ON IKINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň gabryny nurlandyryp, oňa rehmet etsin!) bagyşlandy.

At-abraýyňy gowuşdyň gylyçdan minnet çekip,
Topalaň jeň meýdanynda ullakan batyrlyk edip.

Ullakan daglar döretdiň öz duşmanlaryň läşinden,
Abraý minaraň beýige galdy bulutlaň deňinden.

Sowutdyr galkany taşlap, jeňde açsaňam ýakaňy,
Saňa asla täsir etmez duşmanyň atan peýkamy.

Raýatlaň söýgüsi seni gorar barça beladan,
Ol söýgi rüstemdir mydam gylyç, peýkamu-ýaýdan.

Yslam äleminde häzir belende galdy şöhradyň,
Horezmşa adyň bu gün dilinde ýakynyň-ýadyň.

Musulmanlar seň arkaňdan ýetdiler maksat-myrada,
Döwran sürdüň, kömek berdiň jahanda ýakynu-ýada.

Zeminde goýan yzlaryň garaňky gijede nurdur,
Eden ýagşy işleň üçin saňa mydam Alla ýardyr.

Ýardama mätäçler üçin mydama uzady goluň,
Her haçan sapara çyksaň, ak bolsun bu başlan ýoluň.

Beýik-beýik iş görkezip, at hem-de abraýa ýetdiň,
Ol işleri diňe sogap gazanmaklyk üçin etdiň.

Haýyr işleň dowam eder nesilleriň ykbalynda,
Şeýdip, ebedi galarsyň geljek halklaryň kalbynda.

Ahlagyň gardan päkize, ebedi nurdandyr aslyň,
Seniň bilen söhbet eden gam-gussany bilmez asla.

Heran-haçan Pygamberiň sünnetin etdiň sen berjaý,
Şol sebäpli edýän işiň boldy mydama göwnejaý.

Aý geçse-de, ýyl geçse-de, aýlansa-da kän heňňamlar,
Seniň eden ýagşy işleň Zeminde müdimi galar.

Olar aýdyma öwrüler, ýazylar kän-kän dessanlar,
Seni ýatlap buýsanarlar soň dünýä injek ynsanlar.

Jeň meýdanyna gireňde, sen gazaply ýolbars misli,
Sen bir keremli ynsansyň, edermendi seniň aslyň.

Nagralar dartan mahalyň daglar-u-daşlar sandyrar,
Duşmanlaryň basga galyp, olar çar tarapa dargar.

Ölümden gorkmazdyň bir-de giren mahalyň söweşe,
Şol sebäplem ýeňiş paýyň bolardy seniň hemişe.

At-abraý bedewiň hemme kişiň bedewinden ozar,
Beýikligiň duşmanlaryň görip ýüregini ezer.

Duşmanlaryň ýylan ýaly ýaldyrasa-da gözleri,
Zäherlerin pürküp bilmän, ony ýuwudar özleri.

Saňa hamd-u-sena aýdar dünýädäki bar musulman,
Seni hormatlar kalbynda sähelçejik bolan iman.

Raýatlaryň şükür edýär Alla hamd-u sena edip,
Sen Allanyň öz halkyňa bagyşlan uly sowgady.

Duşmanlaryň göripçilik külbesini ýumurdyň sen,
Deregine haýyr-yhsan köşgüni belent gurduň sen.

Polat gylyç bilen olaň gowga salsaňam başyna,
Dine çagyryp, olary ahyr ýygnadyň daşyňa.

Öz egniňdäki donuňy atdyň sen halkyň egnine,
Olary goýup gitmediň ýagyşdyr ýeliň emrine.

Haýyr-yhsan köşgün bina edip yslam ülkesinde,
Din tuguny pasyrdatdyň bu jahanyň depesinde.

Bu dünýäde sogap köşgün gurduň, hiç etmediň günä,
Alla seň üçin behiştde gurapdyr üýtgeşik bina.

Ömrüň takwalykda geçdi, dyngysyz ybadat kyldyň,
Aljyrany, azaşany özüň dogry ýola saldyň.

Seniň mukaddes diýaryň juda baý mal bile mülke,
Olary birem gysganman, baryny bererdiň halka.

Ýer ýüzünde seniň ýaly barmyka sahy hökümdar,
Bu dünýäde raýatlaryň bolan däldir hiç zada zar.

Oljadan paýyňy alman, baryny paýladyň halka,
Şol sebäpli raýatlaryň daşyňa boldular halka.

Birem baýlyga gyzmadyň, etdiň kän tagat, ybadat,
Şol sebäpli halk asuda, şäheriň abat, parahat.

Zahyt bolduň, baş goşmadyň hiç haçan bir haram işe,
Seniň ýaly adyl soltan tapdyryp durmaz hemişe.

Allanyň parzlaryn mydam özüňe edindiň perman,
Şol sebäpli Allaň nazar salan ýurdy abat, aman.

Görk-görmegiň ýatladyp on dördi gijäniň aýyn,
Seni gören kişi derrew ýadyna salýar Hudaýy.

Dogry ýol görkezdiň mydam bir azaşany göreňde,
Öz ýagşy ahlagyň bilen illere bolduň görelde.

Basyp alan wagtyň hergiz duşmanlaryň galasyny,
Hiç unutmadyň Hudaýyň, etdiň abyt yhlasyny.

Şonuň üçin Alla saňa mydam ýar edendir ýeňşi,
Allany tapan kişiniň mydama rowaçdyr işi.

Duşmanlaryň seni görse, derrew bolardylar tukat,
Sen ýeňiş gazanan günüň başlaryndan indi apat.

Bedewleriň uçar gider ýatladyp peýkamy-oky,
Duşman mydam gapyl galar, asla çykmaz eden çaky.

Ýigitleriň bürgüt ýaly jeň meýdanynda pel-pellär,
Her biri ýolbars mysaly duşmanyň läşini tellär.

Duşmanyň etini iýip, sorarlar onuň ganyny,
Olary ýeňiş gandyrar, orta goýarlar janyny.

Gazap bilen giren wagtyň başlar kesilýän meýdana,
Duşmanlaryň jynlar ýaly dargap giderler çar ýana.

Päli azyp duşmanlaryň ýurduňa aýak bassalar,
Gaýtawul bermeklik üçin ýerinden galar hassalar.

Bu toprak mydam päkize, her daban ýeri mukaddes,
Onuň daşy goraglydyr, depeläp bilmez her näkes.

Enesi dograny bäri azat bolup ýaşan duşman,
Onuň bu ýeňşinden soňra esir düşüp, eder puşman.

Nadanlyga hemra bolup gelipdi ol bu diýara,
Ýeňlişe sezewar bolup, bu gün galdy namys-ara.

Adyllygyň garşysyna çykanlar sürmez döwrany,
Çünki bu dünýä döräni şeýtandyr olaň ýarany.

Şeýtanyň goşuny ýeňmez näçe düwse-de goşuny,
Allanyň sadyk gulunyň eňilmezek goşunyny.

Duşmanlaryň çagalarnyň gandallanar aýaklary,
Maşgalasyndan zat galmaz, gyrnak bolar aýallary.

Olaň çadyrlary mydam betniýetleň mekanydy,
Gylyjyň çadyrdan sogrup, olary gabra gabady.

Kän olja tamakin bolup, geldi olar bu diýara,
Ýöne öz ýurtlary tozup, galdy olar ahy-zara.

Hökümdaryň soltany, sen ýene ägirtlik etdiň,
Ynsanperwerlik görkezip, olaryň günäsin ötdüň.

Soltanym, aperin diýýän seniň gujur-gaýratyňa,
Aýak yzlaryňy öpüp, hem alkyş okaýan adyňa.

Ýöne eden işleriňi beýan ederden söz ejiz,
Seni hernäçe öwsemem, ol has bärden gaýdar hergiz.

Saňa bolan buýsanç-söýgim uç-gyraksyz äpet umman,
Men hyzmat etdim çyn äre, kalbymda galmady arman.

Gijeler çirim edeňok, aladalaň çökderdir has,
Eden haýyrly işleriň öz gözüňe görünýär az.

Adyllyga gol ýapýarsyň sen her öz işiňde,
Şol sebäpli raýatlaryň mydama seniň daşyňda.

Mätäç wagtym goldap meni abraýa ýetiren sensiň,
Bir dilegim: Alla saňa uzakdan uzak ýaş bersin.

Maňa beren ýardamlaryň asyl-ha çykmaz ýadymdan,
Sen hakdaky ýatlamalar ömür aýrylmaz ýanymdan.

Seniň arkaňdan gazandym dünýäde ähli zadymy,
Şaýolda-da, ýodada-da saňa deňlärin her ädimi.

Daýanjym sen, guwanjym sen, artykmajym sen her kimden,
Ýalkasaň-da, gargasaň-da, bu başym seniň erkiňde.

Saňa duşup gamly dünýäm giňedi, boldy alaýaz,
Şonuň üçin Alla näçe ybadat etsem bolar az.

Seniň ömrüňi uzakdan uzak eýlesin Biribar,
Bu dünýäde sen bolmasaň, bu dünýä däl maňa derkar.

Galkanym sen, sowudym sen, ýokly günlerde goragym,
Gap-garaňky gijeleri sensiň ýagtyldýan çyragym.

Ýagşylara galkan bolar, asly beýik, ýagşy ynsan,
Ýagşy ynsan ýagşylara mydam eder haýyr-yhsan.

ON ÜÇÜNJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň gabryny nurlandyryp, oňa rehmet etsin!) bagyşlandy.

Kalbym tukat, pikirlerim bulaşyk,
Gündizem, gije-de göremok yşyk.

Juda uzak ony alyp giden ýol,
Bu sapardan heniz gaýdyp gelen ýok.

Gijemi, gündizmi saýgarman asyl,
Indi meniň üçin ýok oň manysy.

Ol hakda ýatlamam ömür gözbaşy,
Diňe şoldur meniň göwnümiň hoşy.

Gün şöhle saçmasa, ondan ne hajat,
Gije-gündiz işim Alla mynajat.

Gijeler uzakdyr, hiç geçmez wagtyň,
Ol gidip ýumruldy, göwnümiň tagty.

Yşka düşenlerem çekmez bu derdi,
Bahar-ýazdan soňra aýazlar geldi.

Ahy-nala edip, çekdim men jepa,
Bu derdime tapyp bilmerin şypa.

Keç ykbal oýandy, ýok oň alajy,
Bu derdi çekmeli bolsa-da ajy.

Bu döwletiň synmaz sütünidiň sen,

Keremli ynsanyň buýsanjydyň sen.

Bu ülkä guwanyp ýaşadyň ömri,
Ony gülletmäge berdiň sen emri.

Haýyr işi etmediň sen göz üçin,
Halk bähbidi boldy aladaň, ünjiň.

Tekepbir bolmadyň, päliň pes boldy,
Duşmanlaryň senden öz paýyn aldy.

Bar göreniň şan-şöhratdy aslynda,
Kän ýeňiş gazandyk tuguň astynda.

Ata münüp jeňe çyksaň, bigüman,
Ýow goşuny dagar misli bir duman.

Ölüp duşmanlaryň serkerdebaşy,
Ýurdunda oň üçin dökdüler ýaşy.

Allanyň ýardamy hak serpaýyňdy,
Şol sebäpli ýeňiş seniň paýyňdy.

Her esgeriň ýolbars bolup inýärdi,
Ony gören duşman tilkä dönýärdi.

Sen gitseň-de, ýurduň ebedi galar,
Işiň dowam eder nesliňden şalar.

Ylym ojagydy seniň diýaryň,
Dostuňdy ymamlaň, alymlaň bary.

Eger diri bolsa Merýemiň ogly,
Direlderdi, munda bolardy ornuň.

Musa bu dünýä-de bolsady aman,
Ýylan-a däl, ilki saňa biýrdi jan.

Adyllyk deňzidiň, raýatlar – gämi,
Şeýdip dolandyrdyň kän-kän ülkäni.

Eden işiň haýyr boldy halkyňa,
Ony söýdüň, eýe etdiň hakyna.

Bu ýurt senden pena tapmadyk halda,
Ýiterdi sypal deý äpet ummanda.

Indi bir iýip doý jennet bagynda,
Öň halka iýdirip, iýmediň munda.

Goýan ýörelgeleň nesliň dilinde,
Arkaýyn bol, ýurt olaryň elinde.

Ahlagynda müşk-anbaryň ysy bar,
Söhbetdeş bolanlar gezer bagtyýar.

Sözüň dür, terbiýäň täç, ylmyň çeşme,
Raýatyň ýüzüňi görmäge teşne.

Alla senden razy, ýokdur hiç ünjiň,
Gylyç dakynansyň gowy päl üçin.

Aslyň nurdur, datly çeşmedir aňryň,
Miwäňe balyny gatandyr Taňrym.

Keremiň çägi ýok, sen il guwanjy,
Bolduň diniň hem döwletiň daýanjy.

Keremli ärlerden doludyr daşyň,
Sendiň olaň ylhamynyň gözbaşy.

Goý, adyň beýikden beýige galsyn!
Bagtyýarlyk ömür ýaranyň bolsun!

ON DÖRDÜNJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Horezmşa Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla oňa rehmet edip, onuň mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Rehimlidi, geçdi aman şöhratsyz,
Beýik soltan Abu Muzapbar Atsyz.

Utanç-haýa donun geýip egnine,
Raýatyna ýardam ederdi diňe.

Halkyň arasynda gezerdi mydam,
Duşman gelse, jeňe goýardy gadam.

Sebäpsiz gylyja ýapyşmaz hergiz,
Onuň deý hökümdar bolmandy heniz.

Ahlagy görelde, müşk deý bark urar,
Işlerine hamdu-sena ýaraşar.

Sen daýanjy dinimiziň ylahy,
Senden razy ata-babalaň ruhy.

Sen soltansyň şalaň baryndan üstün,
Olar ýardam sorap alarlar üstüň.

Seniň beýikligiň aýandy irden,
Arassadyň senden aýyp gözlärden.

Ulamalar seniň ýoluny tutar,
Ymamlar adyny hutbasyna gatar.

Yslam dini seniň bilen ýalkandy,
Musulmanlar gylyjyňdan galkandy.

Seniň ruhuň bu gün çykdy sapara,
Seni ugradýanlaň ýüregi ýara.

Raýatlarny edişiň deý, hökümdar,
Baryp, jenneti-de et sen bagtyýar.

ON BÄŞINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Horezmşa Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla oňa rehmet edip, onuň mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Dost gidip, sowuldy baharym-ýazym,

Indi men nädeýin aýdymy-sazy?!

Ony Alla çagyrdy öz ýanyna,
Boýun egmejek ýok oň permanyna.

Kalbym para, ýaşym bir ganly derýa,
Gije düşse, derdim basmarlap barýar.

Ykbal meni ýykdy, etsemem gaýrat,
Elimde, bilimde galmady kuwwat.

Gözde ganly ýaşym, elimde Gurhan,
Oňa jennetden jaý bergin, eý, Rahman!

Kalbym duwlanypdyr gam-gussa, derde,
Hijran odun ýeke çekdim bu ýerde.

Ony direltmäge kim berse sözi,
Şoňa gurban bolsun şu goşa gözüm.

Diri wagty kändi onuň dost-ýary,
Indi bir men bolup galdym hossary.

Ahyr bir gün meň kalbymam ynjalar,
Ýöne ýagşylygy ýadymda galar.

Öň ol gamlananda bolýan kebelek,
Bu gün garny üçin bolýar janserek.

Horezm mäligi goýdy Zemini,
Arman, indi işi kynlaşar diniň.

Ol din sütünidi, kyn günler geler,
Sütüni synan din nähili bolar?

Diri wagtyň saňa açarlar gujak,
Öleňsoň tapylmaz seni ýatlajak.

Kyn gününde ondan alanlar ýardam,
Eden ýagşylygyň ýatlarlar zordan.

Polat gylyjy bilen bu diýary gorady,
Bu gün bolsa ol syrly köşge tarap ugrady.

Mal-mülk toplamady, pukara ötdi,

Hak oňa jennetde köşk bina etdi.

Döwründe ol şatlyk paýlady ile,
Bu gün şatlyk küýsäp, düşdi ol ýola.

Bu döwleti ylym mesgeni etdi,
Bu ýerde köp alym şöhrada ýetdi.

Bu gün esgerlerde görünýär ünji,
Diri wagty oldy hemmäň buýsanjy.

Haýyr-yhsan eden ýatlanar baky,
Bilner ýagşy işler bu asyrdaky.

Yhlas etdi kössün goýman işiniň,
Egninde göterdi iliň keşigin.

Awuny aldyran awçy deý misli,
Sen gidip, duşmanlaň gaçdy höwesi.

Seň bilen şatlandym şu wagta deňiç,
Ol döwri yzyna dolap bilmez hiç.

Ýörelgäňi goýduň nesliňe miras,
Işiň mundan beýläk rowaç alar has.

Döwletiň geljegi düşse ýadyma,
Ýüregim çoýunýar şatlyk oduna.

Ýeňişleriň öçmez taryh gatyndan,
Ýürekler gobsunar şan-şöhratyňdan.

ON ALTYNJY KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Horezmşa Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň ruhuna rehmet etsin we mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Gezdiň halk bähbidi maksadyň bolup,
Ykbal bakdy saňa kän gezek gülüp.

Kömek islän aldy gerekli zadyn,
Pena islänlerem bolmady nadyl.

Muhammet dinini ýetirdiň daňa,
Ötenleriň ruhy buýsanýar saňa.

Ýurduň wasp edilse, duşmanlar gamda,
Galyp, kesilýärler nahar-tagamdan.

Adyl höküm sürdüň ýatlap Hudaýy,
Haýyr iş edýäniň haýyrdyr paýy.

Haýbatyň eredýär dag bilen daşy,
Seni görse, çaşar duşmanyň başy.

Senetkärler tapdy ýurduňda kemal,
Bu ýerde edindi olar baýlyk mal.

Magşar güni bolarsyň sen serkerde,
Her bir kowum seni küýsär ol ýerde.

Islendik döwürde bolardyň beýik,
Beýikler gezerdi mertligiň söýüp.

Gapyňdan gelene etdiň hyzmaty,
Aňyňdady halk müşgili, mähneti.

Abraýyň, derejäň artýar günsaýyn,
Seniň beýikligňe hemmeler maýyl.

Ýusuby ýatlatdyň gören adama,
Allaň parzy emriň boldy mydama.

Haýyr iş edýänler öwgä mynasyp,
Bar eden arzuwyň, goý, bolsun hasyl.

ON ÝEDINJI KASYDA

Bu kasyda ýene-de oňa[19] (goý, Alla oňa rehmet edip, onuň mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

[19] Bu ýerde Horezmşa Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammet göz öňünde tutulýar.

Eý, beýik ymam, ýadawsyz serpaý ýapypdyň uly ile!
Bu gün menem goşum düwüp, çykdym bu hupbatly ýola.

Men abraý üçin çykmadym ýa görmäge ýakyn-ýady,
Çünki seň ýanyňda galdy gazanan ähli şöhradym.

Ähli işler diňe Allaň eradasy bilen bolar,
Diňe Alla islän çagy beýik derejeler geler.

Beýiklik hakynda hergiz pikir edip gezdim dynman,
Ahyr bildim oňa sebäp bolýar sogap, haýyr-yhsan.

Beýiklik däl gözel köşkde, ajap döwran sürüp ötmek,
Beýiklik – ýagşy iş edip, adamlary razy etmek.

Kyrk ýyllap beýik diýdiler meniňem ýüzüme bakyp,
Irdim beýik boljak bolup ýörmekden ömrümi ýakyp.

Beýikdir Muhammet dinin beýgeldip ýetiren Aýa,
Allaň parzyn berjaý edip, şerigaty dünýä ýaýan.

Ol hut şoň ýaly soltandy, ýeňiş oňa ýar bolýardy,
Ony görüp beýik şalar öz tutýan ornun bilýärdi.

Ulus iller ýel-ýagmyrdan penalar beýik daglary,
Beýik ärlerem penalar ýardama zar ynsanlary.

Ýagşy niýetden doludyr onuň merhemetli kalby,
Ata-baba ýolun tutup, tükenmez abraý aldy.

Ýagşy niýetli kişiler dini ediner ýörelge,
Muhammet sünnetin tutup, ondan alarlar görelde.

Beýik är söz aýtjak bolsa, müň gezek ölçerip döker,
Haýyr-yhsany köp edip, şer işleriň öýün ýykar.

Ol dünýäň puçdygyn biler, guwanmaz baýlyga, mülke,
Onuň aýdan her bir sözi kanundyr millete, halka.

Ynsaby sygmaz ýer-göge, ahlagy göýä bir deňiz,
Maşrykdyr Magrypda ýokdur haýyr iş etmekde deňi.

Mejlise datly, bark urar köşgünde ylym bossany,
Ýagşy işlerdir gözlegi, sorar mätäji, hassany.

Gapysyndan gelen kişiň bitmän gitmezdi hajaty,
Howp abanan howpdan dynar bilse köşge özün atyp.

Gökdäki Aý, Gün, ýyldyzlar tagzym edýärler gaşynda,
Raýatlary bagtyýardyr, jem bolup durar daşynda.

Ýurduň ähli ýeri boldy hakyky ylym ojagy,
Goldardy ol haja gidip, beýik Käbäni görjegi.

Halkynyň keşigin çekip, gaýgyrmady şirin jany,
Göýä bir sil bolup akdy gylyjyndan duşman gany.

Oň adyllygy özüne maýyl edýär her ynsany,
Zahyda[20] gaýra dur diýýär edişi haýyr-yhsany.

Ol başdan dowam etdirdi ata-babalaryň ýolun,
Onuň aýdýan her bir sözi tükenmez manydan doly.

Haýyrly işlerin görüp, müşrikler[21] kesdiler sesin,
Edilýän bar haýyr işler ýagşy häsiýetiň miwesi.

Agşamyň şapagy ýaly gazaby tiz geçip gider,
Geçirimligi bolsa uzak günläp dowam eder.

Batyl kowumlar tapmady ony ýok etmäň ugruny,
Ýyldyz öçürip bilermi howurly Günüň nuruny.

Bar halk daşyňda jemlener ýüzüňi görkezseň eger,
Ýyldyrym ýaly gylyjyň duşmanlary heläk eder.

Halkyňy ýürekden söýüp, ony etdiň sen bagtyýar,
Bilinýän hem bilinmeýän ýagşy ahlaklar sende bar.

Seniň özüň abraýly, döwletli ynsanlaň nesli,
Olaryň ýagşy işlerin raýatlar edindi tesbi.

Utanç-hyýady olaryň geýip goranýan sowudy,
Dogry sözden galkanlary ähli galkandan gowudy.

Olaň dogry sözlüligi köplere bolupdy aýan,
Olaň ýanynda özüni bagtly saýýardy musulman.

---

[20] Zahyt – terkidünýä, ybadathon ynsan.
[21] Müşrik – Alla çirk edýän ýa-da ynanmaýan adam.

Haýyr daragtyn oturdyp, sarp etdiler yhlasyny,
Soň raýatlary ýygnady, ol daragtyň bol hasylyn.

Senem raýatlaryň üçin päkize çeşme mysaly,
Ondan ganan raýat özün duýýar bagta ýeten ýaly.

Raýatlaryň arzuwlaryn bir-birden etdiň sen hasyl,
Şer hem-de zulum işleri sogrup taşlady yhlasyň.

Ykbal ojaga ot berdi meni gazanyna salyp,
Aýralyk derdi syrygdy gözümden ganly ýaş bolup.

Meniň gaýgy-hasratymyň çuňlugyn görseňiz derňäp,
Çagasyn aldyran enäň hasratyna bolar deňäp.

Ýüregim para-paradyr, gözümden akýar ganly ýaş,
Asla aklyma syganok, bolup geçen gabahat iş.

Ömür donuma düşüpdir hasrat matasyndan ýama,
Diňe kän wagtyň geçmegi kömek berip biler maňa.

Takwalygyň göreldedi kän takwa gören halkyňa.
Raýatlaň seni unutmaz eden işleriň hakyna.

ON SEKIZINJI KASYDA

Bu kasyda ýene-de oňa (goý, Alla oňa rehmet edip, onuň mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Ony goňşym, dostum diýip tanadym,
Galmady birjigem sabyr-takadym.

Ol ýyldyz süýnen deý daşlaşyp gitdi,
Kalbym gam deňzine müdimi batdy.

Dolap aldy demirçiniň körügi,
Ganly ýaş gözümden akdy syrygyp.

Ol nurly Gün kibi paýlardy güneş,
Kim çoýunsa bordy egri ýoldan daş.

Oňa uýup ýol tapan kän azaşyp,
Ýagşy ynsanlardan doludy daşy.

Şygyr ýazsam geljek bolsa yzyna,
Gije-gündiz zor salardym özüme.

Eden hemaýaty çykmaz ýadymdan,
Zulumkeşe orun ýokdy ýanynda.

Ol diniň hem bu giň dünýäniň täji,
Daş çyksa kemärdi Günüňem güýji.

Öz guran döwletin etdi edara,
Tümlük tapmaýardy nuruna çäre.

Agzala kişileň ganym duşmany,
Dostluk doganlykdy mydam ýarany.

Ol beýikdir, şan-şöhraty zyýada,
Ylmy söýüp, ösdüripdi dünýäde.

Alymlaryň mesgenidi bu diýar,
Keremli ärlere boldy penakär.

Mejlisinde ylym bark urýar gül deý,
Alymlaň abraýy nur saçýar Gün deý.

Her bir sözi lagl-merjen nusgasy,
Nesihaty ýerde ýatmazdy asyl.

ON DOKUZYNJY KASYDA

Bu kasyda ýene-de oňa (goý, Alla oňa rehmet edip, onuň mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Ýyldyzlaryň nury öçüp, Gündogar elwan öwüsdi,
Göýä gandan doly gözýaş, günäsiniň ýoluny kesdi.

Şatlyk tanapy üzülip, basmarlady gaýgydyr gam,
Yns-jyns ýas lybasyn geýip, ýerde iýilmedi tagam.

Nalap-nalap gözýaş dökdüm, gurady gözümiň hanasy,
Gözýaşlarym tükense-de, öňküdi kalbymyň nalasy.

Magrypdan Maşryga doldy bu ajy habar şol halat,

Musulman ymmaty üçin gopan deý boldy kyýamat.

Asmany bulut eýeläp, yzyn üzmän ýagdy doly,
Asmandyr Zemin goşulyp, boldy ýas baglaýan ýaly.

Kalbym ahy-zar içinde, kalbymda hasrat dumany,
Bu günüm-ä düýne döndi, geljekde galmady many.

Gün geçdigiçe köpelýär kalbymdaky gaýgy-gussa,
Dünýä maňa dar görünýär, indi men çäresiz hassa.

Aglamakdan gabaklarym ýapyşdy biri-birine,
Ýatlamalar gazyk kimin kakyldy ýürek törüne.

Bilsem goşgym bilen yza öwrüp daşlaşýan gadamyn,
Ol direlýänçä durmazdy bir ýerde döwet galamym.

Ol meniň çyn hossarymdy, öwgi bossanyna eýe,
Asla soňuna çykma ýok onuň waspyn diýe-diýe.

Ol beýikligi söýmedi, beýiklik aşykdy oňa,
Ol halkyna hyzmat edip, öz yşkyny goýdy soňa.

On dördi gijäniň aýy deý görklüdir utanç-haýasy,
Daň ýyldyzyna kybapdyr dogruçyllygy, wepasy.

Ady Jelal[22] öýderdiler görenler eden işini,
Beýik diýmän neneň edip aňlatjak beýle kişini.

Uly ýa-da kiçi diýmän, haram işleri terk etdi,
Haýyr iş kiçi hem bolsa, binasyny berkden tutdy.

Haýyrly işleriň müşkdür, ýa-da anbardyr bark urýan,
Ol ysy alana boldy asylzadalygyň aýan.

Eden haýyr-yhsanlaryň gaýry dur diýýär ummana,
Haýbatyňdan gorkan öli tisginip, başlar turmaga.

Şübhelenýän kişi ýokdur seniň akyl-paýhasyňa,
Ynsabyň pamyk ýalydy, hemme ynanardy saňa.

Seniň düre meňzeş sözüň permandy, berlerdi «häsi»,
Ähli hökümdarlar seniň tagatyňda durdy häzir.

---

[22] Jelal – beýik.

Seniň hyzmatyňy edip, tapdym özüme ak ýoly,
Aýdyň maksatlygyň bilen aýan etdiň sagy-soly.

Esgerleriň ýolbars deýin böwsüp giderdi tümlügi,
Şöhrat getirdi olara gaýduwsyz edermenligi.

Her bir salyh kişi munda tapar haýyr bilen yhsan,
Bu ýerde yslamyň nury, bu ýerde külli musulman.

Sen hakda aýtjak sözümden atyryň ysy bark urar,
Alla nazaryn salandyr – diýaryň pajarlap durar.

Eli galam tutanlardan seni wasp etmedik azdyr,
Çünki töwerek-daşymyz mydama bahardyr ýazdyr.

Goşgymda seni öwmesem, ol meňzär duzsuz tagama,
Şygrymda sena aýtmasam, meňzär ýalaňaç adama.

Seň ynam etmegiň bilen ýetipdim men bu mertebä,
Indi dünýä boşap galdy, dag-daşa uruldy depäm.

Abraý donun geýdim diýdim – ýyrtylany aýan boldy,
Bägül ysgamakçy boldum, heniz ysgamankam soldy.

Sen bir beýik Ýaradanyň nazary düşen ynsany,
Her bir aýdan sözleriňde bardy tükeniksiz many.

Gylyjyň kesgirdi, atyň dolanmazdy baýrak alman,
Eden gowy işleň üçin, goý, seni ýalkasyn Alla.

ÝIGRIMINJI KASYDA

Bu kasyda ýene-de oňa (goý, Alla oňa rehmet edip, ruhuny mukaddes kylsyn we onuň mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Gara bulut gelip, tutuldy asman,
Ýas lybasyn geýdi barça musulman.

Asmanyň gözýaşy sil deý akandyr,
Zemin tukatlygyň odun ýakandyr.

Asman nagra tartdy, Zemin ýas tutdy,
Bu habar Magrypdan Maşryga ýetdi.

Ýyldyrym lowurdap, çapýardy her ýan,
Göýä bu habary edýärdi aýan.

Dostdan jyda düşmek bar aýbyň açar,
Gowy bordy meni saýlasa ajal.

Menden soraýarlar saňa meňzeşi,
Diýýärin: «Doganok onuň deý kişi».

Jennete mynasyp seniň bedeniň,
Belki, şonuň üçindir haýyr edeniň.

Ol şepagat badasyndan ganandyr,
Adalat çeşmesi oňa galandyr.

Eý, dostum, bu dünýä tüme bürendi,
Bu dünýä gözüme dar indi.

Sen halkyň buýsanjy, gorag galasy,
Seň arkaňdan boldy arzuwlar hasyl.

Tagta çykdyň – ýurda indi bereket,
Başda nurdan alansyň sen hereket.

Külli hökümdarlar buýsanýar saňa,
Diňe beýik işler boldy ýar saňa.

Beýiklik hem saňa edýändir tagzym,
Haýyr-yhsanyň köp, döwletiň azym.

Bu diýarda hormatlydyr ulama,
Bu diýara sarpa goýandyr Alla.

Batyr esgerlere bolduň serkerde,
Zulumkeşler gan ýuwutdy her ýerde.

Gylyç uran wagtyň zalym duşmana,
Älem-jahan geläýerdi lerzana.

Zynjyrlap, zyndana saldyň nebsiňi,
Kanagat hiç haçan goýmady seni.

Halka goltgy bolduň, berdiň engamy,
Alla abat etsin, iki dünýäňi.

Sen bu uly halkyň ýüzüniň nury,
Saňa sena aýdýar musulman bary.

ÝIGRIMI BIRINJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Horezmşa Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň ruhuna rehmet etsin we mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Haýyr-yhsan ummanyňda ýok kenar,
Adyl höküm sürdüň, halkyň bagtyýar.

Zadyň gysganmadyň gelene sorap,
Şer işi terk etdiň, gazandyk sogap.

Horezmşa adyň doldy her ýana,
Haýyr-yhsan etdiň bar musulmana.

Ähli ýagşy ahlak jemlendi sende,
Olar bolsa päkdir külli bedende.

Keremlidiň, ýurda etdiň yhtyram[23],
Saňa tagzym edýär namysam, aram.

Maldyr mülke gyzman, etdiň kanagat,
Soltan kanagaty — ýurda bol nygmat.

Adyllykda ýokdur hiç deňi-taýyň,
Alla ýalkap, jennet bolsun seň jaýyň.

Ýagşy adamlara goýduň sen hormat,
Halka ýardam berdiň, paýladyň nygmat.

[23] Yhtyram – hormat.

Sensiň raýatlara şöhle saçýan Aý,
Alym, ymamlara ýapdyň kän serpaý.

Bu diýarda höküm sürerdiň adyl,
Sen halkyňa şatlyk nuruny çaýdyň.

Halkyň arasyna çykmasaň eger,
Gün tutulyp, älem tüme bürener.

Sensiň raýatyňa arzyly çeşme,
Ol çeşmeden içse, şat bolar teşne.

Seniň pikriň ýol görkezýän ýedigen,
Haýyr, ylym tapar bu ýurda gelen.

Aç bolup gelenler doýurdy garnyn,
Ýalaňaç gelene geýdirdiň dony.

Hamdu-senalara mynasyp sensiň,
Haýyr etdiň, Alla sogabyn bersin.

Abraýly ärlerden gaýdýandyr aňryň,
Olaryň şöhratyn ýitirmez Taňrym.

Dile çeperlikde bolmaz saňa taý,
Edýän sogaplaryň her bir göwne jaý.

Ýaşy ahlak mydam seniň gaşyňda,
Raýatlaryň gyslyşyp dur daşyňda.

Sen halkyňa berdiň asuda durmuş,
Asudalyk saňa tagzyma gelmiş.

Diýaryňa gadam basan amandyr,
Peşgeş beren döwrüň ýagşy zamandyr.

Gelýän kerwenleriň kesilmez yzy,
Ýurduň ýada salýar bahary-ýazy.

Myhman gelse, mydam saçagyň açýaň,
Güler ýüz berýärsiň, nygmatlar seçýäň.

Halkyň desterhany doly nygmatdan,
Köşkdür eýwanlaryň durar ýüz gatdan.

Ykbalyňy hoşal edip gezýärsiň,
Akyl-paýhas ummanynda ýüzýärsiň.

Tutaşaýsa bela-beteriň ody,
Paýhas suwun sepip, alýarsyň badyn.

At-abraýdyr buýsanç guwanýar saňa,
Sen – adyl. Adyllyk buýsanýar saňa.

Beýikligiň ýoly bolmaýar ýakyn,
Oňa aldanmazlyk ondanam has kyn.

Hakykatdyr söýgi kalbyma dolan,
Öwmesem aýdanym bolardy ýalan.

Ykbala dil bitse, goýmazdy öwüp,
Ýöne öwgüdenem sen juda beýik.

Öwseler öwgä ýesir düşmediň,
Dana durmaz öwgä pitwa edip.

Äpet Günüň kysmaty bar başyňda,
Beýik ärler aýlanyp dur daşyňda.

Halkyň gamly kalbyn gamdan päklediň,
Şatlyk paýlap, Allaň parzyn sakladyň.

ÝIGRIMI IKINJI KASYDA

Bu kasyda ýene-de Horezmşa Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň ruhyna rehmet etsin we mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Eý, älem-jahana maldyr mülk paýlan,
Adyllygyň dünýä edildi yglan.

Sen gidip, dowzahda duýdum özümi,
Nuruňdan aýrylyp, tapman yzyňy.

Myhmanlar öýüňde düşläp öterler,
Bu ýerde olaryň atyn tutarlar.

Maksada ýetirdi ýurduňda ýaşan,
Ýamanlar öwrülip giderdi ýagşa.

Häsiýetiň ýumşakdy, pamykdy ylla,
Gul Zemini taşlap gitmez ömrülla.

Saňa tabyn Gündogardyr Günbatar,
Raýatlaryň seni saýýarlar ata.

Bolduň ähli soltanlara görelde,
Sözüňden dänmediň bir söz bereňde.

Imanyň kämildir, gazandyň sogap,
Halka haýyr etdiň, günuzyn ylgap.

Jomartlykda taýyň diňe Hatam Taý,
Görk-görmegiň misli şöhle saçýan Aý.

Halkyňy goradyň döş gerip jeňde,
Ýurduň keşigini çekdiň gerdende.

Kömege mätäje uzatdyň goluň,
Bu elinden gelmez her sadyk guluň.

Işi müşgil bolan, basan gaýgy-gam,
Ýüz tutsa, wagtynda alardy ýardam.

Azaşana bolup geldiň sen çelgi,
Diňe daýanç bolduň şu güne çenli.

Şan-şöhratyň artyp, abraýyň galdy,
Duşman ony görüp, lapykeç boldy.

Haýyr edip, ýöretmediň sanyny,
Halkyň üçin aýamadyň janyňy.

Seniň diýaryňda raýatyň rahat,
Aman ýaşap, Alla edýärler tagat.

Halk üçin ýaşadyň, ömrüň geçdi uz,
Taryhda galdyrdyň hiç öçmejek yz.

Seniň roýuň şerigata çakylyk,
Maýyl edýär durkuňdaky hoş gylyk.

ÝIGRIMI ÜÇÜNJI KASYDA

Bu kasyda ýene-de Horezmşa Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla oňa rehmet donuny geýdirip, mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Hemme saňa maýyl, daşyňda jemdir,
Her bir aýdan sözüň dürdür, merjendir.

Ýüzüň ýada salýar Günüň jemalyn,
Çünki senem nur saçýarsyň Gün ýaly.

Gitdi dost-doganym, dünýä gapyşdy,
Aglap-aglap gabaklarym tapyşdy.

Syryň ýokdur öz halkyňdan, iliňden,
Halk şatlansa, senem şatlandyň çyndan.

Dynçlyk saňa ýatdy, halkyňdy bagtyň,
Gynanma, biderek geçmedi wagtyň.

Gara gijeleri ýolladyň güme,
Ýöne bu gün Günüm duwandy tüme.

Döwleti abraýa ýetirdiň özüň,
Keremli ynsan sen, aýdym her sözüň.

Atsyz ibn Muhammet Şalaryň şasy,
Hemme kişä belli abraýy, şany.

Abraýy zyýada asmanda, ýerde,
Ony tanaýarlar kän ülkelerde.

Ýolbars ýaly ýok gorkusy-ürküsi,
Görse, duşmanynyň sandyrar sesi.

Atasyny sylan ony sylaýar,
Haýyrly iş etse, şatlyk oňa ýar.

Edermen, serkerde, gorkmaz duşmandan,
Halky üçin geçer ol şirin jandan.

Sözleri şirindir, miwedir datly,
Sahydyr, gezendir ýagşy şöhratly.

Olja üçin çykmaz söweşe, jeňe,
Ar-namysyn tutar bar zatdan öňe.

Ol batyrdyr, heder etmez hiç ýowdan,
Misli dörän Adam ataň kalbyndan.

Onuň zürýatlary jeren deý görkli,
Olar bu döwletiň geljegi, örki.

Ýeňişden watana ýaparlar serpaý,
Her birisi geler ýüz duşmana taý.

Dynç günde hemmesi bir ýumşak ynsan,
Jeňde süýt däl, emen ýalydyr al gan.

Olar jem bolsalar söweşe başlap,
Duşmanlary gaçar çagasyn taşlap.

Gaçanlar ar-namys astynda galar,
Gaçmadyklar bärde gul-gyrnak bolar.

Ýurda dolansalar — toý hem abatlyk,
Çünki gahrymanlar getirýär şatlyk.

Horezm şehidiniň jennetdir jaýy,
Onuň duşmanynyň dowzahdyr paýy.

Ýagşy niýetliler galmaz ýolundan,
Ýaman niýetliler tapar pälinden.

Haka direlt diýip ýalbardym ony,
Dolanmazmy Isa Merýemiň ogly?!

Ol barka dinardan doludy öýüm,
Indi dirhemem ýok, kändir «haý-waýym».

Alla seni diri goýan bolanda,
Bu diýar galardy hasam belende.

ÝIGRIMI DÖRDÜNJI KASYDA

Bu kasyda beýik hökümdar, adyl, alym, dünýäniňdir diniň buýsanjy we beýik ynsany, yslam dininiň we külli musulmanlaryň synmaz sütünidir daýanjy, soltandyr hökümdarlaryň ýeňijisi, dünýäniň we diniň täji, Horezmşa Abu

Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň ruhuna rehmet etsin we mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Kalbymda gam-hasrat ýat boldy sapa,
Tukatlyga gözläp tapmadym şypa.

Kän ýyl duran müşküň güýçlener ysy,
Ýyllar geçip awar onuňam yzy.

Köpler gadry gaçan ýerden göçýär tiz,
Emma meniň üçin bu diýar eziz.

Köp söýgüden geçdim doýmankam gana,
Ýöne oňa söýgim müdimi galar.

Ýagty saçýan nurdy utanç-haýasy,
Onuň nurundan pes Günüň şöhlesi.

Haýyrly işlerňi gutarman sanap,
Her gün gazanardyň gaty kän sogap.

Alladan dileýän gaýdyp bermegin,
Seni hem-de şol ajaýyp günleri.

Sen gidip, meň öýüm bölündi iki,
Bir bölegi jennet, dowzah beýleki.

Kalbym gaýgy-gamda, ýokdur takadym,
Sen gidip gyryldy meniň ganatym.

Şat ýaşan günlermi eziz mekanda,
Şygrymda bir gaýtalasam bolmanda.

Ýagşy günler geçip gitdi duşumdan,
Gaýgy-tupanam geçer – emin[24] men ondan.

Sen barkaň bolupdy din, dünýä abat,
Yslam äleminde abraýyň zyýat.

Köp-köp soltanlardan ýokdur hiç peýda,
Olaň baryn berýän Horezmşa pida.

[24] Emin – howpsyz.

Ol abraýa ýetdi gazanyp sogap,
Yslam ili oňa edipdi togap.

Müşgili ýok etmän, ynjalmazdy hiç,
Ondan pena tapdy ýalaňaç, mätäç.

Islänler bu ýurdy basyp almany,
Duçar bolýar gazabyna Allanyň.

Bäri geler islän beýgeltmek adyn,
Bu diýarda tapar ol islän zadyn.

Haýyr edip, tapar halkyň göwnüni,
Zalymlar bu ýerde gysar egnini.

Söweş meýdanyna çykaýsa eger,
Gylyç syryp, ýolbars ýaly söweşer.

Etmäge çalşypdym men ony razy,
Onuň razylygy – köňülleň ýazy.

Guran binalary bu mekandaky,
Ony ýada salyp, durarlar baky.

Olaryň ýanynda köşki Kesranyň[25],
Bir külbedir ýere beren öz ýanyn.

Şat günleri ýatlap edýärin yhlas,
Maksadym olary galdyrmak miras.

Beýik Allaň güýji ýeter bar zada,
Goý, onam ýetirsin maksat-myrada!

Goý, ol duşmanyny goýup ezýetde,
Ol dünýäde orun tapsyn jennetde!

ÝIGRIMI BÄŞINJI KASYDA

[25] Kesra-Hysrow, Pars şalarynyň lakamy.

Bu kasyda ýene-de beýik hökümdar Horezmşa Abu Muzapbar Atsyz ibn Muhammede (goý, Alla onuň ruhyna rehmet etsin we mübärek gabryny nurlandyrsyn!) bagyşlandy.

Geçeni ýatlamak bar zatdan agyr,
Dostumy ýitirdim, Allam, ber sabyr!

Bu dünýä gelmedik bolsam eger-de,
Şatlanmazdym ýa-da galmazdym derde.

Sag tarapym giden haýyrdyr yhsan,
Sol tarapym zulum, dökülen al gan.

Goşgymda wasp edip onuň bolşuny,
Doldurmakçy boldum dörän boşlugy.

Süňklerim öwrülip döwet-galama,
Ganymy syýa döndi, guýsadym oňa.

Onuňky ýaly görk ýokdy hiç kimde,
Gezdim onuň saýasynda, erkinde.

Hergiz ýada salan wagtym geçeni,
Bahar dolap alýar goýnuna meni.

Oňa bolan söýgim giden bir umman,
Ol gitse-de söýgim artýar gün yrman.

MAZMUNY

Birinji bölüm 5

Ikinji bölüm 100

REŞIDEDDIN WATWAT

ÇARYÝARLARYŇ NESIHATLARY

MÖMINLERIŇ EMIRI ABU BEKR SYDDYGYŇ PÄHIMLERINDEN DOSTUŇ DOSTA PEŞGEŞI

BEÝIK ALLANYŇ ADY BILEN!

Şek-şübhesiz delilleri, egsilmez nygmatlary dogry we hak ýoly görkezmek üçin Muhammet alaýhyssalamy pygamber edip ýollan Beýik Alla öwgüler bolsun. Onuň päk niýetli pygamberi Muhammede, asylly maşgalasyna we onuň ýagşy ahlakly egindeşlerine salawatlar bolsun!

Muhammet ibn Muhammet Omary Reşide Allanyň ýagşy gylyk-häsiýetli edip ýaradan ynsanlarynyň ýene-de biri «**Möminleriň emiri Abu Bekr Syddygyň pähimlerinden dostuň dosta peşgeşi»** atly bu kitabyny tamamlamakda Beýik Alla ýardamçy bolsun! Goý bu kitap Allanyň ýagşyzada bendesiniň pähimine pähim goşup, paýhasyny has-da zyýada etsin! Goý bu kitap Allanyň ýagşyzada bendesine döwlet we dini işlerinde ýardamçy bolsun! Goý Beýik Alla ony, onuň synmaz döwletini görüner görünmez bela-beterden gorap öz penasynda aman saklasyn! Goý Allanyň ýagşyzada bendesiniň dostlary şat, duşmanlary mat bolsun!

Her bir miwe getirmeli daragtyň ahyr-owwal miwe getirşi kimin her bir pähim-paýhas hem ynsanyň kalbynda orun tapyp, onuň hüý-häsiýetine täsir edýär. Nesihatlar halk içinde uly abraýdan peýdalanýan, halkyň söýgüsidir hormatyna mynasyp bolan ynsan tarapyndan aýdylsa ol has-da täsirli bolup, nesihat edilýän ynsanyň kalbynda öçmejek yz galdyrar. Muhammet alaýhyssalamdan soň yslam döwletleriniň hökümdarlygyna gelen Abu Bekr Syddyk, Omar ibn Hattap, Osman ibn Affan we Aly ibn Abu Talyp dagylar hut şeýle hormatdan we abraýdan peýdalanan ynsanlardyr. Goý Allatagala olaryň ählisinden razy bolsun we jennetiň iň sapaly ýerinden jaý bersin!

Men [Reşideddin Watwat] Allanyň ýagşyzada bendesiniň Muhammet alaýhyssalamyň we onuň dört çaryýarynyň dört ýoluny dowam etdirip, olaryň guran döwletiniň serhedini giňeldip, yslam döwletleriniň ählisini daşky

duşmanlardan jan aýaman goraýandygy üçin bu kitaby ýazyp oňa peşgeş bermegi makul bildim. «**Möminleriň emiri Abu Bekr Syddygyň pähimlerinden dostuň dosta peşgeşi»** atly bu kitapda aýdylýan nesihatlary Allanyň ýagşyzada bendesiniň pederleri ýaşlykdan onuň gulagyna guýup, ony päk yslam terbiýesinde kämillige ýetirendirler. Goý Allatagala olaryň ählisine rehmet etsin!

Her bir nesihatyň ahyry ýagşy amala ýazýandyr. Goý Allatagala bizi nesihaty kabul edýänlerden edip ýaratsyn. Goý, Beýik Alla bizi ýagşy umytlardan jyda etmän, işlerimizi rowaç eýlesin!

MÖMINLERIŇ EMIRI, MUSULMANLARYŇ YMAMY ILKINJI HALYPA ABU BEKR SYDDYGYŇ PÄHIMLERI

Akylly, alym adama ezýet berjek bolsaň, ony samsyk, nadan adam bilen söhbetdeş edäýmelidir.

* * *

Başga adamlara zyýany ýetmeýän bolsa, onda akylly adamyň mekirligi, samsyk adamyň bolsa samsyklygy, has gowudyr.

* * *

Yhlassyz edilen toba kezzaplaryň tobasydyr.

* * *

Samsyk adamyň ýalňyşlyklaryny akylly sapak edinmelidir.

* * *

Günä işi höwes bilen etmek iki esse günädir.

* * *

Geçirimli adam uzak ýaşaýandyr.

* * *

Eger kalbyňa dynçlyk, başyňa rahatlyk isleseň, gepläniňde aýdýan zadyňa gowy akyl ýetirip aýt, ýa-da dym.

* * *

Mömin diline berk bolmaly. Onuň ähli ybadatyny biderek etjek zat onuň dilidir.

* * *

Eger kimdir biri owadan gepleýändigine buýsansa, sen az sözlüligiňe ýa-da dymmalygyňa buýsan.

* * *

Eý, Allam! Menm saňa ybadat etmekden güýmejek zatlardan özüň gora.

* * *

Şeýtana iň ýigrenji görünýän kişi ýagşy häsiýetli alymdyr. Alym geplese, ylymly gepleýär. Dymsa ýagşy häsiýeti bilen dymýar. Şeýtan: «Alymyň dymmagy maňa onuň geplemeginden agyr degýär» diýipdir.

* * *

Adam Allanyň şekiliniň nähilidigini biljek bolman, onuň bardygyna, ýeketäkdigine ynanmalydyr we oňa ybadat etmelidir.

* * *

Adamyň kalbynda hakykat orun tutanda, ol ýagşy işler eder we jennete girer. Adamyň kalbynda ýalançylyk orun tutanda, ol ýaman we günä işleri eder, dowzahdan özüne mekan tutunar.

* * *

Allatagala Muhammet alaýhyssalamy misli nur saçýan aý ýaly ýaratdy.

* * *

Mejlisde köp geplegen dil, adamy pes eder.

* * *

Eý halaýyk! Ýanyp duran ody öçürmäge çalyşyň, ýagny namaz okap, haýyr işler edip dowzahdan daşlaşyň.

* * *

Eý, Allam! Senden geçirimlilik etmegiňi dileýärin. Gapyl bolmakdan özüň gora. Ýüregime ýagşy niýetleri guý. Senden başga Hudaý ýokdur.

* * *

Duşmançylyk miras geçýändir.

* * *

Allatagala haram iýip ýaşan bedene jenneti haram etdi.

* * *

Eger erbet işler köpelse, diýmek seniň hak, haýyr işleriň azalandyr.

* * *

Diliňi diňe dogry sözlemäge endik etdir.

* * *

Iň ýagşy amal adyllykdyr. Ol ähli haýyr işleriň seresidir. Adyllyk edýänem, adyllyk edilýänem ýagşy işiň başyny tutýan adamlardyr. Zulum iň erbet işdir. Ol ýaman işleriň seresidir. Zulum edýänem, zulum etmäge ýardam berýänem ýaman işleriň başyny tutýan adamlardyr.

* * *

Ajy günleri süýjä öwürýän sabyr we takatlylykdyr.

* * *

Aç wagty nahara topulýan, dok wagty haýallaýan adamdan häzir boluň.

* * *

Myhmana ýagşy hyzmat edýän adam ene-atasyndan iň gowy terbiýe alan kişidir.

* * *

Adamlaryň ähli göreşleriniň, gapma-garşylyklarynyň aňyrsynda bir bähbit ýatandyr.

* * *

Tamakinçiligiň soňy heläkçilige eltýändir.

* * *

Kim Allany tanasa ony söýer, kime bu dünýäniň syrlary aýan bolsa, ol ybadata berler.

* * *

Hökümdar ynsapsyz bolsa, ýurt harap bolar.

* * *

Diňe söz bilen däl-de, iş ýüzünde-de adyl bolmalydyr

* * *

Allanyň ýanynda iň üstün bolan ynsan hakykatyň içine çümen, dogruçyllygy ýaýradýan we öz dogry garaýyşlary bilen ýyrtyklary ýamaýan kişidir.

* * *

Kararyň maslahatdan soň, ylalaşygyň çekeleşikden soň bolsun.

* * *

Kimde üç zat, ýagny zulum, sözüňde durmazlyk we mekirlik bar bolsa ol adamdan gowulyga garaşmaň.

* * *

Kim ylymdan bir zat öwrense, onuň bilen amal etsin ýa-da etmesin, onuň bu öwrenen ylmy müň rekat namaz okamakdan haýyrlydyr.

* * *

Ýagşy amallar ynsanyň kalbynda döremegi mümkin bolan ýaman niýetleri ýok eder.

* * *

Ruhy ejizlik ynsanyň akylynyň gandalydyr. Ruhy ejiz ynsan akyly özüne ýaran tutunyp bilmez.

* * *

Ynsan diňe Allanyň Beýikligine, ýeke-täkligine we ähli janly-jandaryň, külli älemiň ýaradyjysydygyna göz ýetirende özüniň kimdigine göz ýetirer.

* * *

Ölümiňi ýatla, onuň gaşyňa geljegini unutma. Diňe şeýle etseň ömürlik, baky ýaşaýşa ýetersiň.

* * *

Sabyr-takatlylyk ynsana kynçylyk getirmez, gyssanmaçlykdan hem hiç hili peýda bolmaz.

* * *

Ölümiň öňüsyrasynda bolup geçýän zatlar örän agyrdyr. Emma ölümden soňky hadysalar has gorkunçdyr.

* * *

Gaýgy-gamly halatyňda we kynçylyga düşeniňde Muhammet alaýhyssalamy we onuň başyndan geçiren günlerini ýatla. Şeýle etseň seniň gaýgy-gamyňdan nam-nyşan galmaz.

* * *

Eger sizden: «Haýsy günä işleriň jezasy tiz bildirer?» diýip sorasalar onda: «Garyndaşlar bilen araňy üzmek we aşa tamakinçilik» diýip jogap beriň.

* * *

Eger baýlyk ondan peýdalanyp bilmeýäniň elinde, gylyç ony ulanyp bilmeýän esgerde we pikir ony gündelik durmuşynda ulanmaýan ynsanda bolsa bu dünýäniň işleriniň bulaşandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

* * *

Guş miweli daragta gonup, daragtyň miwesinden iýse-de soňra özüne nämäniň garaşýandygyndan bihabardyr.

* * *

Allatagala ynsana nämäni wada etse, wadasynda tapyldy. Sebäbi Alla ähli zady Özüne tabyn edip, bendesiniň kalbynda ybadata bolan söýgini döretmek isledi.

* * *

Allatagala ynsana dogry ýol salgy berdi. Emma pyssy-pujurlygy terk edip, haýyr-yhsan etmegi onuň öz erkinde goýdy.

* * *

Bela gelende sabyr edip çydagyn. Sebäbi indiki bela-beteriň ýanynda megerem bu bela ýönekeýje oýun kimindir.

* * *

Melhemiň ýara şypa bolşy kimin dilegdir doga hem bela-beteri gaýtarar.

* * *

Kalby päk ynsanyň sözi-de, gözi-de, ýüzi-de päk, arassa we nurana bolar.

* * *

Mekir, näkes we azgyn bilen ýoldaş bolan we şolardan özüne dost tutunan kişi olardaky gylyk-häsiýeti alar we şol adamlaryň hatarynda görler.

* * *

Geçirimlilik ýa-da ötünç soranyňda ýa-da gazaplananyňda sözünde degişme bolmasyn. Geçirimlilik eden adamyňa şol bir günäsi üçin täzeden gazaplanma.

* * *

Kimdir birine haýbat atanyňda kalbyňda gorky saklama.

* * *

Kimdir birine zulum-sütem ederin diýip wada etme. Beýle etmek uly günäleriň biridir. Sebäbi sen eden wadaňda durmasaň kezzap bolarsyň. Eger wadaňy berjaý etseň günäkär bolup, Allanyň gazabyna duçar bolarsyň.

* * *

Bilgin, kimdir birine haýbatyňy bildirmek üçin gaty ses bilen gygyrmak hökman däldir.

* * *

Eger haýyr-yhsan işlerden galanyňy duýsaň, onda onuň yzyndan ýetmäge çalyş. Eger şer işleriň seniň yzyndan ýetenini duýsaň, onda yzyňa seretmän ondan gaçmaga çalyş.

* * *

Allatagalanyň hemme zady görüp, hemme zady bilýändigini hergiz ýadyňdan çykarmagyn.

* * *

Eger kimdir biri musulman doganyna ýardam berse ýa-da onuň üçin doga kylsa ol kişi Allanyň mähir-muhabbetine duçar bolar we Allatagala oňa rehim eder.

* * *

Dogruçyllyk — salamat, kezzaplykdyr, ýalançylyk bolsa hyýanatdyr.

* * *

Namazyňy okap bolsaň, nepiliňi[26] ýerine ýetir. Nepili okap bolsaň haýyr-yhsan edip, sadaka ber. Umuman, edýän sogap işleriň zynjyr kimin yzy üzülmesin.

* * *

Ýene haram iş etmezlik üçin 70 gezek halallygy dilemek hem uly sogapdyr.

* * *

Haram işleri, pyssy-pujurlygy ýigrenýän ynsan Allanyň ýagşyzada bendeleriniň biridir.

* * *

[26] Nepil – Bäş wagt namazdan başga sogap gazanmak üçin okalýan namaz.

Allatagala seniň daş keşbiňi görüşi kimin, seniň kalbyň jümmişinde gizlin saklaýan syrlaryňy hem bilýändir.

* * *

Nadanlykdan daşda durgyn. Sebäbi Allatagalanyň iň ýigrenýän zatlarynyň biri nadanlyk we onuň tarapdarlarydyr.

* * *

Diňe Allatagala sygynyp, ähli hajatyny ondan dileýän ynsan, Allatagala iň ýakyn adamlaryň biridir.

* * *

Köp gepleýän adam sözüniň köp bölegini ýadyndan çykarar, bulaşdyrar we utançly ýagdaýa düşer. Her bir sözüňi oýlanyp ölçerip-döküp, az gepläniň ýagşydyr.

* * *

Özüň, gylyk-häsiýetiň ýagşy bolsa, il hem seniň bilen ýagşy gatnaşykda bolar.

* * *

Içiňdäki syrlary, pynhanlyklary ýat kese aýan etme, şonda gizlin duşman gazanmarsyň.

* * *

Kimdir birinden maslahat soranyňda ondan hiç bir zady gizlemegin. Bolmasa seniň peýdaly nesihatdan jyda bolmagyň ahmaldyr.

* * *

Islendik ynsanda şehwete aýşy-eşrete isleg bardyr. Eger ynsan oňa sähelçe maýyl bolsa, onda ol kem-kemden aýşy-eşretiň guluna öwrüler.

* * *

Ynsan näçe Alladan daş boldugyça kalby şonça-da zuluma we pyssy-pujurlyga endik eder.

* * *

Ynsan daşky keşbi bilen gözel bolmaga çalyşman, eýsem gylyk-häsiýeti we adamkärçiligi bilen gözel bolmaga çalyşmalydyr.

* * *

Hiç bir ynsanyň gönünе degmegin. Sebäbi wagt geçse-de kalba salnan yza ömürlik galar.

* * *

Akyl, paýhas we synçylyk seni köp bela-beterden halas eder, başyňy aman saklar. Gyssanmaçlyk we nadanlyk başa bela getirip, ony pyssy-pujurlyga gönükdirer we il arasynda masgara eder.

* * *

Siziň ejiziňiz meniň üçin güýçlüdir. Sebäbi onuň hakyny alyp berýänçäm men ondan ejizdirin. Siziň güýçlüňiz menden ejizdir. Sebäbi men ondan halkyň hakyny alyp bermelidirin.

* * *

Kä halat kalbyň owazyna diňşirgen. Sebäbi päk kalpdan çykýan owaz päk ýoly salgy berer.

* * *

Ynsanyň pikiri we hereketi haýaldyr. Emma ol näçe haýal hereket etse-de her zadyň ahyrynyň bolşy kimin ynsan ömrüniň hem ahyry bardyr. Maksadyňyza ýetmek üçin tizden-tiz haýyr-yhsan işlerini edip, başyňy dik tutup ajaly garşy alyň. Sogap iş edýän adamyň bu dünýädäki ömri gysga-da bolsa, bakydaky ömri ebedidir. Onuň bu dünýäde eden sogap işleriniň ýatlamasy hem ebedidir.

* * *

Kyýamat güni ynsanyň sogap işleriniň terezä goýuljagy hakdyr. Möminler bu musulmanyň terezisiniň agyr gelmegini dilärler. Soňra onuň günä işleri terezä goýlar. Möminler bu gezek onuň terezisiniň ýeňil gelmegini dilärler.

* * *

Allatagala parz namazyny ýerine ýetirmeýän kişiniň nepil namazyny kabul etmez.

* * *

Şu 4 sany ähmiýetli zady berjaý edýän kişi, ýagny günäkär toba edende begenýän, ýolundan azaşana kömek edýän, kyn ýagdaýa düşen ynsan üçin doga kylýan we päk ýürekden Alla ybadat edýän kişi hakyky mömindir.

* * *

Eger kimdir biri pyssy-pujurlyga, aýşy-eşrete berlip bu dünýädäki borçlaryny unutsa, onda ol adamyň duran ýerinde kellesini alsaň onuň üçin haýyrly bolar.

* * *

Eger men ýagşy işler etsem, onda ýerli-ýerden maňa ýardam beriň. Eger men ýaman işe baş goşjak bolsam, onda meniň ýoluma böwet bolup, meni dogry ýola salyň.

* * *

Allatagala özüne yhlas etmeýän, we ybadat kylmaýan kowmy halamaýar.

* * *

Ynsan köp pyssy-pujurlygy diňe Allatagala onuň gözüni açandan soň görüp, şonuň näderejede erbetligine göz ýetirýär.

* * *

Siz maňa, meniň Allatagala we onuň Resulyna tagat kylyşym kimin tagat kylyň. Şonda men hem size Muhammet alaýhyssalamyň Allatagala tagat edişi kimin tagat ederin.

* * *

Kim Allatagalanyň we onuň Resulynyň dinine uýsa, onda ol dogry ýol saýlap aldygydyr. Kim Allatagala we onuň Resulynyň garşysyna gitse, onda ol dogry ýoluny ýitirip, hak ýoldan daş düşer.

* * *

Ýagşy işler edip, ýaman-şer işlerden daşda duran ynsanyň işleri rowaç bolup, maksat-myradyna ýeter, Allatagalanyň razylygyny gazanar.

* * *

Ynsan aýşy-eşretden, tamakinçilikden we gahar-gazapdan daşda dursa, durmuşda uly üstünlikler gazanyp, il içinde çäksiz abraýa eýe bolar.

* * *

Zulum edilene ýardam beriň. Sebäbi zulum edilen adam ejizdir. Ejiz ynsan bolsa hemişe kömege mätäçdir.

* * *

Gedemlikden we gopbamsylykdan daşda duruň. Toprakdan ýaradylyp, ertir ýene-de şoňa dolanyp barjagyna gözi ýetip duran, etiniň mör-möjeklere huruş boljagyny bilýän, bu gün diri bolsa-da, ertir öljegine aň ýetirýän ynsana gedemlik etmek laýyk däldir.

* * *

Sabyrly boluň, sebäbi ähli işleriň şow almagy sabyr-takata baglydyr.

* * *

Allatagalanyň we onuň resuly Muhammediň wada eden zadyna ýetmäge çalşyň, ýagny haýyr işler edip, şer işden gaça duruň.

* * *

Şer iş edip jennete we haýyr iş edip dowzaha düşerin öýtmegin.

* * *

Şer işe kalbyňdan ýer bermän onuň öýüni ýumurmaga çalyş. Eger sen oňa kalbyňda ornaşmaga ýol berseň ol seniň öýüňi ýumrar.

* * *

Ýerine ýetirip biljek zadyňy wada etgin. Başarmajak işiňi wada etmek ýalan sözlemekdir.

* * *

Bir söz sözläniňde näme aýdýanyňa we haýsy ýerde, näwagt gepleýäniňe üns bergin.

* * *

Namaz okap oturan adam duşmanyň bolsa-da, ol namazyny tamamlaýança oňa ezýet bermegin.

* * *

Nätanyş öýden kömege çagyrýan ses eşitseň ol öý nätanyş diýip öwrülip gitmän ol ýere kömege bargyn.

* * *

Ynsan akylyny özüne dost tutunmasa ýolundan azaşar we il içinde abraýdan jyda düşer.

* * *

Eger kimdir birinden maslahat sorasaň, onuň sözüne gulak goýgun. Eger onuň sözüni diňlemejek bolsaň, onda ilki maslahat soramagyn.

* * *

Eger Allatagalanyň maňa akyly kem berendigini sähelçe duýan bolsam, onda sogap gazanmak üçin jyhada çykardym.

* * *

Duşmanyňy paş edýän aýbyny bilseň-de, ol aýby tä ölýänçäň gizlin saklagyn. Kimdir biriniň aýbyny aýdyp ondan üstün bolmak mert kişiniň işi däldir.

* * *

Serkerde we ymam halkyň öňüne düşýän adamlardyr. Şonuň üçin olar özüniň hüý-häsiýeti, ahlagy we özüne seredişi bilen adamlara görelde bolmalydyrlar.

* * *

Serhediňi giňeltmek we uly ýeňişler gazanmak isleseň esgerleriň göwnüni tap we olaryň arasynda abraý gazan.

* * *

Durmuşyň kynçylygyndan gaçmaň. Emma özüňize kynçylyk döretmäge-de çalyşmaň. Durmuşyň kynçylygy saňa durmuşyň süýji, lezzetli taraplaryny aýan eder.

* * *

Adamlara zulum etmegin. Allanyň ýanyna dolanyp barmalydygyňy hergiz ýadyňda saklagyn. Ynsana nähak zulum eden Allanyň gazabyna duçar bolar.

* * *

Alla ynanyp, diňe ondan kömek soragyn. Allatagala seni lapykeç etmez.

* * *

Ynsan howpsuzlygy, ýagny onuň sag-salamat durmuşda ýaşamagy iň uly eşretdir.

* * *

Ylymly, düşünjeli we paýhasly adamlaryň söhbetdeşligi iň lezzetli söhbetdeş-likdir.

* * *

Haýyr-yhsan edeniňde: «Şu sogap meniň ömrümde iň soňky we şonuň netijesinde ahyretim belli bolýar» diýip pikir et.

* * *

Adamlary öz tarapyňa ýagşy ahlagyň bilen çekgin. Emma haýyr işe gönükdirmek üçin olary maly-dünýä bilen hem öz tarapyňa çekmek aýyp däldir.

* * *

Zalymlar kyýamat güni özlerine nämeleriň garaşýandygyna we Allatagalanyň bardygyna göz ýetirerler. Emma ol gün olaryň ahmyry giç bolar.

* * *

Watan, ar-namys üçin janyny gurban edenleriň jesedini ýuwmaň. Ol diňe gan däl-de — eýsem watana bolan söýgüdir.

* * *

Hökümdar hökümdarlyga geçmezden öň özüne nähili gatnaşyk edilmegini isleýän bolsa, hökümdarlyga gelenden soň adamlar bilen hem şonuň ýaly gatnaşyk etsin.

* * *

Ynsan Allatagala näçe yhlas bilen ybadat etse-de, ony adam edip ýaradanynyň öwezini dolup bilmez.

* * *

Allatagala ýeke-täk we şäriksizdir. Ähli haýyr we şer işler Alladan gelýändir. Ynsan Alladan haýyr gelende şükür, şer gelende sabyr etmelidir.

* * *

Diňe nämedir bir zada şaýat bolanyňda geplegin. Başga wagt dymgyn. Dymmaklyk ynsanyň başyny köp külpetden aman saklar.

* * *

Şaýatlyk edeniňde ýakyn adamlaryňa zyýan hem bolsa dogry sözlegin. Sebäbi Allatagala ähli zatlara şaýatdyr.

* * *

Allatagala ybadat edip, onuň salgy beren ýoly bilen ýöregin. Sebäbi sen ony görmeseň hem ol seni görýändir we seniň ähli hereketleriňi dolandyrýandyr.

* * *

Eger kim Muhammede ybadat edýän bolsa onda Muhammediň bu dünýäden ötendigini özüne ybrat edinip, diňe Alla ybadat etsin. Sebäbi islendik adamyň başynda ölüm bardyr. Alla bolsa hemişe diridir we bakydyr. Ybadat diňe Beýik Alla, ýagny älem-jahany we külli janly-jandary ýaradana edilmelidir.

* * *

Ynsan hem Allanyň ýaradan beýleki jandarlary kimindir. Emma Alla ynsany olardan tapawutlandyrmak üçin oňa akyl nygmatyny peşgeş berdi.

* * *

Bu dünýäde we ahyretde zalym Allanyň gazabyna, zulum edilen bolsa Allanyň ýalkawuna duçar bolar.

* * *

Musulman nädereje akylly bolsa-da, akylyna we zehinine daýanyp Allanyň emrinden we onuň kitabyndan daşa düşmesin. Ynsanyň akyly bilen Allanyň akyly deň däldir.

* * *

Daň bilen turup, Alla ybadat edip, haýyr-yhsan etmegi kalbyna düwen ynsan Allanyň penasynda aman gezer.

* * *

Men [Abu Bekr] Muhammet alaýhyssalamyň yztutarydyryn. Menden soň hem Resulyllanyň yztutarlary halypalyga geçer. Olaryň ählisi hem yslamyň tuguny

beýikde parladyp, musulmanlaryň bähbitlerini gorarlar we yslam dinini dünýä ýaýyp, döwletimiziň çäklerini duşmandan gorarlar.

* * *

Men [Abu Bekr Syddyk] hem ýalňyşyp ýa-da säwlik goýberip bilerin. Emma siz meni bu säwlikler ýa-da ýalňyşlar üçin köteklemän, maňa olary düzetmegi ündäň.

* * *

Gylyç ýönekeý demir hem bolsa ondan kimse üçin gyrmyzy ganyň ysy, kimse üçin bolsa parahatçylygyň hoşboý ysy geler.

* * *

Haýyr-yhsan etmäge howlugyň. Sebäbi ajal ynsanyň ökjesindedir. Islendik wagt ol panydan baka göç edip biler.

* * *

Ylym eýelerine deňizdäki ähli balyklar, ýer ýüzündäki guşlar, suw we gury ýer jandarlary, öý haýwanlary baş eger. Sebäbi ylym kalplary nadanlykdan halas edýän nur, gözleri garaňkylykdan halas edýän aýdyňlykdyr. Bedenleri ejizlikden halas edýän güýçdür.

* * *

Ylymsyz ybadat edýän ybadathon, göýä yzyny üzmän aýlanyp duran degirmen eşegi ýalydyr.

* * *

Baýlygyň belli bir mesgeni ýokdur.

* * *

Kim çagalykdan ylym almasa, ulalanda ylym sungaty bilen abraý gazanyp bilmez.

* * *

Eý, halaýyk! Päk ýürekli boluň, şeýtseňiz, ýerde sylanarsyňyz, ahyrýetde bolsa jaýyňyz jennet bolar.

* * *

Egin-eşik adamy görk-görmekli görkezýändir. Adamyň garypdygyny ýa-da baýdygyny onuň geýen egin-eşigi boýunça kesgitleýändirler.

* * *

Aýşy-eşret, şehwet köp adamlar üçin duzakdyr. Oňa düşen aňsat-aňsat sypyp bilýän däldir.

* * *

Gepläniňde diliňe, geýneniňde bolsa lybasyňa üns ber. Sebäbi adamyň geplän sözi boýunça onuň kimdigini we egin-eşigi boýunça onuň nähili adamdygyny bilmek bolýar.

* * *

Ýürekden Allatagala ybadat etmek we bu dünýäniň aýşy-eşretinden daşda durmak iň lezzetli zatdyr.

* * *

Hassanyň halyny soramaly, onuň göwnüni tapmaly.

* * *

Adam üç zatdan, ýagny garyplykdan, keselden we dowzahdan daşda bolsa gowudyr.

* * *

Käbir adamlaryň keselden gorkup, nahar saýlap iýmekleri, emma dowzahdan gorkman günä iş etmekleri, meniň üçin geňdir.

* * *

Baý adam üçin baýlykdan jyda düşmek iň agyr jezadyr.

* * *

Kim özüni baýlykdan daşda saklasa, diýmek şol adamyň öz dinini, ar-namysyny goradygydyr.

* * *

Baýlygy söýýän adam onuň lolysyna öwrüler.

* * *

Musulman sogap işler hakynda köp gepläp, baýlygy hakynda az geplese ýagşydyr.

* * *

Iň baý adam eli hünärli adamdyr.

* * *

Eý, Allam! Sen maňa özümden hem beletsiň. Men bolsa özüme özgelere görä beletdirin. Eý, Allam! özgeleriň bilmeýän zady üçin meniň günämi geç, bularyň aýdýan zady üçin maňa we bulara ezýet berme!

* * *

Biderek oýun-degişmeden, süwümsiz gülküden daşda duruň. Ol iki gapy ýalydyr. Eger-de sen degişme gapysyndan girseň, çykaňda, uruş-sögüş gapysyndan çykmaly bolarsyň.

* * *

Adamlary oýundyr degişmeden, gülküden saklaň! Sebäbi köp gülmeklik akmaklyga eltýändir.

* * *

Eý, Allam! Eger meniň eden günä işlerim, sogap işlerimden köp bolsa, sogap işlerim günä işlerimden agdyklyk edýänçä, meniň janymy alma!

* * *

Diňe akyly ýerindäki adam hemişe ölümini ýatlap, günä işlerden saklanyp gezýändir.

* * *

Merhumy ugratmak sogapdyr, jynaza namazyna durmak sünnetdir, bu ýagdaýlary görüp kalbyňa galpyldy, gorky aralaşmagy parzdyr.

* * *

Alla ybadat ediň we näçe haýyr-yhsan etseňiz-de, onuň rehmet etmegini diläň.

* * *

Sabyr-takat imanyň ýarysydyr.

* * *

Alla ynanmak kämil imandyr.

* * *

Musulman musulman doganyny mal bilen hem ruhy taýdan hem goldamalydyr, oňa mätäç halynda ýardam bermelidir.

* * *

Allatagala özüne ybadat we bendelerine haýyr-yhsan edýänler bilendir.

* * *

Hökümdar hazynadaky malyndan raýatlaryna sadaka paýlamalydyr. Haýyr-yhsan edýän hökümdar Alla ýakyn adamlaryň biridir.

* * *

Raýatlar soltanyna gulak goýmalydyr. Sebäbi soltanlyk soltana Alla tarapyn berlip, ol Allanyň ýerdäki eminidir.

* * *

Alla sygynyp, diňe ondan ýardam soragyn. Ynsana Alladan başga penakär we ýardamçy boljak ýokdur.

BEÝIK ALLANYŇ ÝARDAMY BILEN

«Möminleriň emiri Abu Bekr Syddygyň pähimlerinden dostuň dosta peşgeşi» atly kitap 896-njy hijri (1490-1491 milady) ýylynyň Oraza aýynyň ortasynda göçürilip tamam boldy.

MÖMINLERIŇ EMIRI OMAR IBN HATTABYŇ AÝDAN PÄHIMLERINDEN PARÇALAR

BEÝIK ALLANYŇ ADY BILEN!

Ynsana çäksiz nygmatlar eçilen, ýagşy kysmat peşgeş beren asly ýagşyzadalardan bolan Muhammet alaýhyssalamy musulman ymmatyna pygamber edip saýlan Beýik Alla öwgüler bolsun! Allanyň iň söýgüli pygamberi Muhammede, maşgalasyna onuň asly ýagşy egindeşlerine çäksiz salawatlar bolsun! Muhammet alaýhyssalamyň päk ýoluny tutan şöhratly ýagşyzadalary bedeni we kalby arassa, yslam dinini dinimiz edeni we bu beýik döwletiň çäklerini giňeldip, ony daşky duşmanlardan penakärläni üçin ýene bir gezek Alla öwgüler bolsun!

Goý Beýik Alla biziň päklenen kalplarymyzy gara niýetlerden we özüniň hak ýolundan azaşmakdan gorasyn. Goý, Perwerdigär bu synmaz yslam döwletiniň binýadyny mundan-da berkleşdirip, ony daşky duşmanlaryň mekir-alyndan gorasyn! Goý, bu ýerde höküm sürýän parahatlyk we asudalyk bahary müdimi dowam edip, hazan ýelleri kimin döwlete abanýan howplar ondan aýlanyp geçsin! Allanyň ýagşyzada bendesiniň saýasynda bu döwlet mundan-da pajarlap ösüp, onuň abraýy has-da zyýada bolsun. Goý, bu ýagşyzada ynsan ata-babalarynyň asylly ýoluny dowam etdirip, külli musulmanyň söýgüsine mynasyp bolsun! Goý, onuň wepaly kätibi Reşideddin Watwat hem Allanyň ýagşyzada bendesiniň saýasynda mundan buýana-da oňa wepaly sadyk gul kimin hyzmat etsin! Goý, Beýik Alla Özüniň ýagşyzada bendesiniň kätibini haýyr-yhsan we bu asylzada ynsana gulluk etmekden jyda etmesin.

Allanyň ýagşyzada bendesi we onuň päk nesli, asylzada asly nesihata hormat goýan adamlardyr. Olaryň ýaşlykdan eşideni haýyr-yhsan etmek hakyndaky nesihat we ýagşyzadalar hakyndaky rowaýatlardyr. Bu ynsanyň nesihata şeýle hormat goýýandygyny nazara alyp, oňa Omar ibn Hattabyň dürdäne sözlerini we

nesihatlaryny jemläp bermegi ýüregime düwdüm. Goý, **«Möminleriň emiri Omar ibn Hattabyň aýdan pähimlerinden parçalar»** atly bu kitap Allanyň ýagşyzada bendesiniň paýhasyna paýhas goşsun! Goý, Beýik Alla ony öz penasynda aman saklasyn!

MÖMINLERIŇ EMIRI, MUSULMANLARYŇ YMAMY, IKINJI HALYPA OMAR IBN HATTABYŇ AÝDAN PÄHIMLERI

Meniň haýynlary iki zat, ýagny suw we topragyň üsti bilen tanaýaryn. Eger haýsydyr bir häkim suw çekip ýa-da öý gurup başlasa, onda men onuň mal ýygnandygyny, wezipesini haýynlyk bilen ulanyp başlandygyny bilýärin.

* * *

Ylym ýolbeletdir, beýleki işler oňa tabyndyr. Ylym bagtly bendelere berler, günäkär gullar ondan mahrumdyr.

* * *

Ylym we amal biri-birine baglydyr, göýä ruh bilen bedeniň ýakynlygy ýalydyr. Biri bolmasa, onuň beýlekisinden hem peýdalanyp bolmaýar.

* * *

Adalat ýöredilmeýän ýerde millet mukaddes bolup bilmez.

* * *

Allanyň adyndan ant içmegi äsgermezlik etmäň, Alla hem sizi äsgermezlik eder.

* * *

Eger nebis pikiri ýeňse, onda pikir güýçsüz bolar.

* * *

Alymlar bilen oturyşgyn. Sebäbi Allatagala, göýä ýeri asmanyň ýagmyry bilen direldişi kimin, kalplary ylym nury bilen direldýändir.

* * *

Edep bir miweli daragtdyr. Onuň suwy we idegi ýeterlik bolmasa onda ol miwe bermez.

* * *

Her bir zadyň öz görki bardyr. Öýüň görki onuň arassalygy bolsa, adamyň görki onuň lybasydyr.

* * *

Ylmy öwrenip, oňa düşünmeýän we düşünip, oňa amal etmeýän adama haýpyňyz gelsin.

* * *

Ähli bela-beteriň we howpuň gözbaşynda aýşy-eşret, şehwet durýandyr. Aýşy-eşrete özüni aldyran adam tiz wagtda duşmanynyň guluna öwrülýändir. Onuň ähli diýenlerini iki epilip etmäge taýýar bolýandyr,

* * *

Erkek adamyň egin-eşigine üns bermegi we arassa geýinmegi ony hormata mynasyp edýär.

* * *

Kim-de kim täret alyp, ýüň eşik geýse, Allatagala onuň görejiniň nuruny zyýada eder. Eger kim-de kim zynatly lybas geýip, özünden gönühoş bolup, tekepbirlik etse, Allatagala ol adamy dowzah oduna ýakar.

* * *

Serhoşluk haramdyr. Aşyk adam hem serhoş ýalydyr. Emma päk aşyklyk aýşy-eşret hem däldir, haram hem däldir.

* * *

Şerap şatlyk çeşmesidir we şer işleriň açarydyr.

* * *

Ähli döwlet işini çetde goýup, raýatlarynyň halyndan habar alman, bir tagtanyň[27] ýüzüne seredip, dümtünip oturan şadyr häkimler meniň üçin geňdir.

* * *

Eger Allatagaladan nämedir bir zat dilejek bolsaň, onda «Eý Allam! Maňa nygmat berseň özüme, bedenime, akylyma ber» diýip dileg et. Seniň beýle diýdigiň özüňe saglyk diledigiňdir. Adamyň jan-saglygyndan uly nygmat ýokdur.

* * *

Özüňize serediň, kadaly iýip-içiň we sowukdan özüňizi goraň. Sebäbi uzak wagtlap özüňizi goranyňyz, ýekeje sagat kesel bolanyňdan gowudyr.

* * *

Açgözlük adamyň ajalydyr. Ýaltalyk, ysgynsyzlyk, şel açmak, içgeçme ýaly ke-selleriň barysy açgözlükdendir. Adam köp iýende aşgazany dykylýar we bagyr bilen ödüň işlemesini kadadan çykarýar. Adamda kellagyry döreýär we onuň pis keseli bilen kesellemegine getirýär. Şonuň üçin iýip-içende ortaça we wagtly-wagtynda iýip-iç.

* * *

Dowzahyň odundan gorkman, günä iş edýän adamlar meniň üçin geňdir.

[27] Bu ýerde küşt ýa-da narda göz öňünde tutulýar.

* * *

Eý, nygmat eýeleri! Ähli nygmatyň eýesini ýatlaň!

* * *

Baýlygy söýmek şer işlere elter. Sebäbi baýlyk ähli şer işler bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

* * *

Garyp adam baýasa, onda üç häsiýet ýüze çykýar, ýagny köne dostlaryny taşlap, täze dost tutunar, aýalynyň talagyny berer, wepaly hyzmatkärini täze hyzmatkäre çalşar.

* * *

Çagaňa baýlyk gazanmagy öwretmek ony jebir-jepa ýoluna salmakdyr.

* * *

Baýlygy bolup, ony tygşytlylyk, kanagatlylyk bilen isripsiz sowmagy başarýan adam danadyr.

* * *

Garyp hem, baý hem Allanyň öňünde eden işlerine deň derejede jogap berýändir.

* * *

Baýap tekepbirlik etme, ertirki gün nä halda boljagyň bir Alla mälimdir.

* * *

Ýaranjaňlyk edýän adamyň ilkinji ýaragy öwgüdir.

* * *

Ýalandan öwmek şeýtanyň ýoluna gidýän adamlara mahsusdyr. Mömin adam özüni şeýtana oýnadyp, ýalan sözleýän däldir.

* * *

Öwgä üns berip diňledigiň, öwýän adamyň guluna öwrülersiň.

* * *

Adamlary oýundyr degişmeden daşda saklaň. Oýundyr degişme erkek adama mahsus häsiýetleri gidirýändir we adamda gahar-gazap döredýändir.

* * *

Biderek, boş gürrüňler biderek, boş işlere elter.

* * *

Mömin adam wepat bolanda, bu baradaky habary ilki bilen asmandaky perişdeler eşiderler. Olar bu habary biri-birine buşlarlar. Ýer ony öz gujagyna almaga howlugar. Adam ýeriň üstünden alnan toprakdan ýaradylsa-da, soňra onuň goýnuna siňýändir.

* * *

Hammamlar nähili gowy ýerdir, kiri aýyrýar, jähennemi ýadyňa salýar.

* * *

Allatagala adamlaryň öz watanlaryny söýmegi üçin ýurtlary döretdi.

* * *

Eger raýatlar watanyny söýmeseler, onda ýurtlar harap bolardy.

* * *

Musulman doganyň kalbyndaky üç zat, ýagny salam bermegi, mejlislerde ýer bermegi we iň gowy sözler bilen ýüzlenmegi onuň saňa dostlugyny subut edýär:

* * *

Dostuňdan habardar bol, diňe ynamdar bolana ynan. Ynamdarlyk hem diňe Alladan gorkmak bilen bolýandyr.

* * *

Dostlar köpelen halynda duşmanlar hem köpeler.

* * *

Hiç haçan mejlisde adamyň ýalňyşyny aýdyjy bolmaň. Ol siziň maslahatyňyza gulak goýmaz, üstesine-de sizi duşman tutunar.

* * *

Samsyk, nadan adama subutnamanyň derkarlygy ýokdur. Subutnamalar onuň üçin gury sözdür.

* * *

Akmaklaryň mejlisi akylyň kesellemegidir.

* * *

Toba gelip, akylyna aýlanan adamlara hormat goýuň, olar erbetlikden ýagşylyga ýüzüni öwren adamlardyr.

* * *

Geçirimlilik etmegiň hem özboluşly lezzeti bardyr.

* * *

Ýalňyz ýaşaýan adam durmuşyň ünjülerinden halasdyr.

* * *

Köpçülikden uzakda bolmak bela-beterlerden we günälerden başyňy aman saklar.

* * *

Kim-de kim ýagşy işler edip, ýaman işden özüni saklajak bolsa, özüne ezýet berip görsün. Eger göwnüne ýaramasa haýyr-sogap işler etsin. Sebäbi dowzahyň ody has ezýetlidir.

* * *

Eý, Allam! Kyýamat gününiň şerinden we namarda mätäç bolmakdan özüň gora.

* * *

Allatagala öwgi, sena aýdýan, oňa zikir edýän dil paýyş sözleri aýtmaly däldir.

* * *

Eger kimdir biri bilen mejlis gurap oturmakçy bolsaňyz onda dindar ýa-da ulamalar we asylzadalar bilen otur. Olaryň mejlisinde erbet gürrüň edilmez.

* * *

Kimdir biri seniň ýanyňa hajat bilen gelse, güler ýüz ber şonda sen onuň hajatyny ýerine ýetirmeseňem ol senden nägile bolmaz. Gülerýüzlülik üstünlik gazanmagyň açarydyr.

* * *

Geçirimlilik etmek Allatagalanyň adama bagyş eden iň gowy häsiýetleriniň biridir. Eger geçirimlilik bolmasa, Allatagalanyň adama beren amanadynyň haçan tabşyryljagy, oňa nämäniň sebäp boljagy bilinmezdi.

* * *

Allatagala ýagşy işler edýän adamy we onuň golaýynda ýaşaýan bir ýüz ýigrimi hojalygy bela-beterden goraýandyr.

* * *

Zenan maşgala akýagyz we uzyn saçly bolsa, onda ol kämil husny-jemala eýedir.

* * *

Eger öldürilýän hem bolsaňyz dogryňyzy aýdyň.

* * *

Eý, Allam! Kalbymda bahyllyk duýgusynyň kök urmagyndan Özüň gora.

* * *

Içigara kişi ähli adamlar ýaly bu dünýäniň gaýgy-gam paýlanyşygyndaky öz paýyny hem alýar. Emma şol bir wagtyň özünde beýleki adamlaryň şatlygyna-da gamlanmaly bolýar.

* * *

Eý, musulmanlar! Alladan ant içýärin, özlerini güýçli saýyp, ejiz adamlaryň hakyny iýýänler meniň bilen iş salyşsalar, men ejiziň tarapdarydyryn.

* * *

Adyl soltanyň höküm sürýän ýurdy ýumrulmaz.

* * *

Adyllyk dagyň çür başynda gurlan galadyr. Ony sil hem almaz, manjanyk hem harap eýlemez.

* * *

Raýatlara adyllyk eden soltan Allanyň bereketine ýeter. Onuň döwleti müň ýyllap gülläp öser. Döwletiň gülläp ösmegi onuň şasynyň adyllygyna baglydyr. Hökümdarlar ýaşan ömrüni adyl ýaşasa halkynyň arasynda özlerini rahat duýarlar we panydan baka göç edenlerinde jennete geçerler.

* * *

Azat adamlary adyllyk bilen, duşmanyňy gylyç bilen özüňe boýun edip bolýandyr.

* * *

Bu dünýäsiniň we ahyretiniň amalyny etmän boş gezip ýören adam meniň üçin iň ýigrenji adamdyr.

* * *

Sabyr müşgil işleriň açary we ýeňşiň esasy bölegidir.

* * *

Kynçylyklara döz gelýän adam akyl-paýhasyň eýesidir.

* * *

Alym adamyň ylmy bolmasa, ol beýleki adamlar üçin tümlükdir. Nadan adamyň hünäri bolmasa, onda ol pasyklygyň, pyssy-pujurlygyň ilçisidir.

* * *

Hakykat we dogruçyllyk akyl terezisine ölçerip-dökmäge ýardam berýär.

* * *

Garnyna buýrup bilýän adam iň gowy häsiýetleriň ählisini özünde jemleýändir.

* * *

Adam diňe akylyndan däl, eýsem güman edýän pikirinden hem peýdalananda üstünlik gazanar.

* * *

Zalym adamyň öýünden döwletlilik, bereket göteriler.

* * *

Ar almaklyk zulum işlere we zalymlyga elter.

* * *

Eý, Allanyň bendeleri, siziň Allaňyz birdir. Ol adyl işleri gowy görüp, zulum edýänleri ýigrenýändir. Men hem Allanyň halaýan işini edip, ýigrenýän işinden daşda durjak. Kim-de kim meni adalatsyzlykda aýyplasa, goý, ol adam hiç zatdan çekinmän gije bolsun, gündiz bolsun, günüň islendik wagtynda gelip maňa arzyny aýtsyn. Raýatlaryna adyllyk edip, zulum edýänden goramak, olara deň göz bilen seretmek Allanyň emrini ýerine ýetirmekdir.

* * *

Alladan gorkmaýan we oňa ybadat etmeýän adamyň golaýyna-da barmaň. Olardan haýyr işden başga her zada garaşybermelidir.

* * *

Ynsanlar maslahatlaşyp işleriniň dogry we bähbitli bolmagyny gazanarlar.

* * *

Ýaşyňyz gitmezinden öň ylym öwreniň. Ylym ynsanyň iň ýakyn dosty we synmaz daýanjydyr.

* * *

Utanjy ýok ynsanyň kalby ölýändir.

* * *

Bu dünýäde etmeli iş kändir. Bir iş etmekçi bolanyňda onuň ynsana haýyr getirjegini etgin.

* * *

Haýyr iş etmekde abraý bardyr. Emma gyssanmaçlyk gazanyljak abraýdan jyda edip masgaraçylyga eltýändir.

* * *

Tamakinçilikden, gahar-gazapdan we aýşy-eşretden daşda duran adam durmuşda uly-uly üstünlikler gazanar.

* * *

Alla takwalyk edip, ybadat dony bilen zynatlanan adam maly-mülküň yşgyna düşen bilen ýoldaş bolup bilmez.

* * *

Dogry sözlemeýän adamdan haýyr iş eder diýip tama hem etmäň.

* * *

Ýalan sözleýän ynsanyň akybeti pyssy-pujurlykdyr. Pyssy-pujurlygyň akybeti bolsa heläkçilikdir.

* * *

Ynsan mejlisde uly kişi bolup, öýünde ýaş çaga kimin bolmalydyr. Şeýle eden adam mejlisde-de, öýünde-de uly abraýdan peýdalanar.

* * *

Hoşboý ysly güli ysgamak, yzynda ýagşy terbiýe alan ogul galdyrmak we mert duşman bilen ýüzbe-ýüz bolmak ýaly eşretli zat ýokdur.

* * *

Ýüzüňi aşak salyp, sussypes halda gezmek ynsanyň kalbyna gorky salar.

* * *

Ynsanyň kiçijik meselelerini çözüp uly abraý gazanyp bolar. Emma abraý bilen şöhraty hiç haçan garyşdyrmagyn.

* * *

Şu üç sypata eýe bolan kişi ýagny imanly, akylly we adamlaryň göwnüni awlamagy başarýan ynsan uly abraý gazanar.

* * *

Eger kimdir biri bir ýoly tutsa, şol ugurda hem haýyr görmese, onda ýoluny üýtgetsin.

* * *

Öýlenseňiz gyza öýleniň. Sebäbi olaryň söýgüsi güýçli we lezzeti çäksiz bolýandyr.

* * *

Kimde kim özüniň töhmet etmäge ukyplydygyny duýsa, ol tizden-tiz Alla toba edip, kalbynyň päkligini dileg etsin.

* * *

Allatagaladan başga bir bendesine zulum etmegi üçin dileg etmäň. Öz sag-amanlygyňyzy sorap dileg ediň.

* * *

Allatagala päk ýürek bilen sygynyp, ondan ýardam soraýan adamyň dilegi kabul bolar we Allatagala ony öz penasynda aman saklar.

* * *

Eger kimdir biri gopbamsylyk bilen uly derejelere dalaş etse, Alla oňa gazaplanar we ony ýer bilen ýegsan eder.

* * *

Haýyr-yhsan etmekden gapyl galmaň. Sebäbi haýyr-yhsan jennetiň açarydyr.

* * *

Ertir irden haýyr eden agşamlyk onuň hözirini görer.

* * *

Adyl hökümdar Allanyň iň ýagşy görýän ynsanlarynyň biridir. Allanyň iň ýigrenýän ynsany zalym hökümdardyr.

* * *

Araňyzda ýok adamyň gürrüňini etmäň, sebäbi ol gybatdyr. Gybat bolsa Allanyň iň ýigrenýän günäleriniň biridir.

* * *

Eger karynyň Gurhany aýdym ýaly edip aýdyşyny eşitseňiz, onda biliň ol kary maly-dünýäniň aşygydyr.

* * *

Eger kimdir biri hiç bir işi bolmazdan soltanyň ýanyna gelse, onda biliň ol adam ogrudyr.

* * *

Musulman adam size näderejede ýamanlyk etse-de ony ýigrenmän, dogry ýola çagyryň.

Gyzyňyzy erbet gylykly adama durmuşa çykarmaň. Sebäbi olar ol adamyň halaýan zadyny ýigrenip ýaşaýarlar.

* * *

Özüň halamaýan zadyňy başga birine hödürleme. Sebäbi soň şol edeniň özüňe gaýdyp geler.

* * *

Kalby päk we ýumşak häsiýetli adam Alla ýakyn adamlaryň biridir. Şeýle adamlar hak ýoldan gidip, uly abraý gazanarlar.

* * *

Eý, Allam, zenanlarymyza utanç ber we olary şeýtanyň şerinden gora. Erkeklerimiziň kalbyna mertlik guý we olary duşmanyň alyndan gora.

* * *

Musulman doganyna baýlygyny aýaman ýardam berýän adam iň paýhasly adamlaryň biridir.

* * *

Bu gün ýerine ýetirip biljek işiňi ertire goýma.

* * *

Kim şeriň nämedigini bilmese onuň duzagyna düşenini duýman galar.

* * *

Dinaryň öwüşginine guwanman onuň mätäjiň derdine ýaraýandygyny görüp, lezzet almany başar.

* * *

Şer işleri kalby bilen ýigrenmegi başaran ynsan hak ýoluny dogry tutdugydyr.

* * *

Hökümdar tagtyny gowy görüşi kimin raýatlaryny hem gowy görse uly abraý gazanar we ähli işleri rowaç bolar.

* * *

Eger belli netijä gelmek isleseň gyssanmagyn. Bir işiň başyna baranyňda akylyňa daýangyn.

* * *

Köp wada berip, wadaňda durmazlyk we köp ötünç soramaklyk kezzaplyga barabardyr.

* * *

Ynsan durmuşynda ajy we süýji günler bolup biler. Ol islendik halatda-da şol günlerde mynasyp ýaşamagy başarmalydyr.

* * *

Ynsan öz yrsgalyny ýerden gözlemelidir.

* * *

Ýeri harlamaň, ýeri harlan hor bolar.

* * *

Dogry sözlüligi özüne ýaran tutunan rahat, asuda ýaşap, durmuşdan lezzet alar. Bela-beter ol ynsanyň gabadyndan aýlanyp geçer.

* * *

Dogry sözüň üçin ölýän hem bolsaň, dogry sözläp başyňy dik tutup ölgün.

* * *

Asudalygyň ysy islendik atyryň ysyndan hoşboýdyr we lezzetlidir.

* * *

Karzyny beren adam özüni azat duýar.

* * *

Günä işlerden daşda duran adama ölümden gorkmagyň hajaty ýokdur.

* * *

Çaga nähili terbiýe berseň-de, alma öz agajyndan uzaga gaçýan däldir.

* * *

Raýatlardan kimdir birine zulum edilip, bu habar maňa ýetende men zulum edene çäre görmesem, onda meniň hem onuň zulumyna şärik boldugymdyr.

* * *

Haýyr-yhsan edip, adamlaryň minnetdarlygyny alýan adam, durmuşda at-abraý we üstünlik gazanar.

* * *

Tamakinlik – garyplyk. Gözidokluk – baýlykdyr.

* * *

Ynsanyň her bir aýdan sözüni erbet kabul etmäň. Megerem köp sözleriň aňyrsynda erbet niýet ýokdur.

* * *

Lybasyň zynaty onuň gymmatlylygynda däl-de arassalygyndadyr.

* * *

Eger halypalygyň ýany bilen metjitde azan aýdyp bilýän bolsam, onda azan hem aýdardym.

* * *

Bergisini bermegi başarýan keremli ynsandyr.

* * *

Kimdir biriniň günäsini geçen adam günäsi geçilenden özüne hormata garaşmasyn. Onuň bu eden işi Alla aýandyr we sogaby Alladan tama etsin.

* * *

Kimdir birine ýagşylyk etseň Alla saňa şol ýagşylygy on esse edip gaýtarar. Ýagşylyga derek ýagşylygy diňe Alladan tama etgin.

* * *

Syryny gizläp başarýan adamyň ykbaly onuň öz elindedir.

* * *

Alladan gorkmaýan we ýalan sözleýän dostuň bar bolsa ondan daşlaş. Beýle dostdan mert duşman ýagşydyr.

* * *

Dost tutunmak isleseň Allany tanap, onuň goýan kada-kanunyna boýun egýän adamy tutungyn.

* * *

Allanyň garşysyna gidip, oňa tagat etmedik heläk bolar.

* * *

Özüňde pynhan saklaýan säwlikleriňi dostuňdan gizlemegin. Goý ol seniň durmuşda goýberen säwlikleriňden aýlanyp geçsin.

* * *

Özüňe degişli bolmadyk zat hakynda soramagyn.

* * *

Şerap ynsanyň akylyny giderip, tamakinçilik duýgusyny oýarýandyr.

* * *

Köp gülýän ynsanyň haýbaty azalar.

* * *

Ähli işiňizde alym adamlara maslahat salyň. Allatagalanyň ýanynda-da alymlaryň derejesi uludyr.

* * *

Kimdir biri bir zada yhlas etse, şol ugurda meşhurlyk gazanar.

* * *

Ölümden gorkup nähilidir bir işi ýigrenmegin. Sebäbi näme etseň hem ölümden gaçyp gutulyp bolmaz.

* * *

Ölüm – bu dünýä bilen ahyretiň arasyndaky penjiredir. Allanyň ýoluny dogry tutan adamlara bu penjireden geçmegiň hiç hili gorkusy ýokdur.

* * *

Köp degişgen adam abraýdan düşer.

* * *

Eý Allam, ejiziň hyýanatyndan we güýçliniň zulumyndan özüň gora.

* * *

Alladan gorkusy azalan adamyň utanjy azalar.

* * *

Ýarym doýan adam heläk bolmaz. Emma aşa doýan adam heläk bolar.

* * *

Akyl bedeni goldamasa diňe güýç bilen üstünlik gazanyp bolmaz.

* * *

Baýlyk gazanmak ynsanyň diňe ugurtapyjylygyna ýa-da akylyna bagly bolman, eýsem Allanyň oňa ýazan ykbalyna-da baglydyr.

* * *

Goşgy diňläň, sebäbi goşgy ynsanda ýagşy häsiýetleri toplaýandyr.

* * *

Kimdir birini tanamak isleseň onuň aslyna seret.

* * *

Ýyldyzlary öwreniň, sebäbi ýyldyz çölde, suwda ýa-da dagda bolanyňyzda azaşsaňyz size dogry ýol salgy berer. Emma oňa ybadat etmäň.

* * *

Siziň hajat bilen ýüz tutýan adamlaryňyzy hem şol bir Alla ýaradandyr. Şonuň üçin hajatyňyz ýerine ýetende Allany hem ýatdan çykarmaň.

* * *

Çagalaryňyz köp bolsun. Olary eklemekden gorkmaň, sebäbi olaryň yrsgalyny Alla berýändir we olaryň haýsysynyň garran çagyňyz sizi eklejegi belli däldir.

* * *

Eger şükürdir sabyr her haýsy bir at bolsa, men olaryň haýsysyny münjegimi bilmezdim.

* * *

Eger erkek aýaly goraýar diýseler hem erkegi aýallaryň arasyna salmaň.

* * *

Aýşy-eşret lezzetlidir. Emma bu aýşy-eşretiň soňy masgaraçylykdyr. Şonuň üçin lezzetden daşda duruň.

* * *

Sözüň köplügi däl-de onuň manylylygy gerekdir.

* * *

Akmak bilen dost bolmakdan ägä bol. Saňa nep getirjek diýip diňe zyýan getirer.

* * *

Ýagşy gylyk ýagşy ýarandyr.

* * *

Yhlas üstünligiň gözbaşydyr.

* * *

Iň haýyrly miras — edepdir.

* * *

Hajat bilen gelen adam ýoluny ýitiren düýe kimindir. Onuň hajatyny bitirseň dogry ýola salan ýaly bolarsyň.

* * *

Bir gezek batyl iş edip lezzet alanyňdan müň gezek oňyn edilen haýyr işi ýatlap lezzet alanyň ýagşydyr.

* * *

Şu dünýäde ýagşy adamlara ýaran bolan, ahyretde-de şolar bilen ýaran bolar.

* * *

Şer işiň gözbaşy şer gürrüňlerden başlaýar.

* * *

Boş gezmekden ägä boluň. Sebäbi işsizlik ähli erbetligiň başlangyjydyr.

* * *

Eger kimdir biri bir zat etmekçi bolup, emma oňa ýetip bilmerin diýip umydyny üzse, diýmek ol zat oňa derkar däldir.

* * *

Iş ýadatsa-da ol ynsana zerurdyr. Sebäbi işsiz ynsan zaýalanmak, ýoluny urdurmak bilen bolar.

* * *

Degişgenlik erkege laýyk däldir. Köp degişýän adam agraslygyny ýitirer. Agraslygyny ýitiren erkegiň häsiýeti zenan häsiýetine ýakyn bolar.

* * *

Allatagala size yslam dinini berdi. Indi abraýa, iki dünýäň abatlygyna yslam dini bilen ýetiň. Başga ýerden haýyr görýänler diňe şer taparlar.

* * *

Bir kowum özbaşyna bir dine gulluk edip, olaryň diňe birnäçesi üstünlik gazansa, onda bu dogry ýol däl-de, hak ýoldan azaşmakdyr.

* * *

Öý eýesinden soragsyz öýe girmek iň uly biýedeplikleriň biridir.

* * *

Zähmet çekmän gazanylan baýlykdan gorkgun. Ýeňil gazanylan pul — agyr ýitgilere getirer.

* * *

Erbet işlere yhlas edeniňden ýagşy işde tygşytly bolanyň haýyrlydyr.

Şeýdip «Möminleriň emiri Omar ibn Hattabyň aýdan pähimlerinden parçalar» atly kitap Beýik Allanyň ýardamy bilen tamam boldy. Goý, Alla ähli ýagşyzada ynsanlardan razy bolsun!

MÖMINLERIŇ YMAMY OSMAN IBN AFFANYŇ PÄHIMLERINDEN GAMLY KÖŇÜLLERE TESELLI

BEÝIK ALLANYŇ ADY BILEN!

Uly sungat eýesi, ýagşy adatlary peşgeş beren, älemi we ähli janly-jandary gözel görnüşde ýaradan Beýik Alla sansyz öwgüler bolsun. Azaşan kowmy dogry ýola salan, zulmat tününden ýagşylyga çykaran, musulman ymmatynyň halasgäri bolan asylzada pygamber Muhammede hem-de onuň päk maşgalasyna we ýagşyzada egindeşlerine salawatlar bolsun.

Goý Allatagala soltanlaryň soltany yslam dininiň goragçysy we täji, musulmanlaryň howandary, magrypdyr maşrykdaky hökümdarlaryň hökümdary Soltanşa Abulkasym ibn Il Arslan ibn Atsyzy (goý, Alla olaryň ikisindenem razy bolsun!) öz penasynda aman saklasyn we onuň işini rowaç eýlesin! Goý, Allatagala onuň edýän haýyr-yhsan işleri üçin abraýyny has-da zyýada etsin. Goý, Allatagala onuň sadyk guly kätip Muhammet ibn Muhammet Abdyjelil Reşideddin Watwaty bu ýagşyzada ynsana hyzmat etmekden we keremli saýasyndan aýyrmasyn.

Haýyr-yhsan edip, Allanyň parz işlerini berjaý kylyp, gije-gündiz raýatlarynyň aladasyny edýän ynsanyň pähim-paýhasy zyýadadyr. Bu **«Möminleriň ymamy Osman ibn Affanyň pähimlerinden gamly köňüllere teselli»** atly kitap onuň paýhasyny has-da zyýada etsin. Ata-babalarynyň asylly ýoluny tutýan Allanyň ýagşyzada bendesiniň ömür tanapy uzyn bolup, ähli işleri rowaç alsyn.

MÖMINLERIŇ EMIRI, MUSULMANLARYŇ YMAMY ÜÇÜNJI HALYPA OSMAN IBN AFFANYŇ PÄHIMLERI

Tä ylym nadanlyga, nadanlyk hem ylma öwrülýänçä kyýamat gopmaz.

* * *

Dünýäniň içine girme, aralaşma, ol seniň ahyretiňe zyýan ýetirer. Ony terk hem etme, ynsanlara ýük bolarsyň.

* * *

Ylym iki görnüşlidir, ýagny beýgeldýän ylym we peýda getirýän ylymdyr. Beýgeldýän ylym dinde fykh ylmydyr. Peýda getirýän ylym bolsa, tebipçilik ylmydyr.

* * *

Ynsanlara ylym öwrediň, sebäbi olar ylmyň ähli zatdan ýokarydygyny bilmeýärler.

* * *

Ylym gulpdur, sorag onuň açarydyr.

* * *

Hökümdarlaryň iň ýagşysy alymlar bilen mejlis guraýany we alymlaryň pikirine eýerýänidir.

* * *

Edep akylyň zynatydyr. Başardygyňdan akylyňy zynatlagyn.

* * *

Ylym hemişe amaly ýardama çagyrar, jogap berse durar, ýogsam gider.

* * *

Ylmyň nuruny günä işleriň garaňkylygy bilen söndürmegin. Sebäbi şeýle bir garaňky gün geler welin, ylym eýeleri ylymlarynyň nury bilen dogry ýoldan ýörärler.

* * *

Akmagyň berýän soragyny ýat tut we akyllydan sora. Akyllynyň beren jogabyny ýat tut we amal et.

* * *

Kimde kim adamlara ylymsyz pitwa berse[28], oňa asman lagnat aýdar.

* * *

Eger bir lybas geýip, şol lybasda gowy görünýändirin öýtseň, onda özüň ýaman görünýändirin diýip pikir eden lybasyňy geý.

* * *

Kim lybasyny tämiz, arassa geýinse, Allatagala kyýamat güni ol adamy öz penasynda aman saklar.

* * *

Bilmeýän zadyňy bilmek, düşünmeýän zadyňa akyl ýetirmek iň lezzetli zatdyr.

[28] Pitwa bermek – haýsydyr bir dini mesele boýunça karar çykarmak.

* * *

Her adamda-da şatlyk, kelle göçgünligi bardyr. Ýöne bu ýagdaý her kimde dürli hili bolup geçýär.

* * *

Samsyk, nadan adam hassany soramaga barsa, hassanyň haly gowulaşmakdan-a geçen, öňküden hem teňleşer.

* * *

Şeýtan adamyň ähli zadyna bahyllyk etse-de, adam dümewlese ýa-da garahassalyk keselline ýolugsa, bahyllyk edenok.

* * *

Eger Allatagala kimdir birini keselden, jogapsyz söýgüden we garyplykdan aman saklasa, onda ol adam ähli bela-beterlerden amandyr.

* * *

Köp gepleýän we köp gülýän adam gije ýatanda ynjalyksyz bolar.

* * *

Tygşytly ýaşan adam durmuşda uly üstünlik gazanar.

* * *

Baýlygy danalyk bilen dolandyran ýeňer, nadanlyk eden onuň guluna öwrüler.

* * *

Mätäje kyn ýagdaýda kömek edýän kişi sahydyr.

* * *

Eý, Allam! Meni garyplykdan, haram baýlykdan, gaýgy-gama çümdürýän pikirlerden özüň goragyn!

* * *

Kimdir biri nämedir bir zat alsa, garyp-gasaryň hem aladasyny etsin. Eger ol gaýtaryp bilmese, Allatagaladan gaýdar.

* * *

Eger kimdir biri sende ýok häsiýetleri aýdyp, seni öwse, ol adamdan islendik haýynlyga garaşyber.

* * *

Eý, Allam! Ýalan öwgüleri diňläp, öwýäne hiç hili jogap bermedigimiz üçin biziň günälerimizi geç!

* * *

Her bir zadyň başlangyjy bardyr. Duşmançylygyň, uruş-sögüşiň başlangyjy biderek oýun-degişmedir.

* * *

Sebäp bolup gülmezlik, sebäpsiz gülmekden has geňdir.

* * *

Adam ölenden soň bu dünýäde diňe ol hakynda ýatlamalar galýar.

* * *

Ýagşy-sogap işler eden adam asuda, tarpa-taýyn ölüm bilen, ýaman-günä işler eden adam bolsa uzak keselläp, gaty ezýet çekip ölýändir.

* * *

Nahar iýseňiz azrak iýiň. Sebäbi az iýmek kalby rahatlandyrar.

* * *

Hemaýatkär dosta mätäçlik çekmek, akar suwa mätäçlik çeken ýalydyr.

* * *

Hammam nähili erbet ýer, uýat ýerler açylýar we utanç-haýa gidýär.

* * *

Alla bilen dostlaşyň, eger muny başarmasaňyz, onuň dostlugynyň bereketi bilen Allanyň dostlugyna gowşar ýaly Allanyň dostlary bilen dostlaşyň.

* * *

Haýyr gelýän ýere geleňsizlik edilse, ol ýerden şer geler.

* * *

Kesekä ýagşylyk ediň, şonda öz ahyretiňiz gowy bolar.

* * *

Alymyň nadanlykdan üstün çykmagyndan ylmyň nadandan üstün çykmagy has gowudyr.

* * *

Akyl eýeleri öz aralarynda tiz düşünişerler. Emma samsyk adam bilen ne akylly, ne-de samsyk düşünşip biler.

* * *

Samsyk adama edep-ekram öwretmek, oňa tälim bermek, hasyl bermejek daşly ýere tohum taşlan ýalydyr.

* * *

Nadan adam arzuw edende-de biderek zatlar hakynda arzuw eder.

* * *

Gepläniňde goýberilen ýalňyşlygy şolbada düzedip bolar. Emma durmuşda goýberilen säwligi düzetmek kyndyr.

* * *

Sapara çykanyňda, köp gepleýän samsyk bilen ýoldaş bolanyňdan, akylly dymma bilen ýoldaş bolanyň ýagşydyr.

* * *

Ylymsyz adam süýji sözüň lezzetini bilmez.

* * *

Ýagşyzada adamy görseň, ony dost tutun, Allanyň oňa ýagdyrýan bereketinden saňa-da paý ýeter.

* * *

Adam ýürekden Allatagala öwgi aýdan mahaly, Allatagala ybadat etmegiň lezzetini duýar.

* * *

Allatagalanyň ýoluna sadaka çykaryp, sogap gazanan musulman diňe girdeji gazanar we söwdasy oňar.

* * *

Adam günä işi bilen nygmatyň aralygynda durandyr. Haçan-da ol bu ikisiniň birini edende ýa-ha Allatagala öwgi, sena aýtmaly ýa-da oňa toba edip günäsini geçmegini soramaly bolar.

* * *

Allatagala ybadat etmek imanyň esasy bölegidir

* * *

Hakykat, dogry söz ähli zatdan öwgülidir.

* * *

Sen şatlanýan wagtyň seniň duşmanyň gamgyndyr

* * *

Adyllyk Allanyň terezisidir. Zulum şeýtanyň ölçeg daşydyr.

* * *

Adyl soltanyň ýardamçysam, penakärem Alladyr.

* * *

Ýere adyllyk tohumyny ekseň, şer hasyl ýygnamaly bolmarsyň.

* * *

Zähmet adamyň abraýyny galdyrar. Bikärlik onuň zaýalanmagyna getirer.

* * *

Adamda sabyr bolmasa, ol durmuşyň aladasynyň, gaýgy-gamynyň girdabyna batar.

* * *

Eger azat, başyň dynç ýaşaýyn diýseň, ýüregiňde tamakinçilige orun berme

* * *

Kanagatly gul azatdyr. Azat adam tama etse, gula öwrülýändir

* * *

Mömin gapyl galmasa ýalňyş iş etmez. Eger ol bu dünýäde bolup geçýän işler barada pikir etse gamlanar.

* * *

Zulum bar ýerinde parasatlyk, parasatlylyk bar ýerinde-de zulum bolmaz.

* * *

Ynsaply adamdan ähli adamlar razydyr. Onuň özi hem özünden razydyr.

* * *

Ynsaply adam halkyň ýüzüne arkaýyn seredip biler. Sebäbi onuň hiç hili aýby ýokdur.

* * *

Söwda etseňiz Alla bilen söwda ediň. Diňe Alla bilen söwda edenler uly girdeýji gazanarlar.

* * *

Wagtyňy şady-horramlyga däl-de, haýyr-yhsan etmeklige sarp etgin.

* * *

Meniň üçin Allanyň meniň erbet işleri edenimi göreninden, haýyr-yhsan edenimi göreni maňa has lezzetlidir.

* * *

Wadasyna wepaly bolan adamlaryň razylygyny gazanan we kynçylykda sabyr-takat eden kişi il arasynda uly abraýa eýe bolar.

* * *

Men ynsanyň daşky sypatyny görýärin. Emma kalbyny gara niýetlerden päk saklamak onuň özüne baglydyr.

* * *

Her gezek gabry görmek meniň üçin uly ybratdyr.

* * *

Gabyr bu dünýe bilen ahyretiň arasyndaky ilkinji çäkdir. Kim Alla tagat edip ýaşan bolsa, oňa gabyrdan gorkmagyň hiç hili hajaty ýokdyr. Eger kim gabyrdan gorkýan bolsa, onda goý ol bilsin, ahyret azabynyň ýanynda gabyr azaby degişme kimindir.

* * *

Ýagşy işler edip, şek-şübheli zatlardan daşda duran, bu dünýede we ahyretde üstünlik gazanar.

* * *

Ynsan bu durmuşda haýyr-yhsan edip, mert ýaşamalydyr we ölümini-de mert garşy almalydyr.

* * *

Köp gepleýän ymamdan däl-de, ýagşy işler bilen görelde görkezýän ymamdam ybrat alyň.

* * *

Erbet adamlar özleriniň gowy görýän zadyny gizlärler we özleriniň ýigrenýän zatlaryny size hödürlärler. Gerek zadyňy saýlamak üçin diňe öz akylyňa daýan.

* * *

Allatagala ynsana edip bilmejek zadyny we nädogry ýoly salgy bermedi.

* * *

Maly-dünýä höwes etmän, kanagatly ýaşan ynsan durmuşdan lezzet alar.

* * *

Allatagala bu dünýädäki ähli zady ynsana eşretli ýaşamagy üçin ýaratdy. Oňa dogry ýol salgy berdi. Ynsan şol ýoldan gidip, ähli zatlary dogry berjaý etse, Allatagala oňa mundan hem eşretli ýaşaýşy taýýarlap goýdy.

* * *

Haýyr-yhsan etmäge howlugyň. Sebäbi size näçe wagt berleni diňe Alla aýandyr.

* * *

Maly-dünýä köp ynsanyň garagyny gapýandyr. Baýlyk eýesi bu baýlygy kimiň berendigini we ähli baýlyklaryň eýesiniň kimdigini ýatdan çykarmaly däldir.

* * *

Özüňizden öň dogry ýaşap, üstünlik gazanan adamlardan görelde alyň.

* * *

Haýyr-yhsan işlerinden gapyl galmaň. Sebäbi Allatagala siziň ähli işleriňizden gapyl däldir.

* * *

Kişi hakyny iýmäň. Nähili alsaňyz şeýle-de gaýdyp beriň.

* * *

Haýyr işler ynsanyň duşyndan süýji çeşme kimin akyp durandyr. Kim bu suwdan ganyp näçe içip bilse, şonça-da lezzet alar.

* * *

Haram işlerden daşda durup, haýyr iş etmek ýaly lezzetli zat ýokdur.

* * *

Kimdir biri saňa hajat bilen ýüz tutsa, güýjüňden artyk hem bolsa ol hajaty ýerine ýetirmäge çalyş.

* * *

Tamakinçilik ejiz adamlaryň häsiýetidir.

* * *

Haýyr-yhsan edýän ynsanlara bu dünýe zulmatdyr. Haram iş edýänlere ahyret zulmatdyr.

* * *

Muhammediň dini bulut bolsa, onuň ýagyş damjalary dürdür. Damjalaryň bugaryp ýene-de buluda gaýdyp barmagy uly nygmatdyr.

* * *

Akyl ynsana berlen iň uly nygmatlaryň biridir. Akylyna daýanan uly üstünlik gazanar.

* * *

Hak ýoly tutýanlar meniň ýaranlarym, batyl ýoly tutýanlar şeýtanyň ýaranlarydyr.

* * *

Ýagşylyk edene ýagşylyk bilen jogap beriň.

* * *

Ynsanyň gelip çykyşyna görä däl-de hüý-häsiýetine görä gatnaşyk ediň.

* * *

Dymmaklyk ynsany köp belalardan gorar.

* * *

Ýok adamyň gybatyny etmekden we günäsiz adama ýalan töhmet atmakdan Allanyň özi gorasyn.

* * *

Men duşmana garşy gylyç syrmaly bolsa-da, raýatlara desterhan ýazmaly bolsa-da taýýardyryn.

* * *

Ähli işleriňizde Alla töwekgellik ediň. Näçe ybadat we haýyr-yhsan etseňiz-de, Alladan rehim etmegini diläň. Sebäbi ynsan ogly säwlik goýbermäge endik edendir.

* * *

Ynsan durmuşda ajy günler gelende sabyr-takatly bolsa Allatagala oňa ýene-de lezzetli günleri gaýdyp berer.

* * *

Sabyr etmedik ökünmeli bolar.

* * *

Allatagala ýürekden ynanyň we oňa ybadat ediň.

* * *

Allatagala ybadat edeniňizde tüýs ýürekden yhlas ediň. Sebäbi ähli-jahany we janly-jandary ýaradan Beýik Alladyr.

* * *

Şerap içmekden daşda duruň. Şerap ähli şer işleriň açarydyr.

* * *

Ynsanyň saçyna ak girmegi ýa-da biliniň bükülmegi bilen onuň abraýy artmaz. Ol abraýy ýagşy işler edip gazanmalydyr. Haçanda abraýy gazanandan soňra ony gorap saklamalydyr.

* * *

Hökümdar dogry ölçeýän terezi kimin raýatlaryna adyl göz bilen seretmelidir. Allatagala-da adyllygy söýýändir we adyl ynsanlaryň tarapdarydyr.

* * *

Günä işlerden daşda duruň. Eger şer iş etseňiz tizden-tiz toba ediň. Allatagala ähli günäleri geçijidir.

* * *

Hat-da zalymlar hem öz balasyny söýýändir.

* * *

Eý halaýyk, bu dünýäniň eşretine aldanyp, bakynyň eşretinden mahrum bolmaň.

* * *

Çaga köplenç enedir atasyndan görelde alýandyr. Şonuň üçin çagalaryňyza ýagşy görelde görkeziň.

* * *

Namaz jemagat üçin iň ýagşy amallaryň biridir. Kimdir biri ýagşy amal etse, oňa şärik boluň. Eger şer işe baş goşan adamy görseňiz, oňa nesihat beriň. Nesihatyňyz alynmasa, onda ol adamdan daşda duryň.

* * *

Siz yslam dininiň daýanjysyňyz. Bir adam özüniň edýän haýyr-yhsan işleri bilen bu dine abraý getirip biler. Ýene-de biri özüniň edýän pyssy-pujurlygy bilen bu dine ysnat getirip biler.

* * *

Men Alladan we şeýtanyň ýoluna gitmekden gorkýaryn. Siz hem azmakdan heder ediň.

* * *

Allatagala adamlary dogry ýola çagyrmak üçin Gurhany inderdi we hökümdarlara raýatlaryna Gurhany ündemegi ündedi. Sebäbi hökümdar raýatlaryna baş we görelde bolmalydyr.

* * *

Öz gazanan hakyňdan köp haka garaşmak tamakinçilikdir.

* * *

Ynsanlaryň iň haýyrlysy Allanyň kitaby boýunça ýöreýänleridir.

* * *

Duşman çozmak howpy abananda ýa-da sapara çykanyňyzda namazlaryňyzy gysgaldyň.

* * *

Özüňizden soň ýagşy at galdyryň we çagalaryňyza-da şony ündäň.

* * *

Hatda alym hem nadany ylmy jedelde ýeňip bilmez.

* * *

Eger Allanyň kitabynda ýalňyş zat tapdym diýsem meniň elimi aýagymy gandallap zyndana oklaň.

* * *

Dökülen gan üçin islendik hun alanyňdan, şol ganyň dökülmedigi ýagşydyr.

* * *

Eý, Affanyň ogly, näçe haýyr-yhsan etseň-de Alladan rehmet dilegin.

* * *

Eý halaýyk, hiç haçan tarap-tarap bolup biri-biriňiziň nähak ganyňyzy dökmäň. Allatagala düşünişmek üçin ynsana akyl we dil beripdir.

* * *

Erkek adam misli bagban kimindir. Daragta nähili seretseň şonuň ýaly hem miwe alarsyň. Çaga nähili terbiýe berseň şony hem görersiň.

* * *

Ynsany onuň lybasy däl-de gözel hüý-häsiýeti bezeýändir.

* * *

Akylyna daýanan ynsan dogry ýoldan azaşmaz.

* * *

Iki peýkamy bir kirişde atyp bolmaz.

* * *

Niýeti päk adamyň amaly hem päkdir.

* * *

Alla şek ýetirmek şepagatdan mahrum eder.

* * *

Zanny ýaman adamyň niýetini onuň lybasy hem ýapyp bilmez.

* * *

Talagy erkek berýändir. Aýalyň soňky ykbaly aýalyň özüne baglydyr.

* * *

Hökümdaryň biadyllygy halkyň närazylygyna we gapma-garşylygyň döremegine getirer.

* * *

Gije okalan nepil namaz has sogaplydyr.

* * *

Eger maňa hasyl boljak bir dileg dile diýseler, Alladan ant içýän, diňe hak ýoldan azaşmazlygy dilärdim.

* * *

Alladan ant içýärin, ýekeje katra-da nähak gan döken däldirin.

* * *

Men jahylyýet döwründe-de, yslamda-da zyna eden däldirin.

* * *

Sag elim bilen Muhammet alaýhyssalam bilen salamlaşanymdan soň, şol elim bilen owratymy ellän däldirin.

* * *

Men siziň halypaňyz, ymamyňyz we yhlasly doganyňyzdyryn. Şonuň üçin doganyňyz bilen dogan gatnaşygyny ediň.

* * *

Utanç-haýa gabahat işlerden goraýan galkandyr.

* * *

Alla tagat ediň we hökümdaryňyza boýun boluň. Säwlik goýberse, nesihat beriň. Emma garşy çykyp, ýurtda agzalalyk döretmäň.

* * *

Hökümdara garşy gidip, jemagaty aýaga galdyryp, ýurtda pitne oduny tutaşdyrmak uly günäleriň biridir. Dökülen ganlar pitne turuzanyň boýnunadyr.

* * *

Eý, halaýyk, siz ýaradan Alla ynanýan bolsaňyz we kyýamat güni ýene-de onuň ýanyna barjagyňyzy bilýän bolsaňyz, adamlaryň arasyna al oklap, pitne oduny tutaşdyrmaň.

* * *

Nadanlyga baş urup, hak ýoldan azaşmaň. Sebäbi hak ýoldan azaşmak, şer işlere, şer işler bolsa dowzaha elter.

* * *

Nähak gan döküp, haja gidip ony ýuwmakçy bolandan şol gany dökmezlik ýagşydyr.

* * *

Alla ýürekden iman getirilse mahrum ýitirenini tapar, howp abanan halas bolar we dileg edeniň dilegi kabul bolar.

* * *

Bereket tapan ynsan Alla şükür etmelidir. Şonda onuň bereketi has-da zyýada bolar.

* * *

Musulman raýatlaryň ykbalyny diňe akylly, tejribeli, ýagşy gylyk-häsiýetli musulmana ynanmalydyr.

* * *

Alladan gorkman zulum we haram işlere baş goşýan adamy hökümdarlyga getirmäň.

* * *

Ynsan üçin iň erbet gylyklaryň biri tekepbirlikdir. Tekepbirlik diňe Alla mynasypdyr.

* * *

Iň ýagşy gylyklaryň biri kanagatlylyk we pespällikdir.

* * *

Akylly adamyň maslahatyny alyň.

* * *

Ýaltalyk ynsany gazançdan we haýyr-yhsan iş etmekden mahrum edýär.

* * *

Ikiýüzli adam Allanyň kimdigini, gudratyny bilse-de bilmezlige salar we adamlaryň arasyna al oklar.

* * *

Şeýtanyň ýaranlary her näçe jan çekse-de, Muhammet alaýhyssalamyň dini kyýamata çenli dowam eder. Bu ýoly tutanlar bolsa üstünlik gazanarlar.

* * *

Ýekeje ynsan hem: «Meniň Alladan algym bar» diýip bilmez. Emma adamlaryň ählisi Alla bergidardyr.

* * *

Hökümdaryň sahylyk etse onuň sahylygy raýatlary we döwleti üçin uly nygmatdyr.

* * *

Agzalalyk gapma-garşylyga we tersleşige, ahyrynda bolsa, urşa we heläkçilige getirer.

* * *

Hökümdarlyk ynsana Alla tarapyn berilýändir. Hökümdar raýatlarynyň garamatyny boýnuna alýandyr we Allanyň öňünde jogapkärdir.

* * *

Jedel ýüze çykanda çözgüdi Gurhandan we Muhammet alaýhyssalamyň sünnetinden gözläň.

* * *

Göwnüçökgünlik we ruhypeslik adamy şer işlere gönükdirýän häsiýetlerdir.

* * *

Adamlaryň arasynda gapma-garşylygyň bolmazlygy üçin Gurhanyň kyragatynyň[29] bir bolmagyny isledik. Birnäçe kyragat bolup gapma-garşylyk bolandan bir kyragat bolup gapma-garşylyk bolmadygy gowudyr.

* * *

Allanyň ýoluny tutmak, ölümi mert garşy almakdyr.

* * *

Maly-dünýäni haýyr-yhsan üçin terk eden ynsan Allanyň söýgüsine duçar bolar.

* * *

Günä işleri terk eden ynsan perişdeleriň goragynda bolar.

[29] Kyragat – Gurhany sesli okamagyň kadasy.

* * *

Tamakinçiligi terk edeniň kalby rahatlyk tapar.

*** * ***

Men Alladan özüme we size dogry ýol, bereket we onuň razylygyny dileýärin. Ynsan üçin iň arzyly zat Allanyň razylygydyr.

Şeýdip, Beýik Allanyň ýardamy bilen «Möminleriň ymamy Osman ibn Affanyň pähimlerinden gamly köňüllere teselli» atly kitap 896-nji hijri (1490-1491 milady) ýylynyň oraza aýynyň ortasynda tamam boldy.

Älem-jahany ýaradan Beýik Alla öwgüler bolsun. Goý Beýik Alla ýagşyzada ynsanlardan razy bolsun!

MÖMINLERIŇ EMIRI ALY IBN ABU TALYBYŇ PAÝHASLY SÖZLERINI ÖWRENÝÄN HER BIR KIŞÄ ZERUR SÖZLER

BEÝIK ALLANYŇ ADY BILEN!

Älem-jahany ýaradan, Ynsana çäksiz nygmatlar eçilen, ýagşy kysmat peşgeş beren asly ýagşyzadalardan bolan Muhammet alaýhyssalamy musulman ymmatyna pygamber edip saýlan Beýik Alla öwgüler bolsun! Allanyň iň söýgüli pygamberi Muhammede, onuň asylzada maşgalasyna we ýagşyzada egindeşlerine çäksiz salawatlar bolsun! Muhammet alaýhyssalamyň päk ýoluny tutan şöhratly ýagşyzadalary päkize we tämiz, yslam dinini dinimiz edeni we bu beýik döwletiň çäklerini giňeldip, ony daşky duşmanlardan penakärläni üçin ýene bir gezek Alla öwgüler bolsun!

Goý Beýik Alla biziň päklenen kalplarymyzy gara niýetlerden we Onuň hak ýolundan azaşmakdan gorasyn. Goý, Perwerdigär bu synmaz yslam döwletiniň binýadyny mundan-da berkleşdirip, ony daşky duşmanlaryň mekir-alyndan gorasyn! Goý, bu ýerde höküm sürýän parahatlyk we asudalyk bahary müdimi dowam edip, hazan ýelleri kimin döwlete abanýan howplar ondan aýlanyp geçsin! Allanyň ýagşyzada bendesiniň saýasynda bu döwlet mundan-da pajarlap ösüp, onuň abraýy has-da zyýada bolsun. Goý, bu ýagşyzada ynsan ata-babalarynyň asylly ýoluny dowam etdirip, külli musulmanyň söýgüsine mynasyp bolsun! Goý, onuň wepaly kätibi Reşideddin Watwat hem Allanyň ýagşyzada bendesiniň saýasynda mundan buýana-da oňa wepaly sadyk gul kimin hyzmat etsin! Goý, Beýik Alla Özüniň ýagşyzada bendesiniň kätibini haýyr-yhsan we bu asylzada ynsana gulluk etmekden mahrum etmesin.

Allanyň ýagşyzada bendesi we onuň päk nesli, asylzada asly nesihata hormat goýan adamlardyr. Olaryň ýaşlykdan eşideni haýyr-yhsan etmek hakyndaky nesihat we ýagşyzadalar hakyndaky rowaýatlardyr. Bu ynsanyň nesihata şeýle hormat goýýandygyny nazara alyp, oňa Allanyň iň ýagşyzada bendeleriniň biri

bolan Aly ibn Abu Talybyň dürdäne sözlerini we nesihatlaryny jemläp bermegi ýüregime düwdüm. Goý, bu **«Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talybyň paýhasly sözlerini öwrenýän her bir kişä zerur sözler»** atly kitap Allanyň ýagşyzada bendesiniň paýhasyna paýhas goşsun! Goý, Beýik Alla ony öz penasynda aman saklasyn!

MÖMINLERIŇ EMIRI, MUSULMANLARYŇ YMAMY, DÖRDÜNJI HALYPA ALY IBN ABU TALYBYŇ PÄHIMLERI

Eger ýapynja[30] bolmadyk bolsa, hakykatyň nämedigini bilmezdim.

* * *

Ynsan diňe ölüminiň öň ýany gaflat ukusyndan oýanýar. Emma haýp, giç, indi ne ökünç ne-de toba oňa ýardam eder.

* * *

Ynsanlaryň köpüsi ata-babalaryna meňzemek isleýärler. Emma olaryň zamany bilen ata-babalarynyň zamanynyň düýpgöter üýtgändigini nazara almaýarlar.

* * *

Ynsanyň gadryny ol ölmänkä biliň. Gadyry bilinen ynsan uzak we bagtyýar ýaşar.

* * *

Her kimiň eden işine görä bahasyny töläň, ýagny ýagşy adama ýagşylyk, ýaman adama ýamanlyk bilen jogap beriň.

* * *

Özüniň kimdigine göz ýetiren Allanyň kimdigine we nädereje beýikdigine göz ýetirer.

---

[30] Muhammet pygamber Mekgeden Medinä göç eden gijesi Hezreti Aly pygamberiň ýatýan ýerinde onuň ýapynjasyny bürenip ýatypdyr. Duşmanlar pygamberi öldürmäge gelip, ýapynjany serpenlerinde, ol ýerde Hezreti Alynyň ýatanyny görüp haýran galypdyrlar. Bu ýerde şol waka göz öňünde tutulýar.

* * *

Ynsanyň akyly dilindedir. Onuň akylynyň derejesine baha bermek isleseň sözüne gulak goýuň.

* * *

Dilini saklanyň dosty köp bolar. Sebäbi ynsan duşmany diliniň üsti bilen gazanýar.

* * *

Azat adam azatlygynyň gadyryny bilmez. Azatlygyň nämedigini diňe gulçulygyň gandalyny dakynan biler.

* * *

Husyt adam mal-mülküniň hözirini ne özi görer ne-de başgalara görkezer. Ol baýlygyny hiç kese dözmän uly miras galdyrar.

* * *

Gepleýän adamyň sypatyna görä däl-de onuň gepleýän sözüne görä netije çykar.

* * *

Bela gelende ýa-da başyňa kynçylyk düşende sabyrly bol. Sabyr-takat üstünligiň ýarysydyr.

* * *

Bahyl adamyň işi rowaç bolmaz.

* * *

Tekepbir adam öwgi-sena we hormata mynasyp däldir.

* * *

Husyt, bahyl adamdan ýagşylyga garaşmaň.

* * *

Köp iýegen adam tebibiň ýardamyna mätäç bolar.

* * *

Ýaman gylykly adam abraý donuny geýmez. Mertebe we at-abraý diňe ýagşy edep-terbiýe alan adamlara mynasypdyr.

* * *

Ýola çykanyňda başga ýoldaş tapmasaň-da töhmetçi bilen ýoldaş bolmagyn. Ýalan töhmet etmegi başaran islendik şer işe baş goşup biler.

* * *

Içigara adamyň rahatlygy bolmaz. Sebäbi beýle ynsan yrsgalyň Alla tarapyn berilýändigine aň ýetirip bilmez.

* * *

Bahyl adamda mähir-muhabbet bolmaz. Bahyl adamyň kalby ölüp, durmuşdan lezzet alyp bilmez.

* * *

Ynsan çagasy her bir ýaman iş üçin öç, ar almakçy bolýar. Diňe beýik adamlar duşmanynyň günäsini geçmegi başarýar.

* * *

Mukaddes ýerlere zyýarat edeniňizde kalbyňyzy päkläň. Allanyň gaşyna päk kalp bilen barmadygyň zyýaraty kabul bolmaz.

* * *

Nesihat dogry ýol görkezijidir. Nesihat ynsanyň halasgäridir. Nesihat alyp başarmaýan adamdan ýagşylyga garaşmaň.

* * *

Ýalançydan, kezzapdan ýagşy amala garaşmaň. Beýle adamlara ýagşylyk etmek ýaly häsiýetler mahsus däldir.

* * *

Kezzaplygyň ahyry şer işlere, onuň ahyry bolsa dowzaha eltýändir.

* * *

Allanyň ýanynda iň hormatly adamlar oňa takwalyk edenlerdir.

* * *

Allanyň dinine tagat eden adam il arasynda uly abraý gazanar.

* * *

Akylly ynsan ony ýaradana we oňa yrsgal-döwlet berene şükür eder.

* * *

Toba etmegi özüne kiçilik bilýäne şepagat edilmez.

* * *

Ynsan üçin asudalyk, parahatçylyk ýaly zynatly lybas ýokdur. Asudalygyň lezzeti süýji şerbet kimindir.

* * *

Nadanlyk alajy ýok dertdir. Nadanlyk ynsan üçin üç-gyraksyz zulmatdyr.

* * *

Kemakyllyk ýaly kesel ýokdur. Kemakyl baran mejlisinde hemişe özüni rahat, galan ähli adamlar bolsa özlerini birahat duýarlar.

* * *

Ynsanyň dili endige görä geplär. Paýyş sözlere endik eden dil eýesini masgara eder.

* * *

Nadanlyk ynsanyň iň ganym duşmanydyr. Akylly adam egindeşlerini kyn ýagdaýdan alyp çykar. Emma nadan diňe bir özüni däl, eýsem, egindeşlerini-de kyn ýagdaýa salyp biler.

* * *

Özüniň mertebesine has ýokary baha berýänlere, ýagny tekepbirlere Alla rehim etsin.

* * *

Zol-zol säwliklere ýol bermek, eden günä işleriňe ökünmezlikdir.

* * *

Ýaranyna pyssy-pujurlygy nesihat eden, onuň eden günä işlerine şärikdir.

* * *

Akyl kämil derejä ýetende ynsan az gepläp başlar. Akylly adam diňe hajat ýüze çykanda geplär.

* * *

Maksatly ynsan guşuň uçup barmaly ýerine barşy kimin maksadyna ýeter.

* * *

Ikiýüzli ynsan Ýaradanyň ýanynda-da, onuň halkynyň ýanynda-da pes adamdyr.

* * *

Ulamalaryň mejlisindäki nadan gülleriň arasynda biten tiken ýalydyr.

* * *

Gyssanmaçlyk sabyr-takatly bolmakdan ýeňildir. Emma gyssanmaçlyk masgaraçylyga, sabyrlylyk bolsa abraýa elter.

* * *

Wada jogapkärçilikdir. Wada eden ähdine wepaly bolandan soň jogapkärçiligi boýnundan aýyrýar.

* * *

Kim özüne degişli däl zatlara güýmense, özüne degişli zatlary duşundan geçirer.

* * *

Şeriň iň erbedi ony gizlemekdir. Şer işleri gizlin edýän adamyň zyýany iki essedir.

* * *

Gybaty diňläp oturan adam gybatkeşiň günäsine şärikdir.

* * *

Kalbynda tamakinçilige orun beren peseler, kanagata orun beren abraý gazanar.

* * *

Baýlyga we mal-mülke tagat etmedik rahat ýaşar. Nebsine buýrup bilmedik onuň guluna öwrüler.

* * *

Ýalançy abraýsyzdyr, tamakin bolsa ökünjeň bolýandyr.

* * *

Köp degişýän adam özüne duşman gazanar we haýbatyndan jyda bolar.

* * *

Aýşy-eşrete gul bolanyň haly, gandally guluň halyndan has agyrdyr.

* * *

Bahyl kesekilere däl-de eýsem özüniň ýaranlaryna, hat-da peýda getirýän adamlara-da bahylçylyk eder we olaryň elindäki nygmaty görüp bilmez.

* * *

Mätäç hem bolsaň pes hem-de günä işleri edýän adamyň gapysyndan hajat bilen barmagyn.

* * *

Kä halat ynsan özüne zyýan gelýän ýerlere we şer işlere mejaly bolmasa-da emedekläp barýar.

* * *

Arzuwlaryňa daýanyp ýaşamagyn. Çünki käbir arzuwlar çöldäki salgym ýaly ýetilmesi kyndyr. Ýetip bolmajak arzuwlara ynanýan ynsan baryp ýatan nadandyr.

* * *

Kişi malyna göz dikip oturan ynsan guldur. Kanagatly ynsan bolsa kalby rahat ýaşaýandyr.

* * *

Akylly ynsanyň gümany öňden görüjilikdir. Sebäbi akylly ynsan ähli zady ölçe-rip döküp, ondan soň pikirini ýüze çykarýandyr.

* * *

Akylly ynsan keseki adamlaryň säwliklerini özüne sapak ediner.

* * *

Duşmançylyk ynsan kalbyny bimaza eder we ony bähbitli zatlardan alyp galar.

* * *

Ýigrenen kalp kör bolar. Eger ynsan kalbyny ýigrenç gaplap alsa, ol ýerde akyla ýer galmaz. Akyl orun tapmadyk kalp bolsa islendik säwlige ýol berer.

* * *

Utanç ynsanyň gorag galkanydyr. Utançsyz ynsanyň ýüzüniň nury gidip, islendik şer işe baş goşar.

* * *

Kiçisini sylamadyk ulusyna hormat goýmaz.

* * *

Şerap içen utanç-haýasyndan jyda bolar. Utanç-haýasyz bolsa, çekinmezden şer işlere baş goşar.

* * *

Edep akylyň sypatydyr. Edep-terbiýeli ynsan halk arasynda uly abraý we mertebe gazanar.

* * *

Nesihaty diňlenýän we maslahat salynýan adam bagtlydyr.

* * *

Musulman dogry ýoly saýlap almak üçin dana bolmalydyr. Danalygyň gönezligi bolsa ylymdyr.

* * *

Ähli zada ylalaşmagyň soňy mynapyklykdyr[31]. Gapma-garşylygyň soňy duşmançylykdyr.

* * *

Kiçi aýyplara endik etmek şer işlere baş goşmakdyr.

* * *

Arzuwa maksatsyz hereket etmek, arzuwa ýeterlik howp salýandyr.

* * *

Her bir gazanç üçin yhlas edýän kişi gazanja ýetip bilmez. Ynsan diňe yrsgal-döwletiň Şasy – Beýik Allanyň islegi bolsa baýap biler.

* * *

Diňe yrsgal-döwlet, baýlyk diýip hars urup, Allany ýatdan çykaran hiç zat gazanman, diňe utulyşa sezewar bolar.

[31] Mynapyk – ikiýüzli.

* * *

Tamakinçilik salgym gazanan ýalydyr. Tamakin özüniň maksadyna ýetmek üçin her hili peslige ýüz urar.

* * *

Tama ynsanyň boýnuna ýüp salyp ony düýe iden kimin idip, dürli masgaraçylyklara sezewar eder we iň soňunda ýüpi şeriň eline berer. Kanagatlylyk bolsa bu ýüpi gyrkyp, ynsany pese düşmekden halas etmäge çalyşýar.

* * *

Dünýäniň islendik haýyr işleriniň ýanynda şer iş hem bardyr: Tejribä ýetmek üçin — uzak ýol, gazanjyň ýanynda — tüwmaýak galmak, saglygyň ýanynda — hassalyk, abraýyň ýanynda — peslik, kynçylygyň ýanynda — ýeňillik we dogry ýoluň ýanynda — azaşmaklyk bardyr.

* * *

Islendik işiň akybeti — ahyry hakynda köp pikir edilende bu işi etmäge höwes ýiter.

* * *

Allatagala ynsan doglandan onuň ykbalyny oňa mälim edip bilerdi. Emma ol bu külpetli ýoly geçip, kynçylygy ýeňip geçmegi ynsanyň ygtyýarynda goýdy.

* * *

Ynsanyň ykbalynda gije bilen gündiziň çalşyp durşy kimin kynçylyk bilen ýeňillik, şer bilen haýyr çalşyp durýandyr. Esasy zat ynsanyň ruhdan düşmezligidir.

* * *

Iň haýyrly işleriň biri diliňi paýyş sözlerden we gybatdan saklamakdyr.

* * *

Abraý ýagşy işler bilen gazanylýandyr. Edep bolsa ynsanyň aslyna we gelip çykyşyna baglydyr.

* * *

Ylym we edep ynsanyň iň buýsanmaly zatlarydyr. Sebäbi şu ikisi bolan ynsan durmuşda uly üstünlik gazanar.

* * *

Iň keremli ynsan edepli ynsandyr. Çagalaryňyza ýagşy edep miras galdyryň. Sebäbi ol islendik baýlykdan gymmatlydyr.

* * *

Nadan we akmak garybyň garybydyr.

* * *

Ynsan gereginden artyk zada dalaş etmeli däldir. Geregiňden artyk zat isripdir.

* * *

Ilden saýlanmak üçin geň hereket etmäň. Sebäbi beýle hereketler adamlary sizden daşlaşdyrar.

* * *

Akylly adam baýyň hem baýydyr.

* * *

Tamakin adama islendik baýlyk azdyr.

* * *

Allanyň beren nygmatyny ýerlikli ulanyň we Alla şükür ediň. Şükür edýänleriň yrsgaly has-da zyýada bolar.

* * *

Akylly adam hiç haçan tamakinçilik gandalyny boýnuna ildirtmez. Akyl bar ýerinde tamakinçilik heläk bolar.

* * *

Hak işi goldan üstün, haka garşy giden heläk bolar.

* * *

Kyn ýagdaýa düşseňiz yhlas bilen Alla ýüz tutuň. Alla hiç haçan öz bendesini kyn ýagdaýda goýýan däldir.

* * *

Ähli şer işler akmak kalpda orun tutýandyr. Emma akylly ynsanyň kalby şere we pyssy-pujurlyga ýol bermez.

* * *

Boş arzuwlara kowalaşan ynsan yzyndan ajalynyň ýetenini duýman galar.

* * *

Süýji miwe berýän daragtyň soň hem süýji miwe berşi kimin asly ýagşynyň neslide ýagşy bolýandyr.

* * *

Eger başarsaň duşmanyň-da günäsini geç. Geçirimlilik diňe beýik ynsanlara mahsusdyr.

* * *

Ynsanyň gizlin saklamak isleýän syry ýa-ha onuň dilinden sypar ýa-da onuň ýüzünden mälim bolar.

* * *

Nygmata daban azabyň bilen ýetseň-de, ony Allanyň berýändigini ýadyňdan çykarma.

* * *

Bahyl adam baý hem bolsa onuň kalby garypdyr. Ol näçe baýlyk toplasa-da ömrüni garyp duýgy bilen ýaşar.

* * *

Akylly ynsanyň dili onuň kalbyna tagat edýändir.

* * *

Samsyk, nadan dili bilen özüne duşman gazanar.

* * *

Eý Allam, biziň säwliklerimizi, dilimiz bilen goýberen hatalarymyzy, aýyplarymyzy we günälerimizi geçir. Senden başga rehimdar, günä geçiji ýokdur.

* * *

Kalbyňyza dynç beriň we oňa peýdaly pursatlary gözläň. Sebäbi bedeniň ýadaýşy ýaly ol hem ýadaýandyr.

* * *

Bedeniň ýadaýşy ýaly kalp hem ýadaýandyr. Dana pähim-paýhaslary okamak bilen oňa dynç beriň.

* * *

Kim dünýäde arkaýyn ýaşap, özüniň onuň mekirliklerine sezewar bolandygyny duýmasa, ol adam nadandyr.

* * *

Dünýäniň diňe üç zady ýagny baýlygy, yzzaty we rahatlygy bardyr. Kim-de kim dünýäde kanagatly ýaşasa - baýlygyna gowşandyr. Kim-de kim takwa ýaşasa - yzzatyna gowşandyr. Kimiň gaýgy-gamy az bolsa - rahatlygyna gowşandyr.

* * *

Dünýä we ahyret göýä maşryk we magryp ýalydyr. Birine ýakynlaşsaň, beýlekisinden uzaklaşarsyň.

* * *

Dünýäni dost tutan göýä suwy goşawuçlap tutan ýalydyr. Barmaklaryň suwy tutup bilmeýşi kimin sen hem dünýäni tutup bilmersiň.

* * *

Dünýä asyl mekana tarap geçelge ýoludyr. Ynsanlar hem iki topardyr. Biri öz janyny satar, dünýä olary heläk eder. Beýlekileri bolsa janlaryny satyn alarlar, dünýä bolsa olary erkinlige goýberer.

* * *

Zamanany baş egdirip bilmersiň, şonuň üçinem oňa mylaýym bol.

* * *

Günler içinde sagat çalt geçýär. Aý içinde gün çalt geçýär. Ýyl içinde aý çalt geçýär. Ömür içinde ýyllar çalt geçýändir. Umuman, tutuş ömür bir salymda geçip gidýändir.

* * *

Dünýäniň ýaşaýjylary göýä ulagly seýr edip ýören ýalydyr. Ol ulagyň üstündedir, ulag bolsa uklap ýatandyr.

* * *

Başy jebir-jepa bolan we soňy panylyga eltýän dünýäni men size nädip beýan edeýin. Halalynda hasap bar, haramynda azap. Kim-de kim bu dünýäde baý bolan bolsa, onuň synaglaryna sezewar bolandyr. Kim-de kim garyp bolsa, gaýgy-gam içindedir. Kim ony gazanjak bolsa, ondan ýiter-gider.

* * *

Eý halaýyk, Alla size rehim etsin. Hakykatdan hem siz hakykatyň az aýdylýan wagtynda, dilleriň dogruçyllykdan kütelip, hakykatyň basgylanýan döwründe ýaşaýarsyňyz. Siziň döwrüňiziň ýaşaýjylary günälere özüni beren, aldanylmaga öwrenişen, ýaşlaryňyz azan, garrylaryňyz günäkär, alymlaryňyz mynapyk, karylaryňyz ryýakär. Kiçileriňiz ulularyňyza hormat goýmaýandyr, baýlaryňyz garyplaryňyzyň halyndan habar almaýandyr.

* * *

Kim-de kim Gurhandan ugur alyp, ýyldyz ylmyndan bir ylym öwrense, onuň imany we ylmy artar.

* * *

Eý, ynsanlar, ýyldyz-münejjimlik ylmyny öwrenmekden gaça duruň! Siz diňe gury ýerde we deňizde ýyldyzlar bilen ýol tapar ýaly maglumat-ylym öwrenip bilersiňiz. Sebäbi ýyldyz ylmy ynsany gaýypdan habar bermäge alyp gidýändir. Münejjim gaýypdan habar berýäne meňzär. Gaýypdan habar berýän bolsa jadygöý ýalydyr. Jadygöý bolsa jähennemidir.

* * *

Uly şäherlerde ýaşaň, sebäbi ol ýer musulmanlaryň ýygnanyşýan ýeridir. Gaflatly, jepaly ýerlerden we Alla tagat etmezlikden habardar bol. Bazarlarda kän oturmaň. Sebäbi ol ýer şeýtanyň we pitneleriň ýeridir.

* * *

Doglan ýeriňden mukaddes ýer ýokdur. Iň gowy ýurt doglan ýeriňdir.

* * *

Gahar-gazabyňy ýeňmek, Alla üçin batylyň iň erbedini öldürmekden has gowudyr».

* * *

Hasrat çekýäne kömek etmek we gaýgy-gama batany aladadan dyndarmak uly günäleriň geçilmegine sebäpdir.

* * *

Aýalyň erkegi gabanmagy küpürdir. Erkegiň aýaly gabanmagy imandyr.

* * *

Ynsanlaryň iň ejizi dost tutunmagy başarmaýanydyr. Dostlaryň iň ejizi dostlarynyň goldawyny ýitiren kişidir.

* * *

Adamyň ruhy dünýäsi onuň nähili adamdygyndan habar berýändir.

* * *

Ynsanlary iki zat heläk edýär: Aşa söýgi we aşa ýigrenç.

* * *

Eý, oglum, akmak bilen dostlaşmakdan gaça dur. Saňa peýda berjek bolup, zyýan eder. Gysganç bilen dost bolmakdan saklan. Oňa mätäç bolan wagtyň seniň kömegiňe ylgamaz. Erbet kişi bilen hem dost bolmakdan saklan. Ol seni az baha satar gider. Ýalançy bilen hem dost bolma. Sebäbi, ol salgyma meňzär, daşdakyny ýakyn görkezer, ýakyndakyny daş görkezer.

* * *

Namysly gedaý günä edýän baýdan haýyrlydyr.

* * *

Eger Allatagala bir millete gazaplansa, şol milletde nyrhlar galar, söwda gazanç getirmez, daragtlar miwe bermez, derýalaryň suwy azalar, gurakçylyk bolup ýagyş ýagmaz, şer köpeler.

* * *

Ynsanlar bir zada gowy diýseler, döwür onuň üçin erbet gün gizläp goýandyr.

* * *

Kim-de kim saňa erbetlik etse, oňa gowulyk bilen jogap ber.

* * *

Haýyr-yhsan etmeýän, sadaka paýlamaýan adam Allatagalanyň rehmetinden umydyny üzsün we haýyr-yhsan edilmegine garaşmasyn.

* * *

Adamlary ýaman, erbet işlerden saklaň, şol bir wagtda özüňiz hem erbet işlerden daşda duruň.

* * *

Şer işler günä eltýändir. Günä iş edýänleriň barjak ýeri dowzahdyr. Haýyr-yhsan işleri sogaba eltýändir. Sogap iş edýänleriň barjak menzili jennetdir.

* * *

Adamlaryň arasyndaky duşmançylygyň köpüsi nadanlykdan başlanýandyr.

* * *

Kör adam gözi görmän ýalňyşlyk goýberse, gözli adam köplenç bilip ýalňyşlyk edýär.

* * *

Köp adamlarda samsyk gylyklar bardyr. Emma olaryň birnäçesi bu gylygy ret etmegi başarýarlar.

* * *

Köp gepleýän köp ýalňyşýandyr.

* * *

Adam aljyraňňy, gyssanmaç gepläninde onuň ýalňyşy köpelýändir.

* * *

Diliňiziň jylawyny elden bermäň, pikirlenip gepläň. Şeýle etseňiz utançly ýagdaýa düşmersiňiz.

* * *

Geçirimlilik we toba etmek zekat beren ýalydyr.

* * *

Kalbynda pitne turuzmaga höwesi bar adam toba etsin.

* * *

Iki adamdan, ýagny haýyr-sogap iş edip ýaşaýan we günä iş edip, günäsinden saplanmaga çalşyp ýaşaýan adamlardan başgalara bu dünýäde ýaşamagyň hiç hili hajaty ýokdur.

* * *

Günä iş edip, soňundan hem bu günäniň jezasy ýeňil ýa-da hiç hili jeza ýok diýip hasaplamak, iň uly günädir.

* * *

Eger özüňi duşmanyňdan güýçli saýsaň, onuň günäsini geçgin. Bu Allatagalanyň seni duşmanyňdan güýçli ýaradanyna eden şükrüň bolsun.

* * *

Utanç donuny geýen adamyň hiç haçan aýby görünmez.

* * *

Adamyň akyly goýalyşanda geplemesi azalýar.

* * *

Adama, köplenç, gepleýşine görä baha berilýär. Gowy geplese, gowy adam, erbet geplese-de erbet adam diýip hasap edilýär. Emma ikiýüzli adam gowy geplese-de, erbet adam bolup bilýändir.

* * *

Bu zamanda diňe mömin bolsaň, halas bolarsyň. Mömin şehit bolsa ölýän däldir, gaýyp bolsa ýitýän däldir. Ol dogry ýola ýagty saçýan çyradyr. Olar üçin jennetiň ýedi gapysy hem açykdyr.

* * *

Dil adama berlen nygmatlaryň biridir. Ol adamyň başyna bela getirip, nähak ganlary hem dökdürdip biler, ýa-da urşuň öňüni alyp, adamlaryň başyny aman saklap hem biler. Bu her ynsanyň sözi ýerlikli, akylyna laýyk ulanyp bilşine baglydyr.

* * *

Dymma adam haýbatly görünýändir.

* * *

Günä iş edip, oňa ökünip aglaýan adamyň kalby entek şer işlere doly tabyn bolan däldir.

* * *

Kyn mesele ýüze çykanda danalaryň dymmaklygyndan, nadanyň geplemeginden hiç hili peýda ýokdur.

* * *

Zahyt, dindar adam ýekelikde däl-de, adamlaryň arasynda zahyt bolup, görelde görkezmelidir.

* * *

Haýyr iş edýän adamy göreniňde kalbyň şatlykdan dolýar.

* * *

Allanyň parzlaryny ýerine ýetiren, pygamber sünnetine amal eden, Gurhany okan, öz bala-çagalaryna ýagşy edep beren, il-gününe kyn gününde kömek eden adam ýagşyzadadyr. Ýagşyzada adam bolsa jennetidir.

* * *

Mömin göwni giň, ruhy belent, ýagşy işler bilen meşgul, il-günüň derdine ýaraýan adam bolmalydyr.

* * *

Bu dünýäde gowy iý, gowy iç, gowy ýaşa, ýöne şu zatlary edeniňde Allatagalany hiç wagt ýadyňdan çykarma.

* * *

Alym, dana, takwa adamlar üç zadyň üsti bilen alymlyga, danalyga, takwalyga ýetýändirler. Adamyň içki dünýäsi päk bolsa, adamlaryň oňa bolan gatnaşygy hem päk bolar. Adamyň Allatagala bilen gatnaşygy gowy bolsa, adamlar bilen hem gatnaşygy gowy bolar. Adam o dünýäsiniň aladasyny etse, Allatagala ony bu dünýäniň aladasyndan dyndarar.

* * *

Haýyr işi birine görünmek üçin etmegin. Emma birinden utanyp hem haýyr işi taşlamagyn.

* * *

Ýagşy häsiýetiň ilkinji alamatlarynyň biri kyn ýagdaýa düşen adama kömek bermek isleginiň döremegidir.

* * *

Gahar-gazapdan saplanyp bilen adamyň ahyreti abatdyr.

* * *

Duşman gazanmazlygyň iň gowy usuly ýumşak häsiýetli bolmakdyr.

* * *

Ýagşy gylyk-häsiýetli boluň! Ýagşy gylyk-häsiýetliler jennete girýändirler we ol ýerde eden işleriniň hözirini görýändirler. Ýaman gylyk-häsiýetiňizi düzetmäge çalşyň. Ýaman gylyk-häsiýetliler dowzaha girýändirler we ol ýerde eden işleriniň ezýetini çekýändirler.

* * *

Mizan terezesinde adamyň eden sogap işleri ölçenende iň agyr geljek zat onuň ýagşy gylyk-häsiýeti bilen gazanan sogaplarydyr

* * *

Eger Allatagaladan başga-da Hudaý bolan bolsa, olaryň ählisiniň pygamberleri bolardy. Biz olaryň sypatlaryny, edýän işlerini bilip oturardyk. Emma berk belle-gin, Alla ýekedir we ebedidir.

* * *

Iman adamyň kalbynda emele gelýär. Adam haýyr işler etse, imany güýçlenýär. Şer işler etse welin, imany azalmak bilen bolýar.

* * *

Rebbiňi görmek üçin göz däl-de, imana ýugrulan ýüregiň, sagat düşünjäň we dury akylyň bolmalydyr.

* * *

Gurhany-Kerimde sizden öňküleriň habary, geljegiňiz hakyndaky habar we siziň nähili ýaşamalydygyňyzyň kada-kanuny bardyr.

* * *

Allatagalanyň kitaby nurdur, şypadyr, halasgärdir, okalanda özüne çekijidir. Ony okan adam sogap gazanar. Amal eden adam jennete girer.

* * *

Ylymsyz edilen ybadatdan, amalsyz okalan Gurhandan haýyr ýokdur.

* * *

Şeýtan bäş wagt namazyny okaýan adamyň ýanyna golaýlaşmaga gorkýandyr. Ol adam namazyny taşlasa, şeýtan onuň üstüne topulyp, süňňüne ornaşýar.

* * *

Namazyňyzy okaň, ony terk etmäň, başardygyňyzdan köpeldiň. Kyýamat güni sizi dowzahyň odundan halas etjek zat namazdyr.

* * *

Zürýadyňyzyň maly-mülküne guwanman, onuň edep-ekramly, dindar bolup ýetişenligine guwanyň.

* * *

Agzyň arassalygy Allatagalanyň razylygyny gazanmagyň iň ýakyn ýoludyr.

* * *

Allanyň ýagşy bendeleriniň biri wepat bolanda, ýerde onuň bu dünýäde okan namazlary we eden haýyr işleri, asmanda bolsa onuň sogaplary ýas tutup aglar.

* * *

Oraza tutýan kişi günüň dowamynda iki gezek, ýagny agyz beklände we agyz açanda şatlanýandyr.

* * *

Adamy ýaman işden saklap, ýagşy işlere gönükdirmek, oňa öwüt-nesihat etmek haýyr işleriň biridir. Soltanyň raýatlaryna adyl höküm etmegi iň bir sogaply, haýyr işleriň biridir.

* * *

Ähli adamlar bilen agzybir boluň. Ýeke galan goýnuň möjege lukma bolşy ýaly ýeke galan adamyň ýüregini şeýtan eýelemäge çalşar. Agzybirlik bütewiligiň alamatydyr.

* * *

Kä adam Allatagaladan nämedir bir zat dilemek üçin ybadat edýär. Bu ybadat söwdagärleriň ybadatydyr. Kä adam özüniň Allatagalanyň sadyk guludygyny bildirmek üçin ybadat edýär. Bu gullaryň, hyzmatkärleriň ybadatydyr. Kä adam bolsa Allatagalanyň eden işlerine şükür edip ybadat edýär. Bu ybadat Allatagalanyň azat bendeleriniň edýän ybadatydyr.

* * *

Kimdir biri iliň aýbyny görüp, özüniň aýbyny inkär etse, onda ol baryp ýatan akmakdyr.

* * *

Kimdir biri mömin adama ýa-da mömin aýala töhmet atsa, Allatagala onuň mömine aýdan sözi teninden çykýança, ony dowzah odunyň üstünde oturdar.

* * *

Gybat güýçsüz, ejiz adamyň işidir.

* * *

Eý, Allam! Meni Özüňden başga mätäç etme. Özüňden başgadan pes etme.

* * *

Bela-beteriň möwç urýan tolkunyny doga bilen gaýtaryň.

* * *

Doga-dileg möminiň ýaragydyr, yslam dininiň sütünidir, asman-zeminiň nurudyr.

* * *

Eý, Allam! Meniň ýüzümi utanç perdesi bilen gora, namarda mätäç etme, onuň öňünde meni kemsitme. Ähli şer işlerden özüň gorap, hak ýolunda eden işimi rowaç eýlegin.

* * *

Eý, Allam! Halkyň içinde meniň aýdýan sözlerimiň gowy görlüp, ýüregimdäkiniň ýigrenilmeginden özüň gora.

* * *

Her bir ýurdy ilçisi boýunça tanaýarlar we göz öňüne getirýärler. Adamyň akyly mejlisdäki ilçisidir.

* * *

Soltan bolmak üçin wezipeli egindeşleriň bolmalydyr. Wezipeli bolmak üçin baýlyk bolmalydyr. Baýlyk gazanmak üçin işleriňi dogry dolandyrmagy başarmalydyr. Işiňi dogry dolandyrmak üçin adyl we oňat syýasatçy bolmalydyr.

* * *

Adyl ýürek adamlaryň şatlyk çeşmesidir. Adyl soltan ähli ýer ýüzüniň şatlygynyň gözbaşydyr. Zalym ýürek adamlara gaýgy-gam getirýän çeşmedir. Zalym soltan ýer ýüzüniň gaýgy-gamynyň gözbaşydyr.

* * *

Eý, Allam, saparyň kynçylygyndan, erbet öwrülişiklerden, mal-mülküme, maş-galama gyýa göz bilen seredilmeginden özüň gora. Eý, Allam, sen maňa saparda

ýoldaşsyň, ýaransyň we maşgalama gözegçisiň. Bu iki işe bir wagtda hötde gelmek diňe saňa başardýar. Sebäbi maşgala gözegçi bolan ýola ýoldaş bolup bilmez, ýoldaş bolan ýolagçy hem yzyndakylara gözegçi bolup bilmez.

* * *

Üç adama tagat etmek, ýagny ýaşuly musulmana, adyl patyşa we Gurhan göterýän adama hormat goýmak — Alla boýun bolmakdyr.

* * *

«Zyňylan daşy yzyna-da zyňyp bolýandyr, zyňman hem bolýandyr» diýýärler, ýagny ýamanlyk edene ýamanlyk edip-de bolar, etmän hem bolar, ýamanlyga derek ýagşylyk bilen hem jogap bermek mert ynsanyň işidir.

* * *

Utanç — adamyň zynaty, sahylyk — ýagşyzadalygyň alamaty, sabyr bolsa — haýyr-yhsan gämisidir.

* * *

Sabyr-takatyny ýitiren adam küpür işlere ýakyndyr

* * *

Meniň size bäş sany wesýet galdyrasym gelýär. Şolary ýerine ýetiren kişi ýag-şyzadalaryň hataryna goşulyp biler. Birinjiden hiç biriňiz Alladan başgadan dileg etmäň, tamakin hem bolmaň! Ikinjiden, Alladan çekinmän günä iş etmekden gorkuň! Üçünjiden, nämedir bir zat hakynda soralanda, bilmeseňiz, «bilemok» diýmäge utanmaň! Dördünjiden, bilmeýän zadyňyzy başga birine öwretjek bolmaň! Bäşinjiden, sabyr-takatly boluň! Başsyz göwräniň bolmaýşy ýaly, sabyrsyz-takatsyz hem iman bolmaz. Başsyz göwreden bolsa hiç hili haýyr ýokdur.

* * *

Sabyrly adam üstünlik näçe uzak wagta çekse-de, oňa garaşmagy başarar.

* * *

Özüňdäki gaýgy-gamy, umytsyzlygy sabyr-takatlylyk bilen ýeňmegi başargyn.

* * *

Sen eliňden giden zat üçin gynanma, bu dünýäde seniň eliňde bolup biljek, emma bolmadyk, amala aşmadyk zatlar üçin gynangyn.

* * *

Mömin üçin dogruçyllyk baýlykdan we mirasdan haýyrlydyr.

* * *

Hakykat ýoluny tutýan adamyň soňy, ahyreti gowudyr. Erbetlik, ýalňyşlyk ýoluny tutýan adam misli mergi keseli bilen keselän ýalydyr. Oňa şypa ýokdur.

* * *

Kim-de kim hakykaty gizlese, Hak ýolundan daş düşer.

* * *

Kimdir biri başga biriniň baýlygyna, mal-mülküne bahyllyk, içigaralyk etmeýän bolsa, onda ol adamyň bedeni sagatdyr.

* * *

Bir adam birinden ýardam islese, ol onuň gözegçiliginde bolar. Kim-de kim birinden zat talap etse, ol onuň ýesiri bolar. Kim-de kim bir adamy halas etse, ol onuň emiri bolar.

* * *

Her bir zadyň miwesi bardyr. Mätäjiň hajatyny ýerine ýetirmek jennetiň miwesidir.

* * *

Öýüňe myhman gelse, ony gapyda saklama. Ony öýüňe salyp, baryňdan hezzet-hormat et.

* * *

Kimdir biri musulman doganlaryny bir saçagyň başyna jemläp, olara nahar berse, onda ol adamyň bu eden işi guly azat edeniňden hem gowudyr.

* * *

Tamakinçiligiň uçgunlary köplenç akyl eýelerini hem uruşdyrýandyr.

* * *

Tamakinçilik adamy masgaraçylyk agajynyň kölegesine elter.

* * *

Bu dünýäde sogap iş edeniňde, Allanyň ýanyna baranyňda olaryň kabul bolmazlygyndan gork! Eger bu dünýäde günä iş etseň, onda Allanyň ýalkamagyny dile.

* * *

Kimdir biri sen hakynda ýagşy zat güman etse, onda onuň gümany hakdyr.

* * *

Her bir güman edýän zadyňy diliňe getirmek adamyň ýüzüni gyzardar.

* * *

Zalym Allanyň gazabyndan gaçyp gutulyp bilmez. Eger ol bu dünýäde zalymlygy üçin jeza çekmese, onda o dünýäde oňa dowzahyň sakar ody garaşýandyr

* * *

Eý, musulmanlar! Biri-biriňiziň malyňyza göz dikmäň. Gözüňizi, diliňizi we kalbyňyzy bahyllygyň alyna aldyrmaň. Bahyllyk etmek adamlaryň arasynda närazylyga, närazylyk bolsa duşmançylyga, duşmançylyk bolsa urşa, ölüm-ýitime elter. Allanyň ýazgydyna garşy bolmasaňyz içigaralykdan, bahyllykdan daşda duruň.

* * *

Hökümdarlara üç zat — ähli ýagdaýda Alla öwgi-sena aýtmak, raýatlara deň göz bilen seretmek we ynsabyna buýurmak wajypdyr.

* * *

Adyl ýaşan musulman adama dowzah odundan gorkmagyň geregi ýokdur.

* * *

Bikärlige endik eden durmuşda hor bolar.

* * *

Päkgöwünlilik garyp adamyň baýlygydyr.

* * *

Akylly kişi durmuş tejribesinden ders alar.

* * *

Ýumşak häsiýetlilik ynsanyň üstüni örtýän perdedir. Akyl onuň kesgir gylyjydyr. Gylyk-häsiýetleriňden erbetlerini ýumşaklyk bilen örtgün. Nebsiň isleg-arzuwlaryny bolsa akylyň bilen öldürgin.

* * *

Bahyl kişä maslahat salmagyn. Seni üstünlikden alyp galar we haýyr-yhsan etmegiňe böwet bolar. Gorkak kişä hem maslahat salmagyn. Sebäbi işleriňde gowşaklyk emele geler we ol seni etjek işleriňden alyp galar. Harsydünýä ynsan bilen hem maslahatlaşmagyn. Sebäbi ol zulum bilen mal-mülk ýygnamagy saňa ündew eder. Bahyllyk, gorkaklyk we harsydünýälik her haýsy aýry-aýry gylyklardyr, ýöne bularyň ählisi birden bir bedende jemlenende Alla garşy erbet güman getirýärler.

* * *

Maslahatlaşmazdan öz kellesine gelşine görä iş eden adam heläk bolar. Özgeleriň pikirini diňlän bolsa, olaryň akylyna şärik bolar.

* * *

Amalyň kabul bolmagy üçin amaldan artyk yhlas et.

* * *

Halka ýolbaşçy bolan, beýlekilere terbiýe bermezden öňürti özüne terbiýe bermelidir. Ol dili we gylyk-häsiýeti bilen halka görelde bolmalydyr. Nebsine haý diýip, kanagatly ýaşan ynsanyň derejesi bu dünýede-de, ahyretde-de ýokarydyr.

* * *

Her bir ynsanyň bahasy onuň eden işine görädir.

* * *

Alymyň ýalňyşyny olaryň duşmanlary, nadanlaryň ýalňyşyny bolsa olaryň özleri ile jar ederler.

* * *

Bedeniň kuwwaty iýmek-içmekdedir. Akylyň kuwwaty danalykda we ylymdadyr.

* * *

Edebiň miwesi ýiti akyldyr, ylmyň miwesi yhlasly amaldyr.

* * *

Ýokary derejeli abraý edep bilen gazanylýandyr.

* * *

Ynsanlar üç topara bölünýärler. Olaryň bir topary alymdyr, ýene bir topary ylym öwrenijidir. Galanlary bolsa siňek kimindir, olardan hiç haçan haýyr bolmaz.

* * *

Ylym iki görnüşe, ýagny tebigy zehine we eşidilip öwrenilen ylma bölünýändir. Eger adamda dogabitdi zehin ýok bolsa, onda eşidilip öwrenilen ylym, peýda bermez.

* * *

Alymlaryň mejlisine gatnaşyp, söhbetlerine goşulgyn. Eger ýaramaz häsiýetli bolsaň, seni dogry ýola salarlar, nadan bolsaň, ylym öwrederler, ýalňyşsaň düzederler. Akmaklaryň ýanynda oturmagyn, sebäbi olar bu aýdanlarymyň tersine ederler.

* * *

Ýamaly ýa-da köne eşik geýmek adamy pespäl edýändir we tekepbirlikden goraýandyr.

* * *

Eliňize hakyk daşly ýüzük dakynyň. Sebäbi beýle ýüzük dakynan adama gaýgy-gam ýat bolar.

* * *

Garrylykdan başga ähli derdiň dermany bardyr.

* * *

Zeýtun ýagyny içiň. Ol üsgülewügiň emidir, degnaňy (nerwiňi) berkleşdirmäge ýardam eder, adama görk, ruhubelentlik berer we gaýgy-gamdan saplar

* * *

Aýşy-eşrete öz üstüňizden höküm sürdürmäň.

* * *

Gözli adam — maksady bolmasa, kör adam — ýoluny ýitirse aljyrar.

* * *

Kesel bedene düşen otdur, gaýgy-gam bolsa bu ody has-da tutaşdyrýandyr.

* * *

Şeýle adamlar bardyr, aýagy gyşykdyr, emma eden işleri dogrudyr. Käbir adamlar bardyr, aýagy dogry hem bolsa, aýagyny gyşyk basýandyr. Käbir adam kerdir, emma adamlaryň nalyşyny eşidýändir. Käbir adam kördür, emma halkyň kynçylygyny görýändir. Käbiri gözli bolup, günä işlere göz ýumýandyr.

* * *

Gaýgy-gam adamyň kalbyny öldürýär, onuň ganynyň doňmagyna getirýär we ol adamy heläk edýär. Şatlyk adamyň ganynyň ýylamagyna we çalt aýlanmagyna getirýär,.

* * *

Eger nämedir bir zatda şypa bar diýseler, onda ol zatlar hajm[32] etmek we baldyr.

* * *

Adam hassa bolanda, oňa hiç hili sogap ýokdur. Emma Allatagala keseliň jebir-jepaly bolandygy üçin ol adam keselinden şypa tapýança, ony öňki eden günälerinden päkleýär.

* * *

Söwdada aldap, bir ýa-da iki dirhem gazanan wagtyň o dünýäňi, kyýamaty, dowzahy ýatla. Sen peýda gazandyňmy ýa-da söwdada utuldyňmy, ölçerip dök.

* * *

Eý, söwdagärler! Harydyň nyrhyny alyň, alyjynyň harydyny beriň. Azajyk peýda görmek üçin uly günä gazanmaň. Kişi haky siziň baýlygyňyzdan iki esse bolup çykar.

* * *

Garyplyk iň gorkunç ölüm ýalydyr.

* * *

Adam baýasa we baýlygy söýse, onuň dinininiň üçden bir bölegi gidýändir.

[32] Hajm - gan aldyrmak.

* * *

Garyplygyň ýekeje çäresi bardyr. Ol hem Allatagaladan baýlyk dilemekdir.

* * *

Baýlyk şer işlere eltýändir we adamy dininden daşlaşdyrýandyr.

* * *

Mömin adamyň ýüreginde baýlyk diýen söz hem, düşünje hem bolmaly däldir. Iman we baýlyk bir ýürekde ýerleşmez.

* * *

Eý, adam ogly! Güýjüň ýeten işini edip, gazanç et. Güýjüň ýetmejek zadyna ýapyşsaň, kişi emlägine ýapyşan ýalydyr.

* * *

Eý ynsan çagasy! Men seniň garyp düşmegiňden gorkýan we Allatagaladan seniň üçin dileg edýärin. Sebäbi garyplyk diniň üçin nasyklyk[33] we akylyň üçin nakyslykdyr.

* * *

Allatagala garyplara baýlaryň baýlygyndan rysgal berdi. Eger garyp adam ajyksa, munda baý adamyň günäsi bardyr. Bu barada baý adamdan kyýamat güni soralar.

* * *

Garyp adamyň kalbynyň zynaty kanagatlylyk bolsa, baý adamyň kalbynyň zynaty Alla şükür etmekdir.

* * *

[33] Nasyk — ikiýüzli, erbet.

Alla ýolunda baý adamyň garyp adama ýardam bermegi, gör, nähili ajaýyp we sogaply işdir.

* * *

Kimdir biri halal gazanç edip, bu dünýeden ötse, Allatagala ondan razy bolar we oňa jenneti bagyş eder.

* * *

Eý, täjirler! Musulman doganlaryňyza harydy arzan bahadan satyň. Allatagala siziň rysgalyňyzy köpelder we bereket berer.

* * *

Adamyň dili ýagşyny görende, ýagşy söz aýtmaga, ýamany görende erbet söz aýtmaga endik edendir.

* * *

Adam oýundyr degişme etdigisaýyn, onuň akyly azalýandyr.

* * *

Eger sen kimdir biriniň gürrüňini aýdyp berýän hem bolsaň, gülkünç ýerini aýtmakdan saklan.

* * *

Degişmäniň gowusy ony aýtman, içiňde saklamakdyr.

* * *

Köp adamyň gadyry diňe ol wepat bolandan soň bilinýär.

* * *

Ýagşy işler eden adam ölýän däldir. Onuň eden ýagşy işleriniň ýatlamasy müdimi galýandyr.

* * *

Eger musulman adam Allatagala ybadat etse, nebsine haý diýse, eden günä işlerine toba kylsa, aýşy-eşretden daşda dursa, şeýtanyň waswasyna gulak goýmasa, ölüm gelen pillesi gapyl galmaz.

* * *

Bu dünýäde ýaşanyňyzda maly-dünýä kowalaşmaň. Bu dünýäde ýaşanyňyzda, misli bu dünýäniň adamy däl ýaly bolup ýaşaň. Baýlyga kowalaşmaýan adam ölüminden gorkýandyr, ölüminden gorkýan kişi bolsa, günä iş etmez.

* * *

Ýakyn adamyňyz wepat bolanda, el urup aglamaň. El urup aglaýanyň sogap işleri gider.

* * *

Allatagala tagat ediň. Musulman doganlaryňyza zulum etmäň. Olara güýji ýetmejek ýük ýüklemäň. Salgyt ýygnanyňyzda Allany ýatlaň we Onuň emr eden salgydyny alyň. Ähli işleriňizde adyllygy we ynsaby ýaran tutunyň.

Şeýdip, «Möminleriň emiri Aly ibn Abu Talybyň paýhasly sözlerini öwrenýän her bir kişä zerur sözler» atly kitap Beýik Allanyň ýardamy bilen 896-njy hijri (1490-1491 milady) ýylynyň oraza aýynyň ahyrynda tamam boldy.

Her bir nesihatyň ahyry ýagşy amala ýazýandyr. Goý Allatagala bizi nesihaty kabul edýänlerden edip ýaratsyn. Goý, Beýik Alla bizi ýagşy umytlardan jyda etmän, işlerimizi rowaç etsin!

Älem-jahany ýaradan Beýik Alla öwgüler bolsun. Goý, Beýik Alla ýagşyzada ynsanlardan razy bolsun. Goý, Beýik Alla bu kitaby okanlara we dogry ýoly tutanlara rehmet etsin. Ämin.